**G. Akynyýazow, J. Annaorazow, G. Nuryýewa**

# DÜNÝÄ MEDENIÝETI

Umumy orta bilim berýän mekdepleriň
XI synpy üçin synag okuw kitaby

*Türkmenistanyň Bilim ministrligi
tarapyndan hödürlenildi*

Aşgabat
Türkmen döwlet neşirýat gullugy
2014

UOK
A

**Akynyýazow G. we başg.**
A **Dünýä medeniýeti.** Umumy orta bilim berýän mekdepleriň XI synpy üçin synag okuw kitaby. – A.: Türkmen döwlet neşirýat gullugy, 2014.

TDKP №, 2014 KBK

© G. Akynyýazow we başg., 2014.



TÜRKMENISTANYŇ PREZIDENTI
GURBANGULY BERDIMUHAMEDOW



**TÜRKMENISTANYŇ DÖWLET TUGRASY**



**TÜRKMENISTANYŇ DÖWLET BAÝDAGY**

# TÜRKMENISTANYŇ DÖWLET SENASY

Janym gurban saňa, erkana ýurdum,
Mert pederleň ruhy bardyr köňülde.
Bitarap, garaşsyz topragyň nurdur,
Baýdagyň belentdir dünýäň öňünde.

*Gaýtalama:*
Halkyň guran Baky beýik binasy,
Berkarar döwletim, jigerim janym.
Başlaryň täji sen, diller senasy,
Dünýä dursun, sen dur, Türkmenistanym!

Gardaşdyr tireler, amandyr iller,
Owal-ahyr birdir biziň ganymyz.
Harasatlar almaz, syndyrmaz siller,
Nesiller döş gerip gorar şanymyz.

*Gaýtalama:*
Halkyň guran Baky beýik binasy,
Berkarar döwletim, jigerim janym.
Başlaryň täji sen, diller senasy,
Dünýä dursun, sen dur, Türkmenistanym !

# GIRIŞ

**Dünýä medeniýeti dersi.** Häzirki zaman dünýäsinde adamzadyň müňlerçe ýyllaryň dowamynda döreden maddy hem-de ruhy mirasyny, köp öwüşginli milli medeniýetlerini, medeni gymmatlyklaryny öwrenmeklige ägirt uly ähmiýet berilýär. Çünki umumadamzat medeniýeti, dünýä siwilizasiýasynyň gazananlary halklary ýakynlaşdyrýar, birek-biregi ýakyndan tanamaga mümkinçilik berýär, şunuň esasynda bolsa, ýer ýüzünde parahatçylyk berkidilýär, özara bähbitli halkara hyzmatdaşlygy ýola goýulýar.

Orta mekdepleriň XI synp okuwçylaryna niýetlenilýän Dünýä medeniýeti dersi dünýäniň ähli ösen ýurtlarynda bolşy ýaly, Türkmenistanyň ýaş raýatlarynyň aňynda milli we umumadamzat gymmatlyklaryna söýgi hem-de hormat endiklerini terbiýelemegi maksat edinýär. Türkmenistanyň orta bilim ulgamynda bu dersiň öwrenilmegi türkmen çagalaryna dünýä medeniýetiniň möhüm merkezleri, milli hem-de umumadamzat gymmatlyklary, olaryň görnüşleri (edebiýat, binagärçilik, nakgaşçylyk, aýdym-saz, heýkeltaraşlyk, däp-dessurlar we başgalar) hakynda umumy düşünjeleri almaga, dünýä halklarynyň gymmatlyklar ulgamynda ugur kesgitlemäge ýardam edýär.

Dünýä medeniýeti dersinde jemgyýetçilik durmuşynyň möhüm pudagy bolan medeniýet hakynda, galyberse-de dünýä halklarynyň gadymy, orta asyr, täze taryh döwürleriniň we häzirki zamanyň ösen medeniýetleri baradaky düşünjeler jemlenilýär. Okuw kitabynda häzirki Türkmenistanyň çäginde kemala gelen taryhy-medeni gym-

matlyklara, şeýle-de Müsüriň, Rimiň, Gresiýanyň, Orta Gündogar ýurtlarynyň, Hindistanyň we Hytaýyň gadymy hem-de orta asyr medeniýetlerine uly ähmiýet berilýär.

**Dersiň maksady we wezipeleri.** Dünýä medeniýeti okuw dersiniň maksady mekdep okuwçylarynyň dünýä medeniýetiniň, şol sanda türkmen halkynyň müňýyllyklaryň dowamynda döreden ruhy hem-de medeni gymmatlyklaryny, umumadamzat mirasynyň gazananlaryny öwretmekden, dersiň taryhy we ylmy-nazary esaslaryny bilmeklerinden ybaratdyr. Bu dersiň öwrenilmegi ösüp gelýän ýaş nesliň kalbynda milli medeniýete we şonuň esasynda hem umumadamzat gymmatlyklaryna söýgi döretmäge mümkinçilik berýär.

Dersiň wezipeleri barada aýdylanda, gadymy döwürlerden häzirki wagta çenli adamzadyň maddy hem-de ruhy medeniýetiniň kemala gelmeginiň ösüş basgançaklaryny görkezmekden, siwilizasiýanyň gazananlaryny ýaşlarymyza öwretmekden ybaratdyr.

**Türkmenistanda kabul edilen kanunçylyk namalarynda milli hem-de umumadamzat medeniýeti hakynda.** Dünýäniň gadymy halklary ýaly, türkmenler hem gözellige sarpa goýup, tebigat bilen bir jan-bir ten bolup ýaşan halk. Türkmenler asyrlaryň jümmüşinden gelýän bu ýaşaýyş endigini häzirem dowam etdirýär. Şonuň üçin hem türkmen topragynda umumadamzat mirasynyň sanawyna hemişelik goşulan ajaýyp taryhy-medeni ýadygärlikler döredilipdir, gözel tebigatyň köp sanly täsinlikleri saklanyp galypdyr. Üstesine-de, dünýäde deňi-taýy bolmadyk ahal-teke atlary, tohum mallary, nepis halylar, täsin dokmaçylyk önümleri, aýdym-saz, zergärçilik, binagärçilik sungatynyň nepis nusgalary henize-bu güne çenli halkara derejesinde aýratyn üns berilmegini gazanyp gelýär. Çünki bularyň haýsy birini alsaň, tapawudy ýok, olaryň ählisiniň kökleri gadymy geçmişiň jümmüşine uzalyp gidýär, özi hem olaryň barysy süňňi-durky bilen millilige ýugrulyp, gaýtalanmajak sungata öwrülen gymmatlyklardyr.

Garaşsyzlyk ýyllary içinde biziň ýurdumyzda halkymyzyň müňýyllyklardan gözbaş alyp gaýdýan taryhy-medeni mirasyny öwrenmeklige giň ýol açyldy. Geçen ýyllaryň dowamynda türkmen halkynyň baý taryhy-medeni mirasy, däp-dessurlary, milli baýramlary gaýtadan dikeldildi. Türkmenistanyň Prezidenti Gurbanguly Berdimuhamedow ýurt baştutanlygyna saýlanan ilkinji günlerinden halkymyzyň baý medeni-taryhy mirasyny düýpli öwrenmäge, maddy hem-de ruhy gymmatlyklarymyzy gorap saklamaga we milli mirasymyzy dünýä derejesinde wagyz etmäge uly ähmiýet berýär. Halkymyzyň geçmiş mirasyny öwrenmek, ony gorap saklamak we milli gymmatlyklarymyzy wagyz etmek maksady bilen her ýyl döwlet býujetinden köp serişdeler sarp edilýär. Häzirki döwürde paýtagtymyz Aşgabatda we welaýat merkezlerinde onlarça muzeýler, sungatdyr sazçylyk mekdepleri, teatrlar, medeniýet öýleri gurlup ulanylmaga berildi.

Berkarar döwletiň bagtyýarlyk döwründe Türkmenistanyň Prezidenti Gurbanguly Berdimuhamedowyň taýsyz tagallalary netijesinde türkmen halkynyň taryhy-medeni mirasyny dünýä siwilizasiýasynyň gazananlarynyň esasynda öwrenmek işi uly üstünlikler bilen dowam etdirilýär. Garaşsyzlyk ýyllarynda Türkmenistanyň Gadymy Merw, Köneürgenç, Nusaý ýaly ajaýyp taryhy-medeni ýadygärlikleri ÝUNESKO-nyň Bütindünýä medeni mirasynyň sanawyna girizildi.

Bize ata-babalarymyzdan baý ruhy hazyna, ägirt uly taryhy-medeni gymmatlyklar miras galypdyr. Geçen gysga taryhy döwrüň içinde ýurdumyzda hormatly Prezidentimiziň başlangyçlary bilen türkmen taryhyny, halkymyzyň ebedi hem-de ezeli gymmatlyklaryny öwrenmek bilen baglanyşykly halkara ylmy-amaly maslahatlaryň, sergilerdir festiwallaryň ýüzlerçesi geçirildi. Amala aşyrylýan il-ýurt, dünýä ähmiýetli bu işler Türkmenistany, türkmen topragyny, türkmen milletini dünýä tanatmakda, halkara

jemgyýetçiliginiň ünsüni biziň döwletimize tarap öwürmekde möhüm hem-de ygtybarly serişdä öwürdi.

Türkmenistanyň çäginde ýerleşýän dünýä meşhur Jeýtundepe, Pessejikdepe, Gadymy Änew, Garadepe, Namazgadepe, Altyndepe, Goňurdepe, Madawdepe, Ýazdepe ýaly gadymy ýadygärlikleri öwrenip, diňe bir türkmen topragynyň däl, eýsem bütin dünýäniň gadymy döwrüniň ösüş ýoluny kesgitläp bolýar. Türkmenistanda Merw, Nusaý, Gürgenç, Abywerd, Sarahs, Amul, Maşat-Misserian ýaly orta asyrlara degişli ägirt uly şäher-galalaryň harabaçylyklary saklanyp galypdyr. Döwletimiziň ajaýyp kitaphanalarynda, golýazma mirashanalarynda dürli dillerdäki müňlerçe ylmy kitaplar, gadymy golýazmalar, ýurdumyzyň arhiwlerinde, muzeýlerinde bolsa baý maglumatlar iňňän aýawlylyk bilen saklanylýar.

Garaşsyzlyk ýyllarynda Türkmenistanda milli hem-de umumadamzat taryhy-medeni gymmatlyklaryny gorap saklamak, raýatlaryň çeper döredijilik bilen meşgullanmaga bolan hukuklaryny berkidýän möhüm kanunçylyk we hukuk namalary kabul edildi. Adamzat durmuşynyň bu möhüm ugry Türkmenistanyň Konstitusiýasynda, «Medeniýet hakynda» Türkmenistanyň kanunynda, hormatly Prezidentimiziň türkmen medeniýetini, umumadamzat gymmatlyklaryny öwrenmäge hem-de ösdürmäge gönükdirilen permanlarydyr kararlarynda özüniň mynasyp beýanyny tapdy. Kabul edilen kanunçylyk namalary Türkmenistanyň raýatlarynyň bilim almaga, ylymlary öwrenmäge, taryhy-medeni miras we umumadamzat gymmatlyklary bilen ýakyndan tanyş bolmaga, olardan peýdalanmaga, çeper döredijilik bilen meşgullanmaga bolan kanuny hukuklaryny kepillendirýär.

# 1-nji bap. MEDENIÝET

## §1. Medeniýet

**Medeniýet düşünjesi.** Adamzada mahsus bolan jemgyýetçilik durmuşy medeniýet bilen aýrylmaz baglanyşyklydyr. Adalga hökmünde «medeniýet» sözüniň köp sanly manylary bardyr. Ylymda onuň manylarynyň ýüzlerçesi belli edildi. «Medeniýet» sözi latyn diliniň «colo» (cultura) işliginden gelip çykyp, ol haýsy hem bolsa bir zady oňarmak, bejermek, seretmek, terbiýelemek, owadanlaşdyrmak we kämilleşdirmek diýen manylary aňladýar. Bu söz ilkinji gezek gadymy rim alymy Mark Porsiý Katonyň (miladydan öňki 234–149-njy ý.) ekerançylyga bagyşlanan eserinde agzalyp geçilýär.

«Medeniýet» adalgasy rim awtory Mark Tulliý Siseronyň (miladydan öňki 106–45-nji ý.) «Tuskulan söhbetleri» atly işinde hem ulanylypdyr. Şonda Siseron filosofiýa ylmyny «Ruhuň medeniýeti» diýip atlandyrypdyr. Ol bu düşünjäni ulanmak bilen, medeniýete kämillik ölçegi hökmünde baha beripdir we her bir filosofyň akyl hem-de ruhy medeniýete eýe bolmalydygyny nygtapdyr. Gadymy Gresiýada medeniýetiň asyl



Küýze önümi. Hassuna.
Miladydan öňki 5200-nji ýyl

manysyna golaý «paýdeýýa» (ruhuň medeniýeti) adalgasy ulanylypdyr.

«Medeniýet» adalgasyny ylmy dolanyşyga ilkinji bolup girizen XVII asyryň nemes alymy Samuel fon Pufendorfdyr (1632–1694). XVIII asyrda nemes alymy Iogann Kristof Adelungyň (1732–1806) «Adamzat nesliniň medeniýetiniň taryhy tejribesi» diýen işi peýda bolandan soň, bu adalgany ulanmaklyk giň gerime eýe bolýar.

Orta asyrlarda «medeniýet» adalgasy ekin ekmegiň öňdebaryjy usullaryny aňladyp, şondan hem «agromedeniýet», ýagny «ekerançylyk sungaty» diýen düşünje gelip çykýar. Emma XVIII–XIX asyrlarda bu sözi sypaýy geýnen, özüni adaty adamlardan has edepli alyp barýan we köp okan, ylymly-bilimli adamlar babatynda hem ulanyp başlaýarlar. Nemes dilinde «kültür» siwilizasiýanyň has ösen derejesini aňladypdyr.

Häzirki türkmen dilinde ulanylýan «medeniýet» sözi arap dilinden geçen düşünje bolup, bu sözüň türkmen dilindäki manysy «şäherleşmek» (ýagny, arapça «medine» – «şäher» diýmekligi aňladýar) ýa-da «şäher durmuşy» diýmekdir. Sebäbi ir döwürlerde oba we çarwa ilatyndan tapawutlylykda, ilatyň şäherleşmegi ýa-da şäherde ýaşamaklyk medeniýetliligiň has ýokary derejesi hasap edilipdir. Şäher adamlarynyň aň-düşünjeliligi, özüni alyp barşy, ýaşaýyş-durmuş endikleri we geýnişleri oba hem-de çarwa ilatdan ep-esli tapawut edipdir. Orta asyrlarda «şäher adamynyň lybasy» diýen aýratyn düşünje hem bar eken. Şäherler söwda-ykdysady we dolandyryş merkezleri bolmakdan ötri, ylmyň-bilimiň, ösen medeniýetiň merkezleri bolupdyr.

Görnüşi ýaly, ýewropa dillerindäki «kultura» sözünden tapawutlylykda, biziň ulanýan «medeniýet» sözümiz asyl manysyna has golaýdyr. Ýöne biz hem indi Ýewropa ýurtlarynda edilişi ýaly, «medeniýet» düşünjesini önümçilik bilen baglanyşdyryp, «ekerançylyk medeniýeti», «zähmetiň

medeniýeti» ýaly düşünjeleri hem ulanýarys. Sebäbi medeniýet tebigat bilen aýrylmaz baglanyşyklydyr. Şunda adam tebigat bilen gönüden-göni hyzmatdaşlyga girişýär. Bu hyzmatdaşlykda adam tebigatyň maddy gymmatlyklaryny peýdalanýar we özüniň döredijilikli zähmeti bilen tebigaty baýlaşdyrýar. Adam bilen tebigatyň arasynda gatnaşyklaryň kesilmegi medeniýetiň gazananlarynyň we ösen ýaşaýşyň pese düşmegine getirýär. Muňa köp sanly gadymy döwletleriň pese gaçmagy ýa-da ýykylmagy, şeýle hem käbir häzirki zaman döwletleriniň durmuşynda bolup geçýän medeni çökgünlik mysal bolup biler.

«Medeniýet» adalgasy türkmen topragynda indi köp asyrlar bäri ulanylyp gelýär. Ýöne Ýewropanyň jemgyýetçilik durmuşynyň möhüm ugruny aňladýan «medeniýet» düşünjesi Türkmenistanyň çäginde XIX asyryň ahyrlaryndan bäri, ýagny rus jemgyýetçiliginiň täsiri bilen Türkmenistana ýewropa medeniýetiniň ýaýrap başlan döwründen bäri ulanylyp gelýär. Türkmen dilinde «magaryf» sözi hem bolupdyr, ýöne ol medeniýetliligiň esasy alamatlarynyň biri hasap edilýän sowatlylygy aňlatmak üçin ulanylypdyr. Sowet döwründe bu düşünjäniň many-mazmuny ep-esli giňäp, ol ylym-bilimden başga-da, ýewropa medeniýetiniň öňdebaryjy gazananlarynyň kabul edilmegini hem aňladypdyr.

**Medeniýet hadysasy.** Medeniýet gürrüňsiz, jemgyýetçilik hadysasydyr. Islendik medeniýet adamyň döredijiligi, onuň gündelik durmuşy bilen baglanyşyklydyr. Şonuň üçin siwilizasiýanyň hem esasy görkezijisi medeniýet hasap edilýär. Ýöne medeniýet döwürleriň, önümçilik gatnaşyklarynyň, syýasy ulgamlaryň, pul-haryt gatnaşyklarynyň täsirine görä üýtgäp durýandyr. Ilkidurmuş, gadymy, orta asyrlar, täze taryh we iň täze taryh döwürleriniň medeniýeti muňa aýdyň mysal bolup biler, sebäbi bu taryhy döwürleriň medeniýetiniň kemala gelmegi anyk şertleriň ýüze çykmagy, ýagny täze önümçilik we haryt-pul gatnaşyklarynyň, syýasy ulgamlaryň döremegi bilen baglanyşykly boldy.

Käbir adamlaryň pikirine görä, dünýäde şu wagta çenli nähili kämil hem-de nepis zatlar (ruhy we maddy) döredilen bolsa, şol hem medeniýetdir diýlip hasap edilýär. Diýiljek bolýan esasy zat, medeniýet – jemgyýetde bolup geçýän ilerlemeler hem-de ösüşler bilen aýrylmaz baglanyşyklydyr.

Häzirki döwürde medeniýeti öz içinde «ýokary» hem-de «köpçülikleýin» medeniýet ýaly toparlara bölýärler. Köpçülikleýin medeniýetden tapawutlylykda, ýokary medeniýeti kabul edip bilmeklik adamyň aň-düşünjesine ýa-da jemgyýetçilik aň-düşünjesiniň ösüş derejesine görä bolýar. Mysal üçin, Ýewropanyň nusgawy sazlary dünýäniň dürli ýurtlarynyň ilatynyň diňe bir bölegini gyzyklandyrýar. Hatda, Ýewropanyň ilatynyň hem köpçülikleýin sazlara ýykgyn edýän toparlary nusgawy sazlara känbir meýil bildirmeýärler.

Çeper döredijiligiň netijesinde ýasalan nepis zatlar ýa-da «sungat önümleri» barada aýdylanda, olar ýaşaýyş-durmuş gymmatlyklarynyň we özüňi alyp barmagyň esasynda döredilýär. Hut sungat önümleriniň üstünde işlemek bilen, alymlar dürli taryhy döwürleriň medeniýetini öwrenýärler.

**Medeniýetiň kesgitlemesi.** Medeniýetiň birnäçe filosofiki we ylmy kesgitlemeleri bardyr. Medeniýet – munuň özi adam tarapyndan döredilýän we onuň ýaşaýyş-durmuşynyň mazmunyny emele getirýän ruhy hem-de maddy gymmatlyklaryň jemidir, gymmatlyklary döretmegiň, olary adamzat ösüşi üçin ulanmagyň hem-de indiki nesillere miras galdyrmagyň usulydyr. Medeniýet tebigatyň üstünde adam eli bilen gurlan binýatdyr. Beýleki bir tarapdan, medeniýete adamyň we jemgyýetiň ösüşiniň derejesi, şeýle hem hukuga, hukuk kadalaryna, adata we gaýry düzgünlere eýerýän jemgyýetiň ýaşaýşy hökmünde hem baha bermek bolar. Mysal üçin, Seljuklar döwrüniň medeniýeti, türki halklaryň medeniýeti, häzirki zaman türkmen medeniýeti we başgalar.

Medeniýeti döredijiler hökmünde tutuş adamzadyň özüni, dünýä milletlerini we jemgyýetiň dürli durmuş topar-

laryny görkezmek bolar. Şu ýerden hem umumadamzat medeniýeti, milli medeniýet, şäher medeniýeti, oba medeniýeti, çarwa medeniýeti ýaly düşünjeler gelip çykýar.

**Soraglar we ýumuşlar:**

1. Dünýä medeniýeti dersi nämäni öwredýär?
2. Dersiň mazmuny nämeden ybarat?
3. Medeniýeti öwrenmekligiň hukuk esaslary haýsy resminamalarda berkidilen?
4. Medeniýet barada öz pikirleriňizi beýan ediň.
5. Metbugat, habar beriş serişdeleriniň maglumatlary esasynda çykyş taýýarlaň.

## §2. Medeniýet (dowamy)

**Medeniýetiň ýaşaýyş formalary.** Medeniýet köptaraply hem-de çylşyrymly jemgyýetçilik hadysasy bolup, özüniň düzümi boýunça, ozaly bilen, iki sany esasy pudaga bölünýär. Ýagny, medeniýet umumadamzat babatynda-da, dürli ýurtlar we halklar babatynda-da iki görnüşde bolýar. Olar maddy hem-de ruhy medeniýetlerdir. Bu medeniýetler dürli pudaklara bölünse-de, olar biri-biri bilen aýrylmaz baglanyşyklydyr, sebäbi maddy medeniýete we ruhy medeniýete degişli önümleriň ählisi adamyň baý ruhy dünýäsi bilen, onuň işiň we paýhasyň bitewileşmeginiň netijesinde döredilýär.

Gelip çykyşy boýunça medeniýet halk medeniýetine (halky, ykdysady, ekologik, binagärlik, aýdym-saz, suratkeşlik, heýkeltaraşlyk, lukmançylyk, din, dil medeniýetleri) we hünär-senetkärlik medeniýetine hem bölünýär. Halk medeniýeti hünär-senetkärlik medeniýetinden has öň döreýär, sebäbi halky medeniýetiň anyk awtory bolmaýar. Mysal üçin, halyçylyk, dokmaçylyk, keçe basmak, zergärçilik we beýleki sungatlaryň, olaryň aýry-aýry nusgalyklarynyň kim tarapyndan we haçan döredilendigi mälim däldir. Şonuň



Bişirilen toýundan ýasalan aýal heýkeli. Tepe-Sarob. Miladydan öňki 6000-nji ýyl

üçin hem olar halky medeniýetiň önümleri hasap edilýär.

Hünär-senetkärlik medeniýetiniň döreden gymmatlyklary barada aýdylanda bolsa, olar sungatyň we çeper döredijiligiň dürli ugurlarynyň wekilleri tarapyndan döredilýär, özi hem olaryň anyk awtorlary bolýar. Biz muňa ýazyjylyk, şahyrlyk, suratkeşlik, heýkeltaraşlyk, aýdym-saz, kino sungatlarynyň taryhy bilen tanşanymyzda anyk göz ýetirip bilýäris.

Biz haçan-da dürli halklary, jemgyýetleri we ýurtlary deňeşdirip görenimizde, olaryň medeniýet boýunça biri-birinden tapawutlanýandyklaryny hem görýäris. Şunda olaryň ýaşaýşynda, edebinde, däp-dessurlarynda, dünýägaraýyşynda, maşgala durmuşynda, çaga terbiýesine we zähmete bolan garaýyşlarynda aýratynlyklaryň bardygy mesaňa-mälim görünýär. Munuň özi medeniýetiň umumadamzat çäklerinde ýaşap bilşi ýaly, onuň ýaşaýşynyň milli aýratynlyklar görnüşinde-de bolup bilýändigini görkezýär.

**Medeniýet we zähmet.** Medeniýet zähmet bilen hem aýrylmaz baglanyşyklydyr, sebäbi maddy hem-de ruhy gymmatlyklar adamyň döredijilikli zähmeti esasynda döredilýär. Dürli halklaryň dürli döwürlerde döreden medeniýetlerine ser salynsa, medeniýetiň adamyň zähmeti hem-de adamlaryň özgerdiji hereketi bilen aýrylmaz baglanyşyklydygyny görmek bolýar. Medeniýetiň ösüşiniň başky görnüşi we onuň başlangyç çeşmesi adam zähmetidir, ony amala aşyrmagyň usullarydyr we onuň netijesidir. Medeniýet adamzadyň ähli gol hem-de akyl zähmetiniň jemidir. Diýmek, medeniýeti emele getirýän, ony döredýän hem adam zähmetidir.

Medeni ösüş we özgeriş, şeýle hem müňýyllyklaryň dowamynda adamzadyň döreden gymmatlyklarynyň ählisiniň gözbaşy zähmetden başlanýar. Daýhan ekin meýdanynda, senetçi ussahanada, maldar öri meýdanynda, alym kitaphanada zähmet çekip, adamzadyň baý maddy hem-de ruhy medeniýetini döredipdirler. Wagtyň geçmegi bilen toplanylan taryhy tejribäniň esasynda binagärler, zergärler, heýkeltaraşlar, suratkeşler, ýazyjylar, şahyrlar, aýdym-saz ussatlary, lukmanlar, alymlar ajaýyp sungat hem-de ylmy eserleri döredipdirler. Adamzadyň döreden şol medeni mirasy asyrlaryň geçmegi bilen has-da baýlaşdyrylyp, ösdürilip durupdyr. Munuň özi medeniýetiň ösmeginiň we özgermeginiň iki ýol bilen, ýagny öten nesilleriň döredip giden medeniýetini özleşdirmek, şunuň esasynda bolsa täze medeni gymmatlyklary döretmek arkaly öňe gidýändigini tassyklaýar.

Medeniýetiň kemala gelmeginde we ösmeginde adamyň fiziki güýjüniň, tebigy zehininiň, onuň gözellik dünýäsiniň ägirt uly özgerdiji hem-de kämilleşdiriji orny bardyr. Medeniýet diňe bir geçmişi we häzirki döwri gurşap alman, eýsem onuň ümzügi geljege tarap hem uzap gidýändir. Medeniýetiň ösüş hadysasyna adam zähmetiniň netijesinde medeni gymmatlyklaryň döredilýän we olary indiki nesillere geçirip goýberilýän ýa-da bolmasa, toplanylan taryhy tejribäniň özleşdirilmegi, ele alynmagy we şunuň esasynda täze medeniýetiň döredilmegi hökmünde hem garap bolar.

Medeniýetiň özleşdirilmegi öwretmek arkaly amala aşyrylýar. Şonuň üçin hem «medeniýet döredilýär, medeniýet öwredilýär» diýlip aýdylýar. Sebäbi medeniýete biologik taýdan eýe bolnup bilinmeýär, her bir nesil ony öz zähmeti bilen döredýär we indiki nesillere geçirip goýberýär. Gymmatlyklaryň, ynançlaryň, kadalaryň we ideallaryň özleşdirilmeginiň netijesinde çaga ösüp-ulalyp, onuň şahsyýet hökmündäki häsiýeti we özüni alyp barşy kemala

2. Sargyt № 1755.

gelýär. Adam zähmeti bilen döredilen medeniýet jemgyýetiň agzalaryny kemala getirýär we köp babatda olaryň özüni alyp barşyny düzgünleşdirýär. Muňa medeniýet bilen gurşalyp alynmadyk çagalaryň özüni alyp barşyna gözegçilik edilende göz ýetirip bolýar.

**Medeniýetiň düzümi.** Medeniýet dört sany esasy başlangyçdan – elementlerden durýar. Bu başlangyçlar öz düzümine düşünjeleri, aragatnaşygy, gymmatlyklary we kadalary birleşdirýärler.

Medeniýetiň başlangyçlarynyň birinjisi düşünjeler bolup, olar esasan, dil üsti bilen beýan edilýär. Diliň kömegi bilen adamlaryň toplan tejribesini tertibe salyp bolýar. Diliň düzümindäki sözleri öwrenip, adamyň daşyny gurşap alan dünýäde ýeňillik bilen ugur alyp bolýar. Mysal üçin, biz daşymyzy gurşap alan dünýäniň zatlarynyň daşky görnüşini, reňkini, tagamyny kabul edip bilýäris, ýöne her bir halkyň medeniýetinde daşky dünýä baradaky düşünjeleriň dürli-dürli bolýandygyny ýatdan çykarmaly däl.

Papua–Täze Gwineýanyň düzümine girýän Trobriand adalarynyň ilatynyň dilinde bir söz bilen garyndaşlygyň alty görnüşini (kakasyny, kakasynyň doganyny, kakasynyň aýal doganynyň ogluny, kakasynyň ejesiniň aýal doganynyň ogluny, kakasynyň aýal doganynyň gyzynyň ogluny, kakasynyň kakasynyň doganynyň oglunyň ogluny we kakasynyň kakasynyň gyzynyň oglunyň ogluny) atlandyryp bolýandygyny alymlar belleýärler. Emma iňlis dilinde garyndaşlaryň soňky dördüsini aňladýan sözler ýokdur. Bu dilleriň arasyndaky şeýle tapawut Trobriand adalarynyň ilatynyň durmuşynda ýokarda atlandyrylan garyndaşlaryň aýratyn uly ähmiýete eýe bolandygy hem-de olarda garyndaşlygyň özbolușly dessurynyň ýöredilendigi bilen düşündirilýär. Emma iňlis we amerikan jemgyýetlerinde garyndaşlyk gatnaşyklary güýçli ösmändigi sebäpli, olarda daşky garyndaşlary atlandyrmak üçin sözler gerek bolmandyr.

Medeniýetler diňe bir düşünjeleriň kömegi arkaly dünýäniň ol ýa-da beýleki bölegini aňlatmak bilen çäklenmän, eýsem şol bölekleriň giňişlikde we wagt çäginde nähili özara baglanyşýandygyny, nähili aragatnaşykda bolýandygyny hem ýüze çykarýarlar. Islendik halkyň dilinde ýeri we güni aňladýan sözler bolup, adamlar häzir Ýeriň Günüň daşyndan aýlanýandygyna pugta ynanýarlar. Emma munuň tersine, N. Kopernige çenli Ýewropanyň ilaty «Gün Ýeriň daşyndan aýlanýar» diýip düşünipdir. Şeýlelikde, her bir medeniýet ezeli we adatdan daşary dünýä dahylly bolan belli bir düşünjeleriň arasyndaky özara baglanyşygy we aragatnaşygy kemala getirýär.

Gymmatlyklar – munuň özi durmuş maksatlary babatynda adamyň eýermäge çalyşýan umumy kabul edilen dünýägaraýyşlar ulgamydyr we onuň maddy zatlaryň hem-de ideýalaryň häsiýetine görä, olara bolan aňly-düşünjeli gatnaşygydyr. Dürli medeniýetlerde dürli gymmatlyklara (gahrymançylyga, çeper döredijilige, terkidünýälige we başgalar) bolan garaýyşlar hem-de gatnaşyklar dürli-dürlüdir we her bir jemgyýetçilik gurluşy nämäniň gymmatlykdygyny, nämäniň bolsa däldigini özbaşdak kesgitleýär.

Kadalar belli bir medeniýetiň gymmatlyklaryna laýyklykda adamlaryň durmuşyny kadalaşdyryp, ýaşaýşy belli bir gymmatlyklar ulgamyna tarap gönükdirýärler.

Medeniýet gymmatlyk hökmünde üç sany düzüm bölekden durýandyr: ýaşaýyş-durmuş gymmatlyklary, özüňi alyp barmaklyk we adamyň döredijiliginiň netijesinde ýasalan nepis zatlar (başgaça «artefakt», ýagny «sungat önümleri»). Ýaşaýyş-durmuş gymmatlyklary medeniýetiň özenidir. Oňa ýaşaýşyň iň möhüm düşünjeleri girýär.

Medeniýet özüňi alyp barmagyň hem kadalarydyr. Özüňi alyp barmaklygyň esasyny bolsa ahlaklylyk we edep-ekramlylyk düzýär. Ahlaklylyk we edep-ekramlylyk, «medeniýetli» adamyň dürli durmuş pursatlarynda özüni

nähili alyp barmalydygyny kesgitleýär. Şonuň üçin hem her bir döwletde adamyň özüni alyp barmagy bilen baglanyşykly kanunda berkidilen düzgünler bardyr.

**Sorag we ýumuşlar:**

1. Medeniýetiň ýaşaýyş formalary haýsy görnüşlerden ybarat?
2. Medeniýet we iş düşünjelerini teswirläň.
3. Medeniýetiň düzümini sanaň.
4. Medeniýetiň esasy pudaklaryna we pudakçalaryna degişli bölümleri sanap beriň.
5. Tema boýunça maglumat toplaň we ony synpdaşlaryňyz bilen paýlaşyň.

## §3. Maddy we ruhy medeniýet

Medeniýet diýip, giň manyda adamyň we jemgyýetiň maddy hem-de ruhy gymmatlyklary döretmäge gönükdirilen özgerdiji häsiýetdäki işlerine we onuň netijelerine aýdylýar. Şeýle manydaky medeniýet – munuň özi tebigat tarapyndan däl-de, hut adamyň hem-de jemgyýetiň döredýän maddy we ruhy häsiýetdäki gymmatlyklardyr.

Dar manyda medeniýet diýlip, sungata, ýagny sungat eserleriniň döredilmegine, ýaýradylmagyna we saklanylmagyna hem düşünilýär. Şunda sazandalaryň, aýdymçylaryň, ýazyjy-şahyrlaryň, artistleriň, suratkeşleriň, heýkeltaraşlaryň edýän işleri; sergileri guramak, sahna eserlerini goýmak; muzeý hem-de kitaphana işleri we başgalar göz öňünde janlanýar. Şu manyda medeniýet diýlip, zähmet medeniýetine, özüňi alyp barmagyň medeniýetine, sözleýiş medeniýetine hem düşünilýär ýa-da bolmasa, käbir döwürlere at berlende-de (mysal üçin, marguş medeniýeti, parfiýa medeniýeti, seljuklar döwrüniň medeniýeti we ş.m.) köplenç medeniýet sözi ulanylýar. Bu düşündirişleriň ählisi maddy zatlara-da (suratlar, heýkeller, binalar, kitaplar, enjamlar), ruhy önümlere-de (däp-dessurlar, dini ynançlar, ideýalar, nazaryýetler, göz öňüne getirmeler) degişlidir. Ne-

tijede, adamlar tarapyndan döredilen maddy hem-de ruhy gymmatlyklar, degişlilikde maddy we ruhy medeniýet diýlip atlandyrylýar. Maddy hem-de ruhy medeniýet biri-biri bilen aýrylmaz baglanyşykda ösýär, sebäbi olaryň ikisi-de adamyň fiziki güýjüniň, endikleriniň, başarnyklarynyň we onuň içki hyýaly dünýäsiniň bir ýere jemlenmeginiň esasynda kemala gelýär.

**Maddy medeniýet.** Maddy medeniýet diýlip, adatça emeli usulda ýasalan zatlara düşünilýär. Maddy medeniýetiň önümleri adamlara tebigatyň hem-de jemgyýetçilik durmuşynyň şertlerine uýgunlaşmaga we has oňaýly ýaşamaga mümkinçilik berýär. Şeýle görnüşdäki önümler adamyň dürli görnüşdäki isleglerini kanagatlandyrmak üçin döredilýär we şol sebäpden hem olara gymmatlyk hökmünde baha berilýär. Ol ýa-da beýleki halkyň maddy medeniýeti hakynda gürrüň edilende, adatça egin-eşik, ýaraglar, öý goşlary, azyk harytlary, şaý-sepler, binalar ýaly anyk zatlar göz öňünde tutulýar. Häzirkizaman ylmy maddy medeniýetiň döreden şeýle zatlaryny öwrenmek arkaly ýazuw ýadygärliklerinde maglumatlaryň saklanyp galmandygyna garamazdan, baryp gadym zamanlarda ýitip giden halklaryň hem durmuşynyň mysaly keşbini dikeldip bilýär.

Maddy medeniýet has giňişleýin öwrenilende, onda üç sany esasy başlangyçdan – düzüm böleklerinden durýandygyny görmek bolýar. Olaryň birinjisi zatlar dünýäsi bolup, oňa ýollar, binalar, aragatnaşyk ulgamlary, enjamlar, abzallar, sungat eserleri we ýaşaýyş-durmuşda gündelik ulanylýan zatlar degişlidir. Medeniýetiň ösüşi ulanylýan zatlaryň sanynyň artmagynda we olary ýasamagyň çylşyrymlaşmagynda has aýdyň ýüze çykýar. Häzirki zaman adamlarynyň durmuşyny çylşyrymly emeli enjamlary – kompýuterleri, telewizorlary, ykjam telefonlary we başgalary ulanmazdan, göz öňüne getirmek kyndyr. Sebäbi olar häzirkizaman maglumatlar medeniýetiniň esasyny

düzýärler. Tehnologiýalar zatlar dünýäsiniň önümlerini ýasamagyň we ulanmagyň esasy serişdesidir. Tehnologiýalar maddy medeniýete degişlidir, sebäbi olar iş ýüzünde anyk amal edilen usuldyr.

Tehniki medeniýet hem maddy medeniýetiň möhüm ugrudyr, sebäbi ol adamyň anyk endiklerini, başarnyklaryny we ukyplaryny özünde jemleýändir. Medeniýet bilim bilen bir hatarda şol endikleri we başarnyklary özünde saklap, nesilden-nesle geçirýär. Emma bilimden tapawutlylykda, endikler we başarnyklar iş tejribesiniň, adatça şahsy göreldäniň esasynda kemala gelýär. Medeniýetiň ösüşiniň her bir tapgyrynda tehnologiýanyň çylşyrymlaşmagy bilen endikler hem çylşyrymlaşýar.

**Ruhy medeniýet.** Maddy medeniýetden tapawutlylykda, ruhy medeniýet maddy zatlary aňlatmaýar. Onuň hereket edýän giňişligi aň, duýgy we joşgun, ýagny ruhy hereket bilen baglanyşyklydyr. Medeniýetiň ruhy görnüşdäki ýaşaýşy aýry-aýry adamlaryň pikirine bagly däldir. Ruhy medeniýet – munuň özi ylmy bilimlerdir, ahlagyň, hukugyň we başgalaryň durnukly kadalarydyr. Kähalatlarda medeniýetiň bu pudagyna bilim ulgamyny we köpçülikleýin habar beriş serişdelerini hem goşýarlar. Ruhy medeniýet integrirleýji, ýagny bitewileşdiriji häsiýete eýe bolmak bilen, jemgyýetçilik we şahsy aňynyň dürli görnüşlerini bir bitewi dünýägaraýşa hem öwürýär. Adamzat durmuşynyň başky basgançaklarynda jemgyýetiň ugrukdyryjy hem-de bitewileşdiriji güýjüniň ornuny gadymy rowaýatlar tutupdyr. Häzirki döwürde olaryň ornuny din, filosofiýa we belli bir derejede sungat eýeledi. Şunuň bilen baglanyşykda, aýratyn adamyň medeniýeti hakynda-da aýdyp bolar. Sebäbi her bir adam özünde bilimleriň belli bir mukdaryny, ahlak ýörelgelerini, dini ynanjy, özüňi alyp barmagyň medeniýetini we başgalary jemlemäge ukyply bolýar.

Bilimler, gymmatlyklar we taslamalar ruhy medeniýetiň görnüşleridir. Bilim adamyň akyl ýetiriş işiniň netijesidir we özüni gurşap alan dünýä barada alan maglumatlarydyr, onuň durmuş hakyndaky garaýyşlarydyr. Şonuň üçin, her bir adamyň ýa-da tutuş jemgyýetiň medeniýetiniň derejesi toplanan bilimiň mukdary hem-de çuňlugy bilen kesgitlenilýär. Diýmek, her bir adam ýa-da jemgyýet näderejede ylymly-bilimli we sowatly bolsa, onda onuň medeniýeti şonça-da ýokary derejede ösen hasap edilýär.

Gymmatlyklar – munuň özi adam isleglerini kanagatlandyrýan maddy zatlar hem-de ruhy önümler bolup, olar adamyň we jemgyýetiň ýetmäge çalyşýan arzyly maksadydyr.

Taslamalar barada aýdylanda, olar adamyň geljekki hereketleriniň meýilnamasydyr. Olaryň işlenilip düzülmegi adamyň zanny, onuň özüni gurşap alan daşarky dünýäni gözelleşdirmäge gönükdirilen akylly-başly hereketi bilen baglanyşyklydyr. Bu işi bolsa öňünden işlenilip düzülen taslama bolmazdan, amala aşyrmak mümkin däldir. Taslama ilki aň eleginden geçirilýär, ýagny taslama görnüşinde döredilýär, soňra bolsa iş ýüzünde durmuşa geçirilýär.

Bilimler, gymmatlyklar we taslamalar ruhy medeniýetiň binýady bolmak bilen, olar ruhy önümleri öndürmäge niýetlenilen ruhy işi hem özüne birleşdirýär. Ruhy önümler hem edil maddy önümler ýaly, adamlaryň kesgitli isleglerini kanagatlandyrmak üçin döredilýär. Munuň üçin adam daşky dünýä, jemgyýet we özi hakyndaky bilimleri ele alýar, şunuň esasynda bolsa jemgyýet tarapyndan oňlanylýan ruhy gymmatlyklar döredilýär. Ruhy medeniýetiň häzirki zamanda ýaşaýan görnüşleri bolan ahlak, syýasat, hukuk, sungat, din, ylym, filosofiýa şeýdip kemala gelipdir. Netijede, ruhy medeniýet köp gatlakly gymmatlyk bolup galýar.

**Soraglar we ýumuşlar:**

1. Maddy we ruhy medeniýet adalgalaryny düşündiriň.
2. Maddy we ruhy medeniýetiň tapawudyny we aýratynlyklaryny aýdyp beriň.
3. Maddy we ruhy medeniýete degişli gymmatlyklara haýsylar degişli?
4. Siziň pikiriňizçe, ruhy we maddy medeniýet nähili emele gelýär?

## §4. Medeni gymmatlyklar we kadalar

**Gymmatlyklar düşünjesi.** Adam özüniň hereketinde belli ugra eýerýär. Ony ylymda «Gymmatlyklar ulgamy» diýip atlandyrýarlar. Gymmatlyk ruhy medeniýetiň çylşyrymly hem-de ösen görnüşidir. Ol öz düzümine gyzyklanma we isleg, borç we ýörelge, niýet we esas ýaly düşünjeleri birleşdirýär. Gymmatlyklaryň birnäçe nusgasy bardyr. Olaryň hatarynda ahlak, dini, çeper-estetiki, syýasy, durmuş gymmatlyklaryny görkezmek bolar. Başga-da, maşgala-garyndaşlyk, zähmet we aňyýet gymmatlyklary barada-da aýtsa bolar. Käbir medeniýetlerde keramatly şahslar, taryhy gahrymanlar, serdarlar, nusgawy şahyrlar hem gymmatlyga öwrülip bilýärler. Mysal üçin, nesilbaşymyz Oguz han, türkmen danasy Gorkut ata, akyldarymyz Magtymguly milli gymmatlyga öwrülen şahslardyr. Ol ýa-da beýleki milletiň gymmatlyklary näçe köp boldugyça, onuň ruhy medeniýetiniň derejesi şonça hem ýokary bolýar. Adatça, gymmatlyklara baý medeniýetlere beýleki medeniýetler bilen düşünişmek şonça-da ýeňil düşýär.

Gymmatlyk – munuň özi, adam üçin ähmiýetli bolan, onuň eziz hasap edýän we öz gündelik durmuşynda eýerýän ugrudyr. Gymmatlyga başgaça adamlary, durmuş toparlaryny we bütin jemgyýeti belli bir durmuş ýörelgelerine çagyrýan ugur diýip hem aýdyp bolar. Şonuň üçin jemgyýet öz agzalarynyň maksatlaryna we isleglerine laýyk gelýän medeni gymmatlyklaryň belli bir ulgamyny döredýär. Bu ulgamyň düzümine şeýle gymmatlyklar girýär:

– durmuşyň baş gymmatlyklary (durmuşyň maksady we mazmuny hakyndaky düşünjeler, bagt);

– şahsyýetara gatnaşyklar gymmatlygy (dogruçyllyk, hoşniýetlilik we başgalar);

– demokratik gymmatlyklar (adam hukuklary, söz azatlygy, wyždan azatlygy);

– peýda (pragmatik) gymmatlyklary (şahsy üstünlikler, işewürlik, maddy taýdan baýamaga höwes);

– dünýägaraýyşlar, ahlak, estetiki we beýleki gymmatlyklar.

Adam üçin esasy gymmatlyk onuň durmuşynyň maksady hem-de manysydyr. Şonuň üçin hem adamlaryň aglabasy ömrüň maksadyna we manysyna aýratyn uly ähmiýet berýärler. Çünki bu gymmatlyk adamyň nähili ömür sürjekdigini, onuň bu dünýäde nähili yz galdyrjakdygyny kesgitleýär. Gymmatlyklardan ugur alýan her bir adamyň durmuşyň maksady we mazmuny bilen baglanyşykly öz öňünde goýýan asylly maksatlary ahyrynda ony hakyky bagta ýetirýär.

Gymmatlyklar hakyndaky garaýyşlar dünýäniň meşhur danalarynyň, alymlarynyň we döredijilik işgärleriniň eserlerinde öz beýanyny tapypdyr. Bu meselä XVIII–XIX asyrlaryň türkmen filosofiýa ylmynda we nusgawy edebiýatynda hem uly orun berlipdir. Türkmeniň meşhur danalary Andalybyň, Azadynyň, Magtymgulynyň, Keminäniň, Zeliliniň, Mollanepesiň we başgalaryň döredijiligi, olarda gymmatlyk hakynda öňe sürülýän çuňňur pikirler muňa aýdyň mysal bolup biler. Nusgawy şahyrlarymyz il-ýurt bähbidini, Watan mertebesini, agzybirligi, ýer üstüniň eşretlerini, şunuň bilen bir hatarda ahyret dünýäsini hakyky gymmatlyklar hökmünde halk arasynda giňden wagyz edipdirler.

Gymmatlyklaryň taryhylyk häsiýeti hem bardyr. Golaý geçmişde halkymyzyň köp medeni hem-de ruhy gymmatlyklary hasaba alnyp, Türkmenistan milli Garaşsyzlygyny

gazanandan soň, baýramçylyklarymyz (Nowruz baýramy, Gurban baýramy we başgalar) milli baýramlar diýlip yglan edildi. Häzirki Garaşsyz Türkmenistanyň gymmatlyklar ulgamy ilaty – ýurduň progressiw ýol bilen özgerdilmegine, demokratik, hukuk, dünýewi döwletiň kemala getirilmegine we ösmegine ugrukdyrýar.

Häzirkizaman medeniýetinde iň belent gymmatlyk adamdyr. Bu barada hormatly Prezidentimiziň «Döwlet adam üçindir» diýen ynsanperwerlik ýörelgesi aýratyn bellenmäge mynasyp pikirdir.

Adamlar maddy önümleri we ideýalary döredýärler. Döredilen bu gymmatlyklar adamlar tarapyndan tertipleşdirilýär, ýagny, dürli-dürli zatlar we ideýalar toplumlary aýry-aýry toparlara jemlenilýär. Meselem, dürli dünýägaraýyşlardan, düşünjelerden, edep kadalaryndan bitewi bir filosofik ulgam, ahlak kanunlary düzülýär. Düzgünleşdirilip tertibe salnan şeýle gymmatlyklardan adamlaryň durmuşy üçin has peýdalysy saýlanyp alynýar. Gymmatlyklaryň saýlanylyp alnyşy, olaryň gymmatyny kesgitlemek gerekli zatlaryň ähmiýetine baglydyr. Bir adam üçin oňyn hasaplanylýan gymmatlyk beýleki bir adam tarapyndan kabul edilmän bilner.

Maddy we ruhy durmuşyň köptaraplylygy sebäpli medeni gymmatlyklar hem köptüýslüdir. Medeniýeti öwreniji alymlar tarapyndan gymmatlyklar aşakdaky görnüşlere bölünýär:

1. *Şahsy gymmatlyklar*. Olara her bir aýratyn adamyň şahsy bähbidine, islegine, höwesdir niýetine, göwnüne bap gelýän zatlar we ideýalar girýärler. Şahsy gymmatlyklar ulgamynda nämäniň alynmalydygy ýa-da goýulmalydygy şahsyýetiň ruhy ösüş derejesine baglydyr.

2. *Sosial toparlaryň gymmatlyklary*. Muňa jemgyýetiň sosial toparlarynyň esasy bähbitlerini hem-de isleglerini kanagatlandyryp bilýän ýokary bahaly zatlar degişlidir. Sosial

toparlaryň gymmatlyklary birleşip, halkyň ýa-da milletiň gymmatlyklaryny emele getirýärler.

3. *Umumadamzat gymmatlyklary.* Bular tutuş adamzat üçin mahsus gymmatlyklardyr. Olar ynsan durmuşy, adamyň raýatlyk we ahlak mertebesi, zähmet, erkinlik, söýgi, enelik, nesil öndürmek, adalat, adamkärçilik, ýagşylyk we ş.m. ýaly külli adamzadyň ruhy tejribesini şöhlelendirýän uniwersal dünýägaraýyşlardyr, ideýalardyr, ahlak gymmatlyklarydyr we kadalarydyr. Emma umumadamzat gymmatlyklary şahsylaýyn we sosial toparlaýyn gymmatlyklardan üzňe ýaşamaýar. Gymmatlyklaryň bu görnüşi toparlaýyn, milli gymmatlyklaryň gazananlarynyň esasynda kemala gelip, olaryň iň gowy progressiw taraplaryny özünde jemleýär. Umumadamzat gymmatlyklary medeniýeti, siwilizasiýany gaýtgynlyklardan halas etmegi, ýaşaýyş giňişligini ekologik howplardan, ynsanyýeti kesellerden gorap saklamagy öz esasy wezipesi saýýar.

Medeniýetde we medeni durmuşda «adamyň mazmunlaýyn güýji» diýen düşünje uly ähmiýete eýedir. Adamlaryň döredijilikli işi üçin zerur bolan bilimlere, endiklere, ukyp-başarnyklara, garaýyşlara, ideýalara we sosial tejribeler toplumyna «mazmunlaýyn güýç» diýilýär. Bu güýç, ozaly bilen, adamlaryň alyp barýan işlerinde öz beýanyny tapýar. Adam amal edýän işleriniň we zähmetiniň netijesinde özüni gurşap alýan dünýäni özgerdip, öz öndüren önümlerinde özüni, öz mazmunlaýyn güýjüni şöhlelendirýär, işläp taýýarlan gymmatlyklarynda şahsylaýyn güýjüni zatlaşdyrýar. Medeni gymmatlyklaryň ugrukdyryjy orny eýeländikleri sebäpli, medeni kadalar hökmünde hem çykyş edýärler.

Adamlar jemgyýetde özlerini alyp baryş ýagdaýlarynda belli bir maksady göz öňüne tutup, belli bir ugur boýunça hereket edýärler. Adamlaryň arasynda düzgün-tertibi birkemsiz berjaý edýänlerem, jemgyýet tarapyndan kabul edilen kadalary bozýanlaram bolýar. Kabul edilen kadalar

adamlaryň şunuň ýaly hereketlerine gözegçilik edýärler we şol hereketleri jemgyýetiň bähbitlerine we gymmatlyklar toplumyna laýyk gelýän ugra tarap gönükdirýärler. Aýdylanlardan netije çykarsak, «kada» diýen düşünje tertip-düzgün, ugrukdyryjy ýaly manylara eýedir.

Kada giň manyda şeýle kesgitleme berilýär: Kada – bu adamlaryň jemgyýetde özlerini alyp barşyny, bolşuny belli bir ýola salýan, hereketlerini ugrukdyrýan, hemmelerden talap edilýän düzgünnamadyr.

Kada ençeme görnüşlerden ybarat bolup, olara, esasan, hukuk, ahlak, estetik, syýasy we dini kadalar degişlidir. Bulardan başga-da, adamlaryň özüni alyp baryş medeniýetine we kadalaryna degişli ugrukdyryjy ýa-da ýola salyjy düzgünler hem bardyr. Olara, ozaly bilen, nusga, adat we däp-dessurlar degişlidir.

Kadadan tapawutlylykda, nusga özüňi alyp barmakda hemmelerden edilýän umumy talap bolman, eýsem ol özboluşlylygyň iň ýokary görnüşi bolan nusgawy şahslaryň bolşudyr we olaryň nusga alarlyk derejedäki häsiýetine öýkünmekdir. Başgaça aýdylanda, nusga özüňden başgalaryň özlerini alyp barşyna meňzejek bolmaklykdyr.

### Soraglar we ýumuş:

1. Gymmatlyk näme?
2. Siziň pikiriňizçe, medeniýetleşdirmek näme?
3. Kada näme?
4. Nusga diýip nämä düşünýärsiňiz?
5. Maddy gymmatlyklara degişli maglumatlar esasynda çykyş taýýarlaň.

## §5. Medeni gymmatlyklar we kadalar (dowamy)

**Medeni däp-dessurlar.** Adamlaryň jemgyýetde özlerini alyp barşyny ýola salýan, ugrukdyrýan kadalar – bular adat hem-de däp-dessurlardyr. Ozaly bilen, «adat» we «däp-dessur» düşünjelerini teswirlemek, olaryň umumy hem-de aýratyn taraplaryny ýüze çykarmak möhümdir. Adamlaryň arasynda «adat», «dap-dessur» düşünjeleri manydaş hasaplanylýar. Emma adat bilen däp-dessurlaryň arasynda meňzeşligiň bolşy ýaly, olaryň tapawutly aýratynlyklary hem bardyr.

Bu düşünjeleriň meňzeşligi olaryň ikisiniň hem ýerine ýetirýän esasy sosial wezipeleriniň birligindedir, ozalky nesilleriň toplan sosial, zähmet, önümçilik tejribelerini häzirki nesillere geçirmek olaryň baş wezipesi bolup durýar.

Dürli taryhy şertlerde medeniýeti özleşdirmegiň dürli usullary ulanylypdyr. Öten nesilleriň käbirisi ata-babalaryň goýup giden mirasyny şol bir bolşunda, ýönekeý öýkünmeklik ýoly bilen kabul edipdirler. Şunça asyrlar geçse-de, miras alynýan gymmatlyk üýtgewsizligine diýen ýaly saklanyp galýar.

Medeniýeti özleşdirmegiň ýene bir usuly medeni mirasa eýe bolmaklyk, döredijilikli çemeleşmäniň we ösdürmegiň esasynda amala aşyrylýar.

Adat diýlip, häzirki nesilleriň ata-babalary tarapyndan goýlup gidilen maddy hem-de ruhy medeniýetiň, jemgyýetçilik tertip-düzgünleriniň, özüňi alyp baryş kadalarynyň, ideýalaryň şol bir üýtgewsizligine, birsyhly gaýtalanyp durmagyna aýdylýar. Her bir halkyň däp-dessurlary millete mahsus bolan ozboluşlylygyny, aýratynlygyny, gaýtalanmazlygyny, milli psihologiýasyny özünde jemleýär.

Gol zähmeti bilen meşgullanylýan eýýamda ata-baba däp-dessurlaryna eýeren daýhan ýa-da senetçi ogul-gyzlaryna zähmet endiklerini öwredenlerinde: «Seret, men

nähili edýärin, meniň yzymdan gaýtala» diýip, pugta tabşyrypdyrlar. Şoňa görä, oglanlar kakasynyň, gyzlar ejesiniň eden işlerini nusgalaşdyrylan görnüşde kabul edip alypdyrlar.

Häzirki zamanda ylmy-tehniki progresiň çalt depginler bilen ösýän, adatyň we däp-dessurlaryň hereket meýdanynyň daralyp barýan şertlerinde durnuklylyga däl-de, üýtgeýjilik, özgerijilik usulyna bil baglanylýar. Şu günlerki nesil atalaryň tejribesinden, empiriki endiklerinden başga-da, ylmyň we tehnikanyň gazananlaryna hem daýanýar.

Däp-dessur, adat – adamlaryň şol bir gaýtalanyp duran (stereotip) hereketlerini aňladýan, jemgyýetçilik durmuşynyň ähli çäklerinde özüni alyp baryş medeniýetiniň endige öwrülen durnukly kadalar ulgamydyr.

Adam – özüňi alyp baryş düzgünleriniň ýönekeý nusgasy bolsa, onda däp-dessur simwoliki häsiýetlidir. Adat öten nesillerden alnanlary gyşarnyksyz berjaý etmegi talap edýär. Emma ol jemgyýetçilik durmuşynyň ähli ýerine aralaşyp bilmeýär. Adatdan tapawutlylykda, däp-dessurlar öz ýaşaýyş çägi boýunça has giňdir. Däp-dessurlaryň esasy aýratynlyklary olaryň simwoliki häsiýetliligidir. Meselem, ýolbars ýeňilmez güýjüň, tilki hilegärligiň, üçburçluk üçbirligiň simwolydyr. Emma simwol alamatlandyrýan zadynyň takyk nusgasy däldir. Simwollar zatlaryň has ähmiýetli taraplaryny suratlandyrýarlar. Adamyň geýimi simwol bolup biler. Mysal üçin, selle bilen mesi mollany, birkysmy, nyzamly lybaslar harbylary alamatlandyryp biler.

Adat we däp-dessurlar adamlaryň durmuşynda bolşy ýaly, jemgyýetçilik durmuşynda-da ähmiýetli orna eýedirler. Şonuň üçin adamlaryň bir topary olary berjaý etse, beýlekileri peýdasyz, häzirki zamanda güýjüni ýitiren, olara eýermegiň asla geregi-de ýok diýip hasaplaýarlar. Adamlaryň üçünji bir topary adaty we däp-dessurlary ata-babalaryň bize goýup giden medeni mirasy hem-de ahlak ýörelgesi saýyp, olary eldegrilmesiz, üýtgedilmesiz, şol

başky durkunda, mukaddesliginde saklap, häzirkizaman nesilleri şolaryň esasynda medeniýetleşdirmegiň, ruhy jähtden kämilleşdirmegiň zerurdygyny nygtaýar. Mysal üçin, geçen ýüzýyllyklarda türkmen durmuşynda adatyň orny we güýji örän uly bolupdyr. Ol türkmen jemgyýetinde sosial gözegçiligi amala aşyrypdyr, tire-taýpalaryň jebislenmegini, halkyň agzybirligini we içki syýasy-medeni meseleleri oňyn çözmäge ýardam edipdir.

Däp-dessurlary bilmegiň uly medeniýetleşdiriji ähmiýeti bardyr. Däp-dessurlary bilmeseň, ol seniň üstüňden güldürip-de, seni il arasynda biabraý edip hem biler. Şonuň üçin geçmişde däp-dessurlar inçelik bilen öwrenilipdir we durmuş ýörelgesi hökmünde birkemsiz berjaý edilipdir. Mysal: Kowguçylardan gaçyp gelýän gaçgak bir öýe özüni atýar. Myhmanýeri kowup gelýänlere: «Ony men myhman aldym. Men ony size berip biljek däl! Meniň öýümden çykyp gidenden soň, galany siz bilen» diýýär. Ýene-de bir mysal: türkmende hödür däbi bar. Tamdyryň başynda nan bişirip oturan, däp boýunça, nätanyş ötegçä-de nan uzadyp hödür edýär. Däbi bilýän-ä iki döwüm alyp, çöregiň galanyny yzyna gaýtaryp berýär, bilmeýän bolsa baryny alyp, goltugyna gysdyryp gidiberýär.

Däp-dessurlaryň möwritini ötürip, durmuşdan galýanlary hem bolýar. Ýöne häzirlerem öz ähmiýetini ýitirmän gelýän milli däpler kän. Olara medeni däpler diýilýär.

Garaşsyzlyk döwrüniň medeniýeti özüniň ilkinji günlerinden adamlaryň aň-düşünjelerine galkynyşlar we özgertmeler ideýalaryny, gymmatlyklary, kadalary, adamlary şöhratlandyrýan, olaryň mertebesini beýgeldýän, ruhubelent ideýalary özünde jemleýän täze däp-dessurlaryň giden bir toplumyny kemala getirdi. Olara jemgyýetçilik-syýasy dabaralar, milli goşunyň dabaraly ýörişi, zähmetkeşleriň demonstrasiýalary, şanly senelerdir belli wakalara bagyşlanyp geçirilýän ýygnaklar, maşgala durmuşyna degişli däp-dessurlar girýär. Täze dörän baýramlara hünär baýramçylyk-

lary (nebit-gaz, energetika toplumlarynyň, dokma senagaty, işgärleriniň günleri, Bilimler we talyp ýaşlar güni, Hasyl toýy we ş.m.) degişlidir. Garaşsyzlygy, watançylygy, eziz Watana bolan söýgini, Watan gahrymanlaryny alamatlandyrýan «Gahrymanlar alleýasy» ýaly we ş.m. mukaddes ýerler bar, «Hatyra güni» ýaly ýatlama günleri bellenilýär.

Garaşsyzlyk jemgyýetinde milli adatyň, däp-dessurlaryň we kadalaryň iň gowulary ýaşaýşyny dowam edýär. Çünki ata-babalarymyzyň toplan taryhy-medeni tejribelerini, progressiw edim-gylymlaryny kabul etmezden we peýdalanmazdan, täze medeniýeti ösdürip bolmaz. Olara watanperwerlik, ynsanperwerlik, zähmeti söýmek, agzybirlik, jebislik ýaly gymmatlyklar degişlidir. Garaşsyzlyk medeniýeti gadymdan gelýän däp-dessurlaryň many-mazmunyny özgerdip hem-de ösdürip, olary täze ugra gönükdirýär.

**Soraglar we ýumuşlar:**

**1.** Adat, däp-dessur düşünjelerine düşündiriş beriň.
**2.** Adat, däp-dessur barada mysallary getiriň.
**3.** Garaşsyzlyk medeniýeti diýip nämä düşünýärsiňiz?
**4.** Täze medeniýet nähili döreýär?

## §6. Medeniýetiň sosial wezipeleri

**Medeniýetiň sosial wezipeleri.** Her bir jemgyýetiň kada öwrülen medeniýeti adamlaryň ruhy dünýäsini baýlaşdyrmak üçin ençeme sosial wezipeleri amala aşyrýar.

1. *Kommunikatiw wezipesi*. Bu wezipe adamlaryň özara gatnaşyklary bilen baglanyşyklydyr. Jemgyýetiň agzasy bolan adam her günde töweregini gurşap alýan dürli derejedäki adamlar bilen gatnaşyklara girişýär. Olaryň arasynda işçi, daýhan, inžener, intelligensiýa wekilleri, döredijilik işgärleri, döwlet adamlary bolup bilýär. Şeýle adamlar bilen özara gatnaşyklarda, iň bolmanda, gysga wagtlyk gürrüňdeşlikde ýa-da bolmasa, sorag-jogap

alyşmasynyň netijesinde adam öz medeniýetini ösdürip bilýär. Elbetde, adamlaryň arasyndaky gatnaşyklar ol ýa-da beýleki bir adamyň medeni taýdan ösüşine täsir edip bilşi ýaly, gatnaşyklaryň ýaramaz netijelere getirip bilmegi-de mümkindir. Netijede, adamlaryň arasynda ýola goýulýan şeýle gatnaşyklar oňatlyga-da (mysal üçin, adamyň medeni hem-de ruhy taýdan ösmegine), şol bir wagtyň özünde ýaramaz netijelere-de (ruhupesligiň esasy alamatlary bolan ahlaksyzlyga, gybatkeşlige, ýaranjaňlyga, gorkaklyga, neşekeşlige, ogurlyga, arakhorluga we başgalara) getirip biler.

2. *Taryhy mirasgeçirijilik ýa-da maglumat berijilik wezipesi.* Bu wezipe adamzadyň toplan taryhy-medeni tejribelerini öňki nesillerden häzirki nesillere, bir halkdan beýleki bir halka geçirmek işini amala aşyrýar. Bu wezipe adamzadyň ýaşaýşynyň bütin dowamynda üznüksiz ýagdaýda ýa-da arakesmeler bilen amala aşyrylyp bilner. Mysal üçin, Gadymy Rimiň we Gadymy Gresiýanyň medeniýetiniň gazananlary bu medeniýetler ýitip gidenden ençeme asyrlardan soň, Gaýtadan döreýiş eýýamynda dikeldilip başlandy. Edil şeýle ýagdaý Wizantiýa medeniýetinde-de boldy. XV asyryň ortalarynda Wizantiýa döwlet hökmünde-de, medeniýet hökmünde-de synandan bir asyr geçensoň, Günbatar Ýewropa ýurtlarynda Wizantiýa medeniýetini öwrenmäge, onuň gazananlaryny durmuşa ornaşdyrmaga bolan islegler artdy.

Taryhy mirasgeçirijilik ýa-da maglumat berijilik wezipesi akylýetirijilik wezipesi bilen hem aýrylmaz baglanyşyklydyr. Çünki bu wezipe şahsyýete özüni gurşap alan tebigatyň we jemgyýetiň kanunlaryna düşünmegi, olara akyl ýetirmegi, şularyň esasynda bolsa medeni gymmatlyklar ulgamynda ugur saýlap almagy öwredýär.

3. *Kadalaşdyryjy wezipe.* Bu wezipe adamlaryň we jemgyýetiň dürli işlerini ahlak we hukuk arkaly düzgünleşdirmek işlerini alyp barýar. Şunda adam ahlagyň we

3. Sargyt № 1755.

hukuk kadalarynyň nämedigine, olaryň jemgyýetçilik durmuşyndaky ornuna hem-de ähmiýetine göz ýetirýär we şolaryň esasynda-da öz durmuşyny gurmaga ýykgyn edýär.

4. *Ynsanperwerlik ýa-da adamdöredijilik wezipesi.* Bu wezipe – adamyň özüniň «oňarylyp bejerilmegi», «sünnälenilmegi», «kämilleşdirilmegi» ýa-da, has düşündirilip aýdylanda, «medeniýetleşdirilmegi» bilen meşgullanýar. Adam çagalykdan anyk medeni gymmatlyklar esasynda ýaşaýan jemgyýetde kemala gelýär. Şonuň üçin hem ol ömrüniň dowamynda köneden gelýän, şonuň bilen bir hatarda täze kemala gelýän gymmatlyklary özleşdirip, jemgyýetiň ösen aň-düşünjeli şahsyýeti bolup ýetişýär.

Ruhy medeniýetiň düzüm bölekleri bolan syýasy, ahlak, gözellik, hukuk ýaly gymmatlyklar kadalaşdyryjy, ýola salyjylyk wezipeleri bilen hem meşgullanýarlar. Bu işleriň amala aşmagyna nusga bolup, kada, görelde hyzmat edýär.

Medeniýetiň wezipelerden başga-da, alyp barýan işleri, öz üstüne alýan borçlary-da bardyr. Adamlaryň işi, zähmeti netijesinde maddy we ruhy gymmatlyklar döredilýär.

Medeniýet boýunça işleri alyp barmak bütin bir ulgamdan ybarat bolup, onuň düzümine medeniýeti döretmek, gorap saklamak, ýaýratmak, alyş-çalyş etmek we sarp etmek işleri hem girýär.

Şu düzümde esasy orun medeniýeti, ýagny maddy we ruhy gymmatlyklary döretmek üçin alnyp barylýan işler degişlidir. Medeniýetiň ýok ýerinde ony saklabam, ýaýradybam, alyş-çalyş, sarp edibem bolmaýar. Adamyň maddy hem-de ruhy gymmatlyklary döredip bilmeginiň esasynda döredijilikli zähmet durýandyr. Mysal üçin, ruhy gymmatlyklar döredilende syýasy, hukuk, ahlak, gözellik kadalary we nazaryýetleri peýda bolýar; ruhy medeniýetiň gymmatlyklaryny döretmekde köp sanly edaralar we guramalar işleýärler; ruhy döredijilik bilen ýörite meşgullanýan adamlar topary – intelligensiýa işleýär.

Medeni gymmatlyklaryň döredilmegi bilen ruhy önümçilik işi tamamlanmaýar. Döredilen medeni gymmatlyklar aýawly saklanylmalydyr we goralmalydyr. Medeni mirasdan üzňelikde medeniýeti ösdürip bolmaýar, çünki ata-ba-



balarymyzdan galan miras ýüze çykýan her bir täzäniň ösüş binýady bolup hyzmat edýär.

Medeni gymmatlyklar hemmeler üçin elýeterli bolar ýaly, olar köpçülikleýin ýaýradylmalydyr.

Adamlary medeniýetleşdirmekde, olary ruhy taýdan kämilleşdirmekde adamzat tarapyndan döredilen gymmatlyklaryň alşylyp-çalşylmagynyň, galyberse-de, adamlaryň, halklaryň we ýurtlaryň ylymda, bilimde, sungatda hem-de sportda gazananlarynyň özleşdirilmegi zerurdyr.

Medeniýetiň bu borçlaryny durmuşa ornaşdyrmak bilen ençeme edaralar we guramalar meşgullanýar. Mysal üçin, medeniýeti ýaýratmak wezipesi metbugat, bilim ulgamlaryna, medeni aň-bilim edaralaryna, köpçülikleýin habar beriş serişdelerine degişli bolup durýar.

**Soraglar we ýumuşlar:**

1. Medeniýetiň kommunikatiw wezipesi näme?
2. Taryhy mirasgeçerlik ýa-da maglumat berijilik wezipesiniň manysyny düşündiriň.
3. Kadalaşdyryş ýa-da ýola salyş wezipesi nämeden ybarat?
4. Ynsanperwerlik ýa-da adamdöredijilik wezipesiniň manysyny düşündiriň.
5. Medeniýetiň sosial wezipelerini düşündiriň.
6. Medeniýetiň sosial wezipeleriniň borçlaryna nämeler girýär?
7. Tablisada görkezilen düşünjeler esasynda, toparlara bölünmek boýunça çykyş taýýarlaň we pikirleriňizi synpdaşlaryňyz bilen bölüşiň.
8. Tema boýunça maglumat ýygnaň we synpdaşlaryňyz bilen özara pikir alşyň.

2-nji bap.

# DÜNÝÄ HALKLARYNYŇ GADYMY MEDENIÝETI

## §7. Medeniýetiň çeşmeleri

**Medeniýetiň döremegi. Adamyň we medeniýetiň gelip çykyşy hakyndaky nazaryýetler.** Adamyň, jemgyýetiň, medeniýetiň gelip çykyşy we ewolýusiýasy häzirki zaman ylmynyň öňünde duran esasy meseleleriň biridir. Bu mesele adamyň we medeniýetiň haçan, nirede kemala gelendigini we ösüp başlandygyny takyklamaga hem-de çözmäge synanyşmak meselesi bilen baglanyşyklydyr.

Häzirkizaman ylmynyň tassyklamagyna görä, ilkidurmuş jemgyýeti – adamyň, adamzadyň, medeniýetiň hem-de tutuş siwilizasiýanyň ýüze çykan we ösüp başlan döwrüdir. Şonuň üçin alymlar medeniýetiň başlangyjy hökmünde ilkidurmuş jemgyýetini öwrenmäge uly ähmiýet berýärler. Ilkidurmuş medeniýeti şol medeniýeti ilkinji göterijiler bolan adamlaryň peýda bolmagy bilen baglanyşykly meseleleri çözmek boýunça birnäçe garaýyşlary öňe sürüpdir. Şol garaýyşlaryň esasynda bolsa birnäçe nazaryýetler ýüze çykypdyr. Olara dini, kosmologiki, kosmogoniki we ewolýusion nazaryýetler degişlidir.

Dini nazaryýetiň tassyklamagyna görä, adamyň özi hem, medeniýeti hem ähli barlyklary ýaradan Hudaý tarapyndan döredilipdir.

Kosmologiki nazaryýetiň tassyklamagyna görä, adamyň emele gelmegi medeniýetiň döremegi we kämilleşmegi esasynda ýüze çykýar.

Kosmogoniki nazaryýet medeniýetiň emele gelmegini gadym zamanlarda adamlaryň başga bir planetadan Zemine göçüp gelmegi bilen baglanyşdyrýar. Şol adamlar Ýer ýüzünde häzirki döwürde ýaşaýan adamlaryň nesilbaşysy, adamzat medeniýetini döredijiler hasaplanýar.

Ewolýusion nazaryýet adamyň hem-de adamzat jemgyýetiniň kemala gelmegini, jemgyýetiň ewolýusion ýol bilen kem-kemden ösmegi, dünýäni özgerdýän we medeni giňişligi kämilleşdirýän zähmet bilen baglanyşdyrýar.

Eýsem, adamyň we medeniýetiň emele gelmeginiň deslapky çeşmeleri näme bolupdyr? Alymlaryň tassyklamagyna görä, ilkinji adam maýmyndan döremändir. Sebäbi adamyň biologiki ýagdaýdan sosial-medeni ýagdaýa geçmäge bolan ukyby has güýçli bolupdyr. Başda tebigatyň döreden adamy biologiki jandar bolup, ol entek akyl-paýhassyz, dilsiz, akylly-başly hereketlere ukypsyz biologik görnüş bolup galypdyr. Adamy ynsanlaşdyran we medeniýetleşdiren, ruhy jähtden ösdüren zähmetdir we jemgyýetçilik gatnaşyklarydyr. Adam we medeniýet – medeniýeti döredýän döredijilikli zähmetiň, akylly-başly hereketiň bar wagtynda döreýär.

Garalýan döwürde adamlar daşdan, süňkden, agaçdan we beýleki elýeterli zatlardan zähmet gurallaryny ýasamagy başarmandyrlar. Olarda dini-estetik düşünjeler bolmandyr. Olar tebigatyň önümlerinden tagam taýýarlamagy bilmändirler; esasan tebigatyň eçilen miwe we gaýry önümlerini çöpläp, awçylyk hem-de balykçylyk bilen meşgullanypdyrlar. Bu ýagdaý adamzadyň durmuşynda müňlerçe ýyllap dowam edipdir. Bu döwür ylymda «Taryha çenli döwür» ýa-da «Taryhdan öňki döwür» diýlip atlandyrylýar.

Taryha çenli döwürde adamlar süri-süri bolup ýaşapdyrlar. Bu döwürlerde sosial toparlar, tire-taýpalar bolmandyr. Emma müňýyllyklaryň geçmegi, adamlaryň ýaşaýyş-durmuşa, tebigatyň şertlerine uýgunlaşmaklary bilen, medeniýetiň ilkinji alamatlary ýüze çykyp başlaýar.

Adam ýaşaýyş ugrundaky göreşde özüne aw hem-de zähmet gurallaryny ýasamaga başlapdyr. Agaçlardan naýzalary, gödek daşlardan her hili çapgylary, süňklerden iňňeleri, siňirlerden sapaklary, deriden eşikleri taýýarlamagy öwrenipdir. Munuň özi adamyň durmuşynda taryha çenli döwürde bolup geçen hadysalardyr. Dünýäniň dürli sebitlerinden, hususan-da, Türkmenistanyň çäginde şol hadysalaryň yzlary ýüze çykaryldy. Adamyň emele gelmegine we ösmegine şert döreden hadysalar ýokary paleolit asyrynda – mundan 35–20 müň ýyl ozal bolup geçýär. Eýýäm şol döwürde medeniýetiň möhüm pudagy bolan sungatyň ilkinji alamatlary hem ýüze çykypdyr.

Şeýlelikde, heniz iňňän gadymy döwürde umumadamzat medeniýetiniň alamatlary ýüze çykyp ugraýar.

**Medeniýet we kult.** Medeniýetiň kemala gelmegine we ösmegine adamzat durmuşy bilen aýrylmaz baglanyşykda bolan kultuň hem-de kultlaryň täsiri hem uly bolupdyr. Medeniýet bilen kultuň özara gatnaşygy barada aýdylanda, olaryň biri-biri bilen baglanyşygy-da, aýratynlygy-da bardyr. Eýsem-de bolsa, «kult» nämedir?

Kult – maddy hem-de ruhy medeniýetiň gözbaşynda duran jemgyýetçilik hadysalarynyň biridir. Latynça «kult» sözi sylamak, hormatlamak, sežde etmek diýen ýaly manylary aňladýar. Munuň özi, bu adalganyň «kultura», ýagny medeniýetiň düşünjesi bilen hem aýrylmaz baglanyşygyny görkezýär. Kult her bir diniň möhüm düzüm bölekleriniň biri bolup, ol özüni dini däp-dessurlaryň amala aşyrylmagynda mälim edýär. Ol, esasan, magiýada – porhançylyk, jadygöýlük hereketleri ýerine ýetirilende, ýüze çykýar.

Kult bilen medeniýetiň umumy taraplary barada aýdylanda, olaryň ikisiniň-de medeniýetiň çeşmesi, gözbaşy, ýagny medeniýetiň döreýşi, kim tarapyndan kemala getirilendigi baradaky meseledir. Kult diniň düzüm bölegi bolandygy sebäpli, ol bu meseläni çözmäge dini nukdaýna-

zaryndan çemeleşýär. Bu nukdaýnazara görä, Hudaý ilkinji barlyk bolup, ol özünden gaýry ähli zatlar bilen bir hatarda medeniýeti we medeniýeti göterijiler bolan adamlary hem döredipdir. Medeniýetiň nazaryýeti boýunça, maddy we ruhy gymmatlyklar adamlaryň döredijilikli zähmeti netijesinde döreýär.

**Dünýäniň ýedi täsinligi.** Medeniýet hakynda gürrüň edilende, adamzadyň döreden iň nepis hem-de haýran galdyryjy medeni gymmatlyklary, olaryň aýry-aýry nusgalary barada-da durup geçmek zerurdyr. Medeniýetiň we sungatyň taryhynda «dünýäniň ýedi täsinligi» diýen düşünje saklanyp galypdyr. Bu täsinlikleriň aýratyn tarapy, olaryň baryp gadymy zamanlarda döredilendiklerindedir.

Eýsem-de bolsa, dünýäniň ýedi täsinligi diýlende, nähili ýadygärlikler göz öňünde tutulýar? Olar aşakdakylardyr:

1. Heopsyň piramidasy. Bu täsin bina miladydan öňki 2540-njy ýylda Müsürde (Gizada) gurlupdyr. Bu ýadygärlik häzirki döwre çenli saklanyp galan ýeke-täk täsinlikdir.

2. Semiramidanyň asma baglary. Bu täsinlik Mesopotamiýada (Yrak) miladydan öňki 605-nji ýylda döredilipdir. Ol miladydan öňki 562-nji ýylda suw joşmasy zerarly ýitip gidipdir.

3. Zewsiň Gresiýanyň Olimp şäherinde goýlan heýkeli. Heýkel miladydan öňki 435-nji ýylda binagär Fidiý tarapyndan ýasalypdyr. Bu ýadygärlik V–VI asyrlarda Konstantinopolyň (häzirki Stambul) aýlawynda ýangyn bolanda ýok edilipdir.

4. Artemidanyň miladydan öňki 550-nji ýylda Kiçi Aziýanyň (häzir Türkiýe) Efes şäherinde gurlan ybadathanasy. Bu ybadathana zenan hudaýy Artemidanyň hormatyna gurlup, ol miladydan öňki 370–356-njy ýyllarda uruşlar zerarly ýumrulypdyr.

5. Kiçi Aziýada gurlan Galikarnas aramgähi. Bu aramgäh miladydan öňki 351-nji ýylda binagär Pifeý tarapyndan gurlupdyr we ol 1494-nji ýylda ýumrulypdyr.

6. Gresiýanyň Rodos adasynda gurlan sütün. Ol miladydan öňki 292–280-nji ýyllar aralygynda binagär Hares tarapyndan gurlupdyr. Bu sütün 654-nji ýylda sökülip aýrylypdyr.

7. Aleksandriýa maýagy. Bu desga miladynyň III asyrynda Müsüriň Aleksandriýa şäherinde gurlup, XIV asyrda ýer titremesi zerarly ýumrulypdyr.

Görnüşi ýaly, bu täsinlikleriň aglabasy diýen ýaly binagärlik sungaty bilen baglanyşyklydyr.

**Soraglar we ýumuşlar:**

1. Adamlaryň we medeniýetiň gelip çykyşy baradaky haýsy nukdaýnazarlary bilýärsiňiz?
2. Medeniýet haýsy asyrda döräpdir, onuň peýda bolmagyny nämeler bilen tassyklap bolýar?
3. Ilkidurmuş sungaty haýsy döwürde gülläp ösüpdir?
4. Tema degişli maglumatlary ýygnaň.
5. Ýedi täsinlikleri sanap beriň.

## §8. Sungat

Biziň häzirki döwürde ulanýan «sungat» düşünjämiziň dürli manylary bardyr. Ýewropa ýurtlarynda bu düşünje «art» («artefact» – «sungat önümleri» sözi şondan gelip çykýar), rus dilinde «искусство» (sungat) görnüşinde ulanylýar. Ýöne bu adalgalar bilen adam eli bilen ýasalan ähli zatlar däl-de, diňe nepis önümler atlandyrylýar. Türkmen dilinde ulanylýan «sungat» düşünjesi arap diliniň «sena:at» (türkmençä göni terjime edilende «ýasamak» diýen manyny aňladýar) adalgasy bilen baglanyşyklydyr. Diýmek, «sungat» düşünjesiniň türkmen dilindäki manysy juda giňdir. Türkmen dilinde ulanylýan «senet» düşünjesi hem şol sözden gelip çykýar.

Şekillendiriş sungatynyň ilkinji görnüşleri daglaryň gaýalaryna, dag gowaklarynyň ýüzüne adam eli bilen çeki-


Bedew. Lasko (Fransiýa) Paleolit

len suratlardan we egrem-bugram edilip şekillendirilen çyzyklardan başlanypdyr. Ilkinji heýkeltaraşlar daşdan, palçykdan, süňkden we agaçdan dürli görnüşdäki ýönekeýje, ýöne gödeňsi heýkeljikleri ýasapdyrlar.

Gadymy şekillendiriş sungaty özüniň gülläp ösen çagyna mundan 20–10 müň ýyldan ozal Fransiýanyň, Ispaniýanyň, Şweýsariýanyň, Belgiýanyň, Germaniýanyň çäginde ýaýran Madlen medeniýetiniň döwründe ýetipdir.

Fransiýanyň, Belgiýanyň, Ispaniýanyň dag gowaklarynda çekilen mamontlaryň, öküzleriň, ýolbarslaryň, keýikleriň we ençeme beýleki haýwanlaryň suratlary häzire çenli saklanyp galypdyr. Şolardan iň bellileri Altamir, Lasko we Montesman gowaklaryndaky gadymy suratlardyr.

Neolit eýýamynda (miladydan öňki VII müňýyllygyň ikinji ýarymy – V müňýyllygyň birinji ýarymy) sungat has çylşyrymlaşýar, onuň hereket meýdany giňelýär. Indi awçylaryň, tans edip ýa-da söweş maşklaryny ýerine ýetirip ýören adamlaryň toparlaýyn suratlary çekilip başlanypdyr. Kiçi göwrümli heýkeljikleriň köpçülikleýin öndürilip başlanmagy şol döwrüň sungat äleminde gazanylan uly üstünlikleriň biridir. Daşdan, süňkden we agaçdan edilen we özüniň görnüşi boýunça ozalkylardan tapawutlanýan heýkeljikler giňden ýaýraýar. Esasan, aýal heýkeljiklerini ýasamak sungaty ýokary derejä ýetipdir.

Boýy 10–15 sm-e barabar bolan aýal hudaýyň heýkeljikleri örän köp möçberde ýasalypdyr. Şoňa görä-de, bu döwre ylymda «Weneralar eýýamy», ýagny aýal hudaýlarynyň döwri diýilýär. Şeýle sungatyň has giň ýaýran ýerleri Fransiýa, Belgiýa, Awstriýa, Çehiýa ýaly ýurtlar bolupdyr.

Nakgaşlyk we heýkeltaraşlyk sungatynyň görnüşleriniň birine zoologik ýa-da «haýwan ülňüsi» diýilýändir. Bu sungata şeýle at berilmeginiň sebäbi, suratçylaryň we heýkeltaraşlaryň haýwanlaryň keşbini suratlandyrmaga köp üns berendikleri bilen baglanyşyklydyr. Döwrüň sungaty üçin «simwolizm», ýagny haýsy hem bolsa bir şekil ýa-da surat arkaly adamyň durmuşyny aňlatmak häsiýetli bolupdyr. Simwolizmiň yzlaryny tegelek edilip çekilen şekillerde, ýagny tigirde we çarhda görmek bolýar. Mälim bolşy ýaly, bu alamatlar häzirki döwürde-de adamlaryň ömür menzilleriniň alamaty hökmünde kabul edilýär. Munuň aýdyň mysaly çarhy-pelekdir. Dünýä gelen adam çarha münüp, aşakdan ýokarlygyna galyp, onuň çür depesine çykýar, soňra bolsa aşaklygyna rowana bolup, bakylyga gidýär.

Gadymy adamlaryň sungaty diňe bir suratkeşlik we naşyja heýkeltaraşlyk bilen çäklenmändir: onda amaly-haşam sungaty hem uly orun alypdyr. Madoly medeniýetiniň möhüm ugry bolan amaly-hasam sungatynda hojalyk esbaplary bolan goş-golamlary, gap-çanaklary, geýim-gejimleri öndürmäge, soňra bolsa aw awlamak üçin gurallary we uruş ýaraglaryny ýasamaga uly ähmiýet berlipdir.

Iň gadymy sungatyň esasy ugurlarynyň biri gaýa-gowak suratkeşligi we naşyja heýkeltaraşlyk sungaty bolupdyr. Bu sungatda hatda häzirki zaman adamlaryny hem haýran galdyrýan eserleriň nusgalary örän köpdür.

Pireneý ýarym adasynyň (Ispaniýa) daglarynda 7000 gowak bolup, olaryň ýüzlerçesiniň içini adamlaryň we haýwanlaryň dürli reňkler bilen çekilen suratlary bezeýär. Şu gowaklaryň arasynda has tapawutlanýanlaryň biri Ispaniýadaky «Ilkidurmuş sungatynyň surat galereýasy» adyny alan Altamir gowagydyr. Köp sanly uly zallardan ybarat bolan Altamir gowagy 280 metrden gowrak aralyga uzalyp gidýär. Gowaklaryň içindäki adamlaryň we haýwanlaryň keşpleri diňe bir estetiki gymmatlyk däl, eýsem seždegäh,



Bizon Nio (Fransiýa) Paleolit

ýagny gudratlara çokunylýan ýer hökmünde hem hyzmat edipdir. Adamlar ençeme haýwanlary özleriniň urugbaşylary hasap edip, olara çokunypdyrlar we tagzym edipdirler.

Adamyň hem-de medeniýetiň kemala gelmegi müňlerçe ýyllary öz içine alýan iki topara bölünýän hojalygyň esasynda bolup geçipdir. Bu hojalyklaryň birine «ýygnaýjylyk», beýlekisine bolsa «öndüriji hojalyk» diýilýär. Ýygnaýjylyk döwri paleolit we mezolit eýýamlaryna degişli bolup, bu döwürlerde adamlar tebigatyň eçilen taýyn önümlerini sarp edipdirler. Bu döwrüň adamsy awçylyk, balyk tutmak, tebigatyň däneli we kösükli miwelerini ýygnamak bilen meşgullanypdyr. Emma adamlar ýygnan önümlerinden nahar etmegi we bişirip iýmegi entek bilmändirler. Adamlar süňkden, daşdan, agaçdan, balykgulakdan, mallaryň şahlaryndan dürli gurallary ýasapdyrlar. Paleolit eýýamynyň ösen zamanynda maddy medeniýetiň ençeme täze önümleri peýda bolýar, önümleri işläp-bejermek kämilleşýär, olara bezeg berlip başlanýar. Gowak durmuşyndan ýerzeminlerde we laýdan salnan jaýlarda ýaşamaklyga geçilýär, geýim-gejim tikilip başlanýar.

**Neolit zamanynyň agrar rewolýusiýasy.** Miladydan öňki VII–V müňýyllyklarda paleolit we mezolit eýýamlaryndan (iň gadymy döwürlerden – miladydan öňki XII müňýyllyk) kem-kemden neolit zamanasyna geçilýär. Bu eýýamyň medeni taýdan ähmiýetli tarapy, onda ýygnaýjylykdan öndüriji hojalyga geçilýär. Hil taýdan düýpli özgerişlere getiren bu hojalyk usuly, öz döwri üçin möhüm innowasion açyşlar eýýamy bolýar. Neolit döwründe daş asyry tamamlanyp, mis asyryna geçilýär. Şol döwürler dünýäniň dürli

**NEOLITIKI ÝA-DA AGRAR REWOLÝUSIÝA**




künjeklerinde, ozaly bilen Müsürde, Orta Aziýada (şol sanda Türkmenistanda), Kiçi Aziýada, Mesopotamiýada, Palestinada, Eýranda, Hindistanda, Hytaýda ilkinji ekerançylyk medeniýetleri peýda bolýar. Türkmenistanda dörän Jeýtun medeniýeti hem dünýäniň neolit döwründe ýüze çykan iň irki siwilizasiýalaryň biridir.

Neolit döwrüniň ahyrlarynda daşdan edilen gurallaryň ornuna indi misden ýasalan gurallar peýda bolup ugraýar.

Eger paleolit we mezolit eýýamlarynyň jemgyýetçilik durmuşynyň esasyny awçylyk, balykçylyk we ýygnaýjylyk tutan bolsa, onda neolit zamanynyň ykdysady binýadyny indi ekerancylyk, maldarcylyk we hünärmentçilik tutupdyr. Hünärmentçiligiň ýüze çykmagy bilen bolsa sungatyň dürli ugurlary peýda bolýar.

Adamzadyň awçylykdan ekerançylyga, oturymly ýaşaýşa geçmegi we haýwanlary eldekileşdirmegi, ylymda neolitik ýa-da agrar rewolýusiýasy diýlip atlandyrylýar. Awçylykdan maldarçylyga geçilmegi adamlaryň ete, süýde, ýüňe we deri önümlerine bolan isleglerini kanagatlandyrypdyr. Bu döwürde adamlar gündelik ýaşaýyş-durmuşy üçin zerur bolan zatlaryň esasy bölegini aňly-düşünjeli gurnalan zähmetiň netijesinde öndürip başlaýarlar, bu bolsa olary tebigy şertlere has garaşsyz edipdir. Netijede, tebigatyň taýýar önümlerini sarp etmeklik belli-külli çäklendirilýär. Munuň özi adamzadyň durmuşynda täze döwrüň medeniýete we gymmatlyklara esaslanýan täze eýýamyň başyny başlaýar.

Neolit rewolýusiýasy ilkinji siwilizasiýalaryň ýüze çykmagyna, ýagny ilkinji obalaryň, soňra bolsa oturymly ýaşaýşyň iň ösen usuly bolan şäherleriň peýda bolmagyna öz täsirini ýetirýär.

«Medeniýet» düşünjesiniň gelip çykyşy hem neolit zamanasy bilen baglanyşykly bolupdyr. Çünki «medeniýet» diýmegiň aňyrsynda «işläp-bejermek» düşünjesi ýatandyr. Adamzat durmuşynyň akyl-paýhas esasynda ýola goýulmagy hut neolit döwründe bolup geçýär.

Neolit zamanynyň esasy täzelikleriniň biri hem bu döwürde dini ynançlaryň ilkinji alamatlarynyň peýda bolmagydyr. Özüniň mazmuny, täsir ediş çägi boýunça gadymy dini ynançlar kemala gelşine görä magiýa, fetişizm, totemizm, animizm ýaly görnüşlerde ýüze çykypdyr.

Magiýa (jadygöýlük, gözbagçylyk, doga etmek, tumar götermek) – adamyň adatdan daşary ýollar we güýçler ar-

kaly özüniň tebigatyň hadysalaryna, adamlara we haýwanlara täsir edip bilýändigine ynanmagy bilen baglanyşykly düşünjedir. Adam duşmandan üstün çykmaga, keselden gutulmaga, hasylyň, awuň oňmagyna öz güýji bilen ýetip biljek mahaly adatdan daşary güýje ýüzlenýär; jadygöýlüge, porhançylyga we doga-tumara ýapyşýar. Magiýanyň «zelel-zeper» ýetirýän, «söýgi» ýa-da «ýigrenç» döredip bilýän dürli görnüşleri bardyr. Alymlar magiýany sungatyň ähli görnüşleriniň başlangyjy hasap edýärler. Çünki gadymy rowaýatlaryň, suratkeşligiň, heýkeltaraşlygyň, binagärçiligiň, aýdym-saz sungatynyň gözbaşynda magiýa durýandyr.

Fetişizm – tebigatyň hadysalaryna we adatdan daşary gudratlaryna tagzym etmeklik bolup, portugalça «jadylanan» zatlara, fransuzça bolsa butlara (fetişlere) çokunmaklygy aňladýar. Gadymy adamlar tebigatyň gudratlary, dürli görnüşdäki we sypatdaky butlar adamlara kömek edip, keselden saplap we durmuş kynçylyklaryndan gorap bilýär diýip düşünipdirler. Çokunylýan ýa-da tagzym edilýän but hökmünde agaç, daş, taýak, haýwan dişi we ş.m zatlar hyzmat edipdirler. Soň-soňlar adamlaryň özleri agaçdan we daşdan butlary ýasap başlapdyrlar. Fetişe tagzym etmek dürli görnüşlere eýe bolupdyr. Butlara çokunmaklyk bilen bir hatarda, gadymy adamlar butlary öz isleg-talaplaryny ýerine ýetirmäge mejbur etmäge-de çalşypdyrlar. Mysal üçin, adamlar butuň ornuny tutýan agaja (ýagny onuň «endamyna») çüý kakyp, kesellerden we agyrylardan saplanmak isläpdirler. Sebäbi gadymy adamlar buta çüý kaksaň, ol agyrysyna çydaman, hökman kömege geläýmeli diýip düşünipdirler. Mundan başga-da «adamlara sowuk-sala garanlygy» üçin butlara «temmi» hem berlipdir. Şunda «peýdasyz» but başga bir zat bilen çalşylypdyr, butlara käýelip, sögülip, hatda olar «ýenjilip» hem bilnipdir.

Dini ynançlaryň başga bir gadymy görnüşi totemizmdir. Bu at Demirgazyk Amerikada ýaşaýan indeýleriň «to-

tem» – «urug oňony» sözünden gelip çykypdyr. Totemizm adam toparlary, ýagny urug, tire, taýpa bilen haýwanlaryň hem-de ösümlikleriň belli bir görnüşleriniň arasynda adatdan daşary baglanyşygyň, kowum-garyndaşlygyň barlygyna ynanmagy aňladýar.

Her bir tire-taýpa haýsy hem bolsa bir haýwanyň ýa-da bolmanda, ösümligiň adyny göteripdir. Totem hasaplanylan şol haýwan ýa-da ösümlik tiräniň ýa-da taýpanyň nesilbaşysy hasap edilipdir. Urugdaşlar, tiredeşler we taýpadaşlar öz totemlerine «biziň atamyz», «biziň doganymyz» diýipdirler. Totem hasap edilýän haýwanlary soýmak we olaryň etini iýmek gadagan edilipdir.

Gadymy ynançlaryň biri bolan «animizm» latynça «jan» we «ruh» diýmekligi aňladýar. Animizm tebigatyň güýçlerinde, haýwanlarda, ösümliklerde, jansyz zatlarda hem janyň, ruhuň, akyl-paýhasyň we duýgularyň bardygy hakyndaky ynançlar toplumydyr. Ilkidurmuş adamlary tebigatyň hadysalaryna özlerine mahsus bolmadyk häsiýetleri beripdirler. Olar durmuşda bir zadyň başga zada öwrülip bilýändigini, mysal üçin, ýumurtgadan jüýjäniň çykýandygyna, suwuň akýandygyna, buludyň göçýändigine akyl ýetirip bilipdirler. Şundan ugur almak bilen, gadymy adamlar ähli zatlarda janyň, ruhuň, akyl-paýhasyň bolýandygyna, şunuň esasynda bolsa olaryň zyýan ýa-da peýda getirip biljekdiklerine ynanypdyrlar. Şonuň üçin hem şeýle zatlaryň şanyna dogalar okalyp, tagzym edilipdir we ant içilipdir.

**Soraglar we ýumuşlar:**

**1.** Gadymy şekillendiriş sungatynyň ösendigini nähili subut edip bolar?
**2.** Näme üçin neolit asyryna «neolit ýa-da agrar rewolýusiýasy» diýilýär?
**3.** Altamir medeniýetiniň gazananlary barada aýdyp beriň.
**4.** Gadymy ynançlaryň formalaryny atlandyryň we oňa düşündiriş beriň.
**5.** Gadymy ynançlaryň formalaryna häsiýetnama beriň.
**6.** Toplanan maglumatlar esasynda çykyş taýýarlaň.

## §9. Gadymy Müsür medeniýeti

**Amaly-haşam sungatynyň döremegi we onuň ösmegi.** Gadymy Müsürde amaly-haşam sungaty has gadymyýetden bäri toýun gap-gaçlarda, süňkden ýasalan heýkeljiklerde, kanunlary işläp düzmekde ulanylypdyr. Ony monumental binagärligiň ýadygärlikleri bolan piramidalarda, ybadathanalarda şekillendirilen şekiller hem subut edýär. Faraonlaryň piramidalarynyň gapdalynda gurlan ybadathanalaryň diwarlaryny hudaý hasaplanylýan patyşanyň durmuşyny we ýeňişlerini suratlandyrýan şekiller bezäpdir. Adam we haýwan heýkellerindäki, mazarlaryň diwarlaryndaky we gap-gaçlaryň ýüzündäki şekiller geometriki we ýönekeýleşdirilen görnüşde bolupdyr.

**Çeper stiliň ýüze çykmagy.** Müsürde çeper stil ýüze çykandan soň, ol özboluşly aýratynlygyny uzak wagtlap üýtgewsiz saklapdyr we wagtyň geçmegi bilen kämilleşipdir. Netijede, munuň özi medeniýetde çeper stiliň asyl nusgasynyň saklanmagyna we sungat ussatlygynyň ýuwaş-ýuwaşdan ösmegine öz täsirini ýetiripdir. Müsürde nusgawy binagärlikde piramida, obelisk, sütün gurmaklyk rowaç alypdyr. Şekillendiriş sungatynda tegelek heýkeltaraşlyk, relýef, monumental nakgaşlyk, portret ýaly ugurlar ösüpdir.

**Monumental binagärlik.** Gadymy patyşalyk (III–VI nesilşalyklar – miladydan öňki XXVIII–XXIII asyrlar) döwründe Sakkaradaky gurlan iň gadymy basgançakly piramida birinji faraon Josera degişlidir. Ol miladydan öňki XXVIII asyra degişli bolup, III nesilşalyk zamanynda bina edilipdir.

IV nesilşalygyň (miladydan öňki XXVII asyr) faraonlary Heopsyň, Hefreniň we Mikeriniň piramidalarynyň gapdalynda gurlan ybadathanalaryň diwarlaryny hudaý hasaplanylýan patyşanyň durmuşyny we ýeňişlerini suratlandyrýan şekiller bezäpdir. Abu-Siriň (Gadymy Memfis) golaýynda gurlan Gün ybadathanasyndaky faraon Sahuranyň

4. Sargyt № 1755.

ybadathanasynda papirusyň we palmanyň baldaklarynyň görnüşini suratlandyrýan sütünler saklanyp galypdyr. Orta patyşalyk (XI–XIII nesilşalyklar – miladydan öňki XXI–XVIII asyrlar) zamanynyň binagärligi Gadymy patyşalyk (III–VI nesilşalyklar – miladydan öňki XXVIII–XXIII asyrlar) we Täze patyşalyk (XVIII–XX nesilşalyklar – miladydan öňki XVI–XII asyrlar) zamanlarynyň binagärligini birleşdiriji halka bolup hyzmat edipdir.

Gadymy patyşalyk zamanynda ybadathanalar açyk howluly, ýokarsy altyn guýlup bina edilipdir.

Orta patyşalyk zamanynda piramidalaryň gurluşygynda daş karkas, daş döwükleri, kerpiç, çäge ulanylyp, olaryň girelgesi portik (üsti ýapyk sütünli galereýa) görnüşinde bolupdyr we iki ýa-da dört sütün bilen bezelipdir.

Binagärlikde sütünleriň giňden ulanylmagy we ybadathanalaryň ýarym gowak häsiýetli we açyk görnüşde bina edilmegi Täze patyşalyk zamanynyň binagärliginiň täze ülňüler bilen ösendigine şaýatlyk edýär. Muňa mysal edip, miladydan öňki XV asyra degişli Deýr-el-Bahridäki şa zenan Hatşepsudyň ybadathanasyny görkezmek bolar. Täze patyşalyk zamanynda, esasan hem XVIII–XIX nesilşalyklaryň döwründe binagärlikde ybadathanalary bina etmek däbe öwrülipdir.

**Gizadaky piramidalar.** Gizadaky piramidalar toplumy Müsüriň paýtagty Kairiň golaýyndaky üsti tekiz belentlikde ýerleşýär. Bu toplum Gadymy patyşalyk zamanyna degişli bolup, IV–VI nesilşalyklaryň (miladydan öňki XXVI–XXIII asyrlar) döwründe bina edilipdir.

Faraon Hefreniň piramidasy Heopsyň piramidasynyň günorta-günbatarynda ýerleşip, onuň beýikligi (öňki wagtda 143,9 metr) häzirki wagtda 136,4 metre barabardyr. Onuň demirgazyk tarapynda iki girelgesi bolupdyr. Onuň ikinji gapysyndan saklawjaýa, birinji gapysyndan aşaklygyna ýerasty geçelgä girilýän ýer, soňra göni ýol bilen barylýan, ýokarlygyna gidýän dälizden esasy dälize düşülýän ýer edi-

lipdir. Aşakdaky däliz bilen gurluşygy doly tamamlanylmadyk saklawjaýa baryp bolýandygy anyklanyldy.

Başga-da, ol ýerde ybadathana bolup, Hefreni şekillendirýän 12 sany heýkel ýerleşipdir. Şeýle-de granitden edilen ybadathana belli bolup, ol 45x45 ölçegde, uzynlygy 12 metre deň bolupdyr. Onuň merkezinde Hefreniň 23 sany heýkeli goýlupdyr. Granitden 16 sany sütünler ýasalypdyr. Onuň piramidasynyň gapdallary diwarlar bilen berkidilipdir. Piramidanyň günortasyndaky piramidada Hefreniň aýaly jaýlanypdyr diýlip çaklanylýar. 1881-nji ýylda alymlar bu piramidanyň gapdalynda gadymy piramidany bina eden adamlaryň ýaşan jaýlarynyň harabalyklaryny tapypdyrlar.


Hefreniň piramidalar toplumynyň täzeden dikeldilen görnüşi

IV nesilşalygyň ikinji faraony Heopsyň piramidasy miladydan öňki 2600-nji ýylda Gizada bina edilipdir. Ol dünýäniň ýedi täsinliginiň biri hasaplanylýar. Ondan öň piramidalar Daşurda bina edilipdir. Ol ýerde iki sany piramida ýerleşip, ol Heopsyň kakasy Snofr tarapyndan gurlupdyr. Heops Daşurdan 40 kilometr daşlykdaky ýeri saýlap alypdyr. Onuň başdaky beýikligi 146,6 metre, häzirki wagtda 137,3 metre barabardyr. Piramidanyň gurluşygynda daşlar giňden ulanylypdyr. Onuň içinde üç sany jaý bolupdyr. Onuň birinjisi doly gurlup gutarylmandyr. Jaýlaryň ikinjisi hem gurlup gutarylmandyr; şol ýerde şa zenanyň doly bina edilen üçünji jaýda bolsa patyşanyň mazary ýerleşipdir. Onuň ýüzi granit plitalar bilen örtülip, oňat edilip ýylmanypdyr.

Heopsyň piramidasynyň daş-töweregine galyňlygy 3 metr bolan daşdan diwar aýlanylypdyr.

Üç piramidanyň arasynda Mikeriniň piramidasy iň kiçisi hasaplanylýar. Onuň beýikligi ilkibaşda 66 metr bolup,

häzirki wagtda 62 metre deňdir. Ol plitalardan, gyzyl granitlerden we daşlardan salnypdyr.

Piramidanyň gurluşygy üçin Hefreniňkiden we Heopsyňkydan hem köp daş sarp edilipdir. Faraonyň özi piramida tamamlanmanka aradan çykypdyr. Müsüri öwreniji iňlis alymy I. Ý. Edward piramidanyň gurluşygynda gyzyl granit ulanylmaly edilen hem bolsa, faraonyň mirasdüşeri Şepseskaf ony üýtgedipdir diýip çaklaýar. Ýerzemin jaýda tabyt saklanyp, ol äkidilip barylýarka gämiden suwa gaçyp ýok bolupdyr. Tabyt bazaltdan edilip, onuň üst tarapy nagyşlar bilen bezelipdir. Alymlar tabydyň has öňräkki eýýamda ýasalandygyny, emma talanandan soň, Gadymy patyşalyk döwründe ýerine başgasyny goýupdyrlar diýip çaklaýarlar.

Piramidanyň töweregi gowy saklanmandyr we onuň galyndylary guma basdyrylypdyr. Ybadathanalaryň deň ýarysyny howly tutupdyr, beýleki böleginde bolsa ammar ýerleşipdir.

Käbir alymlaryň çaklamagyna görä, piramidanyň golaýynda Mikeriniň aýaly Hamerernebtiniň guburhanasy ýerleşdirilipdir.

Uly Sfinks Hefreniň piramidasyndan gündogarda ýerleşip, ony bina etmekde Hefreniň we Heopsyň piramidasynyň gurluşygynda ulanylan materiallardan peýdalanylypdyr. Ol adam kelleli ýolbars görnüşinde gurlupdyr. Onuň öň tarapdaky penjesinden guýrugyna çenli uzynlygy 57,3 metr, belentligi bolsa 20 metre barabardyr. Onuň aýaklarynyň ujundan tapylan ýazgylarda Sfinksiň Hefreniň buýrugy bilen gurlandygy barada maglumat berilýär, onuň ýüzi faraonyň öz ýüz keşbini gaýtalaýar. Häzirki wagtda heýkele gaty zeper ýetip,



Uly Sfinks we Sfinksiň ybadathanasy

esasanam, onuň ýüzüniň çukur ýerleri zeperlenipdir. Onuň üstüni elmydama gum basýandygy üçin yzygiderli gazyp durmaly bolýar. XX asyrda heýkelden daş bolmadyk ýerde ybadathana hem tapylypdyr.

**Karnakdaky we Luksordaky ybadathanalar.** Karnakdaky we Luksordaky Amon Ra hudaýyna bagyşlanan Ipet, Res we Ipet Sut ybadathanalary gadymy binagärlik ýadygärlikleridir. Olaryň gurluşygy miladydan öňki XVI asyrda başlanyp, köp ýüzýyllyklar dowam edipdir. Gapysynyň daş-töweregini gönüburçly uly sütünler gurşap alýar. Niliň kenarynyň uzaboýuna ýerleşen Luksordaky ybadathana (miladydan öňki XVI–XV asyrlar) binagär Amenhotep tarapyndan gurlupdyr. Onuň howlulary papirus görnüşindäki altynsow sütünler bilen aýlanypdyr. Ybadathananyň diwarlary faraonlaryň ýeňişlerini şekillendirýän relýefler bilen bezelipdir.

Karnakda seýilgähiň bir bölegini kyrk sany birmeňzeş ýolbars we goçuň kelleleri bilen şekillendirilen daş sfinksleri tutupdyr.

Täze patyşalyk döwründäki ybadathanalaryň diwarlarynda ajaýyp relýefler we surat bezegleri saklanyp galypdyr. Olarda ýokary gatlaklaryň durmuşynyň dabaraly pursatlaryndan hem-de başga-da birnäçe görnüşler şekillendirilipdir. Diwarlarda araba goşulan atlar, bedewleriň çalasynlyk bilen çapyp baryşlary, haýwanlaryň awçylaryň oklaryndan goranyşlary, duşmanlaryň söweşlerde atlaryndan agdarylyşlary, faraonyň Niliň jeňňellikleriniň jümmüşine siňip gidişi, guşlaryň uçuşlary suratlandyrylypdyr.

Gadymy Müsürde köşklerde, ybadathanalarda, guburhanalarda heýkel oturtmak däbi bolupdyr. Niliň iki gapdalynda Ramzes II-niň heýkelleri oturdylypdyr.

**Sorag we ýumuşlar:**

**I.**

**1.** Müsüriň binagärliginiň tapawutly aýratynlyklaryny aýdyp beriň.
**2.** Iň gadymy basgançakly piramida nirede gurlupdyr we ol kime degişli?

3. Gadymy Müsürde gurlan ybadathanalaryň aýratynlyklary barada aýdyň.
4. Hefreniň, Heopsyň, Mikeriniň piramidalaryny özara deňeşdiriň.
5. Äpet Sfinkse häsiýetnama beriň.
6. Karnakdaky we Luksordaky ybadathanalary suratlandyryň.
7. Müsür binagärligine degişli maglumatlary (metbugatdan, internetden) gözläň we olary tanyşdyrylyş arkaly beýan ediň.

**II. Özüňi barla.**

1. Gün ybadathanasy kime degişli bolupdyr?
   a) faraon Hefrene; ç) faraon Heopsa;
   b) faraon Sahura; d) şa zenan Hatşepsuda.
2. Heopsyň piramidasy nirede gurlupdyr?
   a) Deýr-el-Bahride; ç) Karnakda;
   b) Gizada; d) Luksorda.
3. Heopsyň piramidasy haçan bina edilipdir?
   a) miladydan öňki 2600-nji ýylda; ç) miladydan öňki XVI asyrda;
   b) 1881-nji ýylda; d) XX asyrda.
4. Sfinks kimiň buýrugy bilen gurlupdyr?
   a) şa zenan Hatşepsudyň; ç) faraon Sahuranyň;
   b) faraon Heopsyň; d) faraon Hefreniň
5. Ipet, Res we Ipet Sut ybadathanalary nirede ýerleşipdir?
   a) Daşurda we Gizada; ç) Karnakda we Luksorda;
   b) Gizada we Deýr-el-Bahride; d) Daşurda we Deýr-el-Bahride.

## §10. Gadymy Müsür sungatynyň we medeniýetiniň gülläp ösmegi

**Ehnatonyň we Nefertitiniň heýkelleri.** Ehnatonyň (Amenhotep IV) dolandyran döwründe täze paýtagt Ahetaton şäheri gurlupdyr. «Ehnaton» – «Aton üçin peýdaly» diýen manyny beripdir. Täze şäherde suratçylar täze çeper stilleri döredipdirler. Ehnatonyň maşgala agzalary bilen şekillendirilen (miladydan öňki XIV asyryň I çäryegi) heýkeli şol döwürde döredilen ajaýyp sungat eseridir. Ehnatonyň dolandyran döwrüniň ahyrlarynda nusgawy keşpler has incelik bilen ýerine ýetirilipdir. Binagär Tutmos Ehnatonyň we onuň aýaly Nefertitiniň heýkellerini ussatlyk bilen ýa-

sapdyr. Heýkeltaraşlyk sungaty Ehnatonyň mirasdüşerleri tarapyndan dowam etdirilipdir. Miladydan öňki XIV asyryň birinji ýarymynda Tutanhamonyň guburyndan tapylan we relýefler bilen bezelen ýazgyly sandyjaklar, perde we täç häzir Kairiň Milli muzeýinde saklanylýar.

**Heýkeltaraşlyk sungaty.** Hemiun Gadymy patyşalyk zamanasynyň IV nesilşalygy döwründe faraon Hefreniň Gizada gurlan piramidasynyň binagäridir diýlip çaklanylýar. Ol Hefreniň garyndaşy Nefermaatanyň ogly bolup, ol faraonyň weziri we «ezber ussa» derejeleri göteripdir. Hemiun Beýik piramidanyň gurlup gutarmagyna az wagt galanda aradan çykypdyr we mastabada jaýlanylypdyr. Mastaba – gönüburçly, kesilen piramida görnüşindäki mazardyr.

1860-njy ýylda Ogýusten Mariet tarapyndan Sakkaradaky mastabadan ruhany Kaaperiň heýkeli hem tapylýar. Heýkeli tapanlar tapyndynyň ýerli oba ýaşulusyna («Şeýh-ul-Balad» – oba ýaşulusy) meňzeşdigini aýdypdyrlar we ol şol at bilen belli bolup galypdyr. Kaaperiň mastabasynyň beýikligi 1,12 metre barabardyr. Ol V nesilşalygyň faraony Userkafyň dolandyran döwründe gurlupdyr diýlip çaklanylýar. Gadymy patyşalykda agaç heýkeller giňden ýaýrapdyr. Daşa garanyňda ýumşak, ýöne berk bolansoň, agaç heýkeller biziň döwrümize çenli saklanyp galypdyr.

Ruhanynyň ilkibaşdaky heýkeli suwagdan edilipdir, sebäbi käbir ýerlerde suwagyň galyndylary saklanyp galypdyr. Onuň gözi alebastrdan, hrustaldan, mis bilen gurşalan gara daşdan edilipdir. Heýkeliň bir aýagy ädilen, bir elinde hasa, beýlekisinde silindr gysymlaýan edilip şekillendirilipdir.

IV nesilşalyk (Gadymy patyşalyk) döwrüne degişli Rahotepiň we Nofretiň ýadygärlikleri Medume guburlaryndan tapylypdyr. Heýkeltaraşlykda maşgala agzalarynyň duran ýa-da oturan görnüşleri suratlandyrylypdyr. Olaryň şekillendirilişinde tebigylyk mese-mälim duýulýar. Nofret özüne gelşip duran ak köýnekli, boýny dürli reňkli monjukly, ýasama saçy daňylan, dykyz göwreli, agras ýüzli, röwşen gözli edilip şekillendirilipdir.

Däp bolşy ýaly, heýkeltaraşlykda erkek kişileri şekillendirmek üçin, gyzyl-goňur, aýallar üçin bolsa açyk sary reňkler ulanylypdyr.

**Müsürlileriň dini ynançlarynyň şekillendirilişi.** Müsür ulgamlaşdyrylan dini ynaçlaryň iň irki ýüze çykan ýerleriniň biri hasap edilýär. Müsürlileriň arasynda Gün hudaýy Ra has meşhur bolupdyr. Ilkibaşda hudaýlaryň aglabasy haýwan görnüşinde göz öňüne getirilipdir: Anubis hudaýy – möjek, Bast hudaýy – pişik, asyllylygyň hudaýy Tot – guş ýa-da maýmyn, Gora hudaýy – laçyn guş we başgalar. Emma soňky döwürlerde Bast hudaýy pişik kelleli aýal, Tot maýmyn kelleli adam görnüşinde şekillendirilipdir. Keramatly hasaplanylýan haýwanlary öldürenlere ölüm jezasy berlipdir. Olar ölenden soň, aýratyn gonamçylykda jaýlanypdyr. Awçylyga we ekerançylyga geçilmegi bilen dini ynançlar üýtgäpdir. Indi asman hudaýy – Nut, Ýer hudaýy – Geb, Gün hudaýy – Ra, Aý hudaýy – Tot, ekerançylar Nil derýasyny – Hapi hudaýy diýip hasap edip başlapdyrlar.

Müsürliler dünýäden ötenleriň ruhuna sežde edipdirler. Olarda merhumy mumiýalap, ony jaýlanlarynda ýanyna ulanmak üçin zerur bolan zatlary goýupdyrlar.

Bu ynanç gadymdan bäri Geliopol şäherinde mukaddes hasaplanylýan daş ybadathananyň binagärlik bezeginde peýdalanylypdyr. Dini ynançlary aňladýan dürli şekiller patyşalaryň guburhanalary bolan piramidalarda, ybadatnalaryň diwarlarynda, gaýalarda şekillendirilipdir. Olarda patyşa täç geýdirilişi olaryň häkimiýetini hudaýlaryň ykrar etmekleri, hudaýlaryň gatnaşmagynda ýubileýleriň baýram edilmegi ýaly sahnalar şöhlelendirilipdir.

**Müsürde hat-ýazuwyň, edebiýatyň we ylmy bilimleriň ýüze çykmagy.** Gadymy müsür hat-ýazuwy ýönekeý nagyşlardan we suratlardan ybarat bolup, kätipler bir sözi ýa-da sözlemi aýdyň beýan etmäge çalşypdyrlar. Hat-ýazuwyň durmuşda gündelik peýdalanylmagy wagtyň geçmegi bilen, onuň sadalaşmagyna getiripdir. Indi surat-

lar belli bir zady aňladypdyr. Mysal üçin, ýyldyzy aňlatmak isleseler, bäşburçlugy ★ şekillendiripdirler. Oňa iýeroglif haty diýilýär. Gadymy patyşalygyň ahyrlarynda elipbiý belgileri peýda bolupdyr. Ýazuwda elipbiýleriň we iýeroglifleriň ikisinem ulanypdyrlar.

Müsür dilinde ýazylan gadymy ýadygärlikler miladydan öňki III müňýyllyga degişli hasaplanylýar. Müsür edebiýatynyň esasy žanrlary ertekiler, rowaýatlar, aýdymlar, hat görnüşinde ýazylan tekstler, basnýalar, eposlar bolupdyr. Folkloryň we edebiýatyň köp sýužetleri dünýäniň gadymy we häzirki halklarynyňky bilen deňeşdireniňde müsür edebiýatynda has irki döwürde duş gelýär. Bu bolsa dünýä ylmynyň ünsüni özüne çekýär. Müsür ertekileri açyk we hyýaly keşpler, ýagşylygyň hem-de dogruçyllygyň ýamandan üstün çykýandygy baradaky maglumatlary özünde jemläpdir. Bu babatda «Hakykat we galat» diýen eseri görkezmek bolar. Käbir eserler, mysal üçin, «Iki dogan barada erteki» halk döredijiligine degişlidir.

Hekaýatlarda, rowaýatlarda, kyssalarda taryhy we hakyky durmuşda bolup geçen wakalar beýan edilipdir. Olaryň arasynda miladydan öňki XI asyra degişli müsürli «Un-Amunyň Bible syýahaty» baradaky hasabaty müsür edebiýatynyň ajaýyp eserleriniň biri hasaplanypdyr. «Sunihetiň hekaýaty», «Arfaçynyň aýdymy» gadymy müsür edebiýatynyň ýokary derejede ýazylan eserleriniň hasabynda görlüpdir.

Alymlar nesilşalyga bolan garaýyşlary özünde jemleýän we faraonyň häkimiýetiniň abraýyny galdyrmak üçin ýörite sargyt edilen taryhy eserleriň birnäçesini tapypdyrlar. Mundan başga-da öwüt-nesihat, peýdaly maslahat beriji häsiýetli, durmuşyň dürli taraplaryna degişli eserler hem bolupdyr.

Gadymy Müsür çeper edebiýatynyň bir bölegi piramidalaryň, patyşalaryň, köşk begzadalarynyň ýazgylarynda saklanyp galypdyr. Müsür edebiýaty grek, rim we ýewropa edebiýatyna öz täsirini ýetiripdir.

Müsürde patyşa tarapyndan gözegçilik edilýän aýratyn mekdeplerde ýokary gatlaklaryň çagalary okadylypdyr. Olara köşk mürzeleri we kätipleri sapak beripdirler. Mekdepde tertip-düzgün berk saklanypdyr. Matematika ylmynyň ösmegi ýer ölçeýjileriň we gurluşykçylaryň işini ýeňilleşdiripdir. Alymlar guburlardan ýörite ýer ölçeýji ýüpleri tapypdyrlar. Gadymy Müsürde papirusda matematiki tekstler saklanyp galypdyr. Ekin meýdanyny, hasylyň mukdaryny we ammaryň sygymlylygyny kesgitlemek üçin arifmetika hem-de geometriýa ylymlary giňden peýdalanylypdyr. Geometriýa ylmy kartalary, ýönekeýje çyzgylary çyzmak üçin möhüm bolupdyr. Matematika gurluşyk işi üçin zerur bolupdyr, ýagny uly ymaratlary, piramidalary gurmakda takyk hasaplamalary çykarmaly bolupdyr. 1, 10, 100, 1000, 10000, 1000000 we million sanlar ýörite belgiler bilen aňladylypdyr. Müsürliler algebradan ýönekeý deňlemeleri hasaplamagy başarypdyrlar.

Müsürliler kalendary (senenamany) oýlap tapypdyrlar. Bir ýyl 12 aýa, bir aý bolsa 30 güne deň bolupdyr. Ýylyň ahyrynda ýene-de bäş gün baýramçylyk goşulypdyr. Netijede, bir ýyl 365 güne barabar bolupdyr.

Gadymy Müsürde lukmançylyk we weterinariýa ylymlary ösüpdir. Gadymy patyşalyk döwrüne degişli edilen dürli keselleri bejermegiň sanawy tapylypdyr. Lukmanlar mumiýalamak üçin jesediň iç goşlaryny aýryp, ony jikme-jik öwrenipdirler. Lukmançylyga degişli ýygyndylarda derdi bilmegiň, keseli bejermegiň usullary ýazylypdyr. Lukmançylyk etikasy boýunça lukman ýaramaýan adama öňünden: 1) bu keseli men bejerip bilerin, 2) bu keseli, mümkin, men bejerip bilerin, 3) bu keseli men bejerip bilmerin diýip, keseli bejermegiň mümkinçiligine seredip, dogrusyny aýtmaly bolupdyr.

Hirurgiýa uly üstünliklere eýe bolupdyr. Gadymy patyşalyk döwrüniň mazaryndan hirurgiýa degişli lukmançylyk gurallary tapylypdyr. Lukmançylyga degişli ýazgylarda bedeniň dürli bölekleriniň: kelle, burun, eňek, gulak, bo-

kurdak, kekirdek, oňurga, egin, gapyrga, ýaýjyk süňkleriniň döwükleri barada ýazylypdyr.

Gadymy müsür lukmançylygynyň gazananlary beýleki döwletlerde hem giňden peýdalanylypdyr.

**Soraglar we ýumuşlar:**

**I.**

**1.** Näme üçin Amenhotep IV özüni Ehnaton diýip atlandyrypdyr?
**2.** Müsüriň dini ynançlary barada gürrüň beriň.
**3.** Hat-ýazuwyň ösüşi hakynda gürrüň beriň.
**4.** Müsür edebiýatynyň esasy žanrlaryny atlandyryň.
**5.** Ýazylan eserleri atlandyryň.
**6.** Ylmyň haýsy ugurlary ösüpdir we olaryň ähmiýeti?
**7.** Müsür sungatyna we medeniýetine degişli maglumatlary (metbugatdan, internetden) gözläp tapyň we synpdaşlaryňyz bilen paýlaşyň.

**II. Gözenekleri müsür faraonlarynyň, alymlarynyň, ybadathanalarynyň, hudaýlarynyň, şäherleriň, adalgalaryň, şahsyýetleriň, derýalaryň, žanrlaryň atlary bilen dolduryň.**



## §11. Mesopotamiýa medeniýeti

**Şumer-akkad medeniýeti.** Gadymy şumerleriň we akkadlaryň medeniýeti adamzat siwilizasiýasynyň iň gadymy ojaklarynyň biri hasaplanylýar. Miladydan öňki IV–III müňýyllyklarda gadymy şumerleriň we akkadlaryň medeniýetiniň ýüze çykandygyny alymlar tassyklapdyrlar. Häzirki zamanda gündogary öwreniji alymlaryň aglabasy şumerler wawilon medeniýetiniň nesilbaşysy bolupdyr diýip hasaplaýarlar. Şumerliler adamzat taryhynda ilkinjiler bolup poemalary, elegiýalary döredipdirler. Uruk şäheriniň häkimi Gilgameş baradaky rowaýatlar ýygyndysy şumer, soňra akkad diline terjime edilip, häzirki nesillere gelip ýetipdir. Ol beýleki halklaryň medeniýetiniň ösmegine-de uly täsir edipdir. Ol döwürde toýundan kartalar, balykçylyk goraghanalary döredilipdir.

Gadymy Mesopotamiýa medeniýetiniň döremeginde onuň ýerlerinde mekan tutan köp sanly halklaryň orny uludyr. Onuň ýokary derejä ýeten medeniýeti Alynky Aziýanyň, Eýranyň, Orta Aziýanyň medeniýetleriniň kemala gelmegine uly täsir edipdir. Mesopotamiýa halklarynyň binagärlikde, sungatda, hat-ýazuwyň döremeginde, edebiýatda, ylym we bilim ulgamynda gazanan üstünlikleri bütin Gadymy Gündogara nusga bolup, ol dünýä medeniýetiniň ösüşinde mynasyp orun tutýar.

**Şumerlilerde ylmy başlangyçlar we ösüşler.** Din ylmy bilimleriň kemala gelmegine uly täsir edipdir. Bilim almaklyga, esasan, ýokary gatlaklar gözegçilik edipdir. Gündelik durmuşda bolup geçýän hadysalara gözegçilik etmek ylmy bilimleriň ýüze çykmagyna getiripdir. Netijede, matematikanyň, astronomiýanyň, fizikanyň, himiýanyň, geografiýanyň, taryhyň, hukugyň, lukmançylygyň we beýleki ylymlaryň başlangyç esaslary işlenilip düzülipdir.

Gadymy Mesopotamiýada lukmançylyk ugry ösüp, ýokary derejä ýetipdir. Ýurtda eli ýeňil lukmanlar, hirurglar,

weterinarlar bolupdyr. Olar dömme, döwülme, zäherlenme, bagyr, aşgazan we iç kesellerini bejeripdirler, derdi anyklap bilipdirler. Lukmançylyga degişli maglumat kitapçalary, gollanmalary, dermanlary taýýarlamagyň usullarynyň we ýasalyş tärleriniň ýygyndylary saklanyp galypdyr. Şolaryň iň gadymylarynyň biri «Nippurly lukmanyň maglumat kitapçasy» (miladydan öňki XXIV asyr) bolup, onda suwuk üsgülewügiň dermanlary, çylşyrymly melhemler barada maglumatlar bar. Dermanlar taýýarlanylanda dürli görnüşli ösümlik we mineral maddalar ulanylypdyr. Wawilonda, Aşşurda patyşalaryň köşklerinde «asma bagy» diýen haýwanat bagy döredilipdir.

Gadymy şumerlilerde agronomiýa ylmyna degişli maglumatlar bilen birlikde edebi eserler hem bolupdyr. Esasanam, şumerlileriň «Ekerançynyň senenamasy» we «Bagbançylyk kitaplary» gyzykly maglumatlary berýär. Mesopotamiýalylaryň fizikanyň kanunlaryny bilendiklerini gämi gurluşygynyň gazananlary subut edýär. Olar dermanlary ýasanlarynda himiki täsirleşmeleri, metallardan we minerallardan reňkleri taýýarlamagy, emeli daşlary, syrçalary, aýnalary ýasamagy, metallaryň arassalygyny ýa-da ýasamadygyny anyklap bilipdirler.

Mesopotamiýada geografiýa ylmy hem ösüpdir. Şäherleriň, ýurtlaryň, derýalaryň, daglaryň, kanallaryň, basylyp alnan ýerleriň, salgytlaryň sanawy, ilat ýazgysy düzülipdir. Wawilon, Nippur, Sippar şäherleriniň gurluş meýilnamasy we kartasy döredilipdir. Döwletleriň serhetleri barada düşünjeler bolupdyr.

Taryh ugry boýunça esasy wakalaryň, patyşalaryň, wezipeli adamlaryň sanawlarynyň ýöredilmegi Mesopotamiýanyň taryhyndaky ösüşleriň, bolup geçen hadysalaryň döwürleri boýunça yzygiderliligini dikeltmäge ýardamy uly bolupdyr. Mundan başga-da, patyşalaryň ömür beýanlary we taryhy ýyl ýazgylary hem düzülipdir. Gadymy awtorlaryň taryh baradaky ýazan maglumatlarynyň käbir bölekleri häzirki döwre çenli gelip ýetipdir.

Mesopotamiýada hukugyň ösüşi ýokary derejä ýetipdir. Miladydan öňki III müňýyllygyň ahyrlarynda şumer dilinde kazyýet kanunlarynyň ýygyndysy döredilipdir. Hukuk kadalaryna we düzgünlerine laýyklykda subutnama ýygnalypdyr, taraplar ýüzleşdirilipdir. Emma adaty hukugyň käbir gadymy kadalary, ýagny kazyýetsiz jezalandyrmak we temmi bermek ýörelgesi saklanyp galypdyr.

Mesopotamiýada beýleki halklaryň ýaşamaklary filologiýanyň ösmegine şert döredipdir. Şumer we akkad dillerinde belgileriň we düşünjeleriň sanawlary, sowatdan gollanmalar, şumer-akkad, şumer-hurrit, şumer-akkad-hurrit, akkad-hett sözlükleri döredilipdir. Ýurtda iki dilde ýazgylar peýda bolupdyr. Daşary ýurt dilini gowy bilýän mürzeleri we terjimeçileri ýörite taýýarlapdyrlar.

**Astronomiýanyň döremegi.** Gadymy Mesopotamiýada astrologiýa bilen ýakyndan baglanyşykly astronomiýa ylmy uly sepgitlere ýetipdir. Köp basgançakly diňleriň (zikkurat) ýokarsyndan asman jisimlerine gözegçilik etmek ýola goýlupdyr. Müňýyllyklaryň dowamynda astronomiki gözegçilikler netije beripdir we bu babatda uly açyşlar edilipdir. Hasaplamalara görä, bir ýylyň 365 gün, 6 sagat 15 minut 41 sekunda barabar bolýandygyny hasaplapdyrlar. Şu wagtky ylmy hasaplamalara laýyklykda, ýylyň dowamlylygy 365 gün, 5 sagat 48 minut 46 sekunt diýlip hasaplanylýar.

**Aý senenamasynyň oýlanyp tapylmagy, matematikanyň ösmegi.** Aý senenamasynyň döredilmeginiň uly ähmiýeti bolupdyr. Her aý 29 ýa-da 30 günden, bir ýyl 12 aýdan – 354 günden ybarat bolupdyr. Aý senenamasy Gün senenamasyndan 11 gün çapraz gelipdir we her 3 ýyldan goşmaça on üçünji aý goşulypdyr. Ýyl mart, aprel aýlaryndan başlanypdyr. Miladydan öňki III müňýyllyga çenli her şumer şäheriniň öz senenamasy bolupdyr, aýlaryň köp böleginiň esasy hojalyk işleri bilen baglanyşykly ýöredilipdir. Olar aýlary «ekiş», «orak», «bugdaý», «arpa baýramy» ýaly möwsümlere bölüpdirler. Miladydan öňki III–II

müňýyllyklaryň sepgidinde nippur ulgamyny esas edip, bir nusga getirilipdir. Gün we Aý tutulmalary öňünden kesgitlenilipdir we hasaba alnypdyr. Asman jisimleriniň hereketi, meteoritleriň (asmandaşy) gaçan, ýer titremeleriň bolan seneleri bellenilipdir. Gün we suw sagatlary peýdalanylypdyr. Günüň başlanmagy Günüň dogmagy däl-de, ýaşmagy bilen başlanypdyr. Gadymy awtorlar astronomlaryň Naburimanni (miladydan öňki VI asyr), Kidinnu (miladydan öňki IV), «müneçjimleriň» ýörite mekdepleriniň bolandygy barada maglumatlary galdyrypdyrlar. Aşşurbanapalyň kitaphanasynda «Astronomiýa boýunça gollanma» atly gadymy kitabyň nusgasy saklanyp galypdyr.

Döwlet edaralaryndaky, binagärlikdäki, hojalykdaky alnyp barylýan işler, girdejiler we çykdajylar, ýeri hem-de agramy ölçemek, iş hakyny tölemek, salgyt ýygnamak, işçi güýjüni sanamak üçin hasap ýöretmeklik zerurlygy döräpdir. Netijede, matematika ylmy döräp, ol uly ösüşlere eýe bolupdyr. Şumerliler alty, soňra onluk sany döredipdirler. Mesopotamiýanyň gadymy ýaşaýjylary arifmetikanyň dört kadasyny: droby, algebraik deňlemeleri, kwadrat we kub derejä götermegi hem-de kök çykarmagy bilipdirler. Geometriýanyň başlangyçlary bilen tanyş bolupdyrlar. Olar π sanyny bilip, töweregiň uzynlygyny, tegelegiň meýdanyny, kesilen piramidanyň göwrümini, gönüburçly üçburçlugyň taraplarynyň gatnaşygyny hasaplamagy başarypdyrlar. Ölçegleriň metrik ulgamy we ölçeg hem-de agram ulgamy işlenip düzülipdir. Maksimal ölçeg talant (30,3 kg), minimal – şeum (galla – 0,046 g) diýlip alnypdyr.

Alym Ö. Gündogdyýew «Türkmenler we dünýä halklary» diýen kitabynda: «Ölçegleriň metrlik ulgamy girizilýänçä, bütin dünýäde ölçegiň we agramyň wawilon ulgamy agalyk edipdir we ýakyn wagta çenli rus metrologiýasynda öz yzyny galdyrypdyr» diýip belleýär.

**Ynançlar.** Gadymy Mesopotamiýanyň ýaşaýjylary tebigy hadysalara ynanypdyrlar. Olar Tigr we Ýewfrat

derýalarynyň suw joşmalaryndan, harasatlardan, ýyrtyjy haýwanlardan gorkupdyrlar. Adamlaryň ýaşaýyş durmuşynyň syrly pursatlaryna, pasyllaryň çalyşmagynyň sebäplerine düşünmändirler. Olar hemme bolup geçýän hadysalar hudaýyň emri, keramaty bilen bolýar diýip düşünipdirler. Mesopotamiýanyň ýerlerinde Şumeriň we Akkadyň gadymy oturymly ýaşaýjylary Aýa, Güne sežde edipdirler. Aý «hudaýlaryň atasy» hasaplanypdyr.

Mesopotamiýanyň ýaşaýjylary dini ynançlar bolan totemizme, jadygöýlüge, fetişizme, animizme uýupdyrlar. Adamlar haýsy hem bolsa bir haýwany hudaý hökmünde görüp, oňa degmändirler, oňa sygynypdyrlar.

Olaryň dinleriniň häsiýetli alamatlarynyň biri porhançylyk (magiýa) bolupdyr. Ýaşaýjylar gadymdan dowam edip gelýän jadygöýlügiň ýönekeýje görnüşlerini peýdalanypdyrlar. Gadymy adam jadygöýlük bilen adamy keselden, jyn-arwahlardan, bagtsyzlykdan halas edip bolýar diýip pikir edipdir.

Adamlar özleriniň keramatly hudaý diýip hasaplan jansyz zatlaryna çokunypdyrlar. Oňa fetişizm diýilýär.

Mesopotamiýalylar o dünýä baradaky düşünjelere ynanypdyrlar. Oňa animizm diýilýär.

**Köphudaýlylyk.** Mesopotamiýalylara politeizm (köphudaýlylyk) mahsus bolupdyr. Şumerliler ummanlaryň hudaýy Hammuna, Asman hudaýy bolan Ana we Ýer hudaýy Kine sežde edipdirler. Olardan beýleki hudaýlar döräpdir. Ýedi sany parasatly, güýçli hem-de gujurly hudaý has tapawutlanypdyr. Olara Ellil baştutanlyk edipdir. Umuman alnanda, suwuň, asmanyň hudaýlarynyň bolşy ýaly, herki zadyň öz hudaýy bolupdyr we olar dürlüçe atlandyrylypdyr.

Mesopotamiýalylar hudaýlaryň gelip çykyşy we ýaşaýşy barada birnäçe rowaýatlary döredipdirler. Oňa ylymda «teogoniýa» diýilýär. Rowaýatlar dünýäniň gelip çykyşy baradaky taglymata öwrülipdir. Ol ylymda «kosmogoniýa» diýlip atlandyrylýar.

**Hat-ýazuw.** Gadymy Mesopotamiýada miladydan öňki IV–III müňýyllyklaryň başlarynda Gündogarda iň gadymy hat-ýazuw döräpdir. Şumerler haty surat görnüşinde ýazypdyrlar. Olara häzir piktografiýa diýilýär. Haty toýun tagtajyklara ýazypdyrlar. Her surat bir sözi ýa-da düşünjäni aňladypdyr. Mysal üçin, aý diýip ýazjak bolsalar aýyň suratyny çekipdirler. Hat-ýazuwyň döremegi şumer siwilizasiýasyny ýokary derejä ýetiripdir.

Miladydan öňki III müňýyllygyň ortalarynda şumer haty kämilleşip, tahne ýazuwyna öwrülipdir. Suratlaryň okalyşy ýeňilleşdirilipdir we oňa käbir belgiler goşulypdyr. Tahnede ýazmak we okamak aňsat düşmändir. Haty akkadlylar hem kabul edipdirler. Şumer-akkad haty 600-e golaý bellikden ybarat bolupdyr.

Mesopotamiýada miladydan öňki I müňýyllykda akkad haty bilen birlikde, arameý elipbiýi ýaýrap, ol derä, papirusa, tagtajyklara, toýun kerpiçlere ýazylypdyr. Ýazgylarda şäherleriň, obalaryň, haýwanlaryň, ösümlikleriň sanawy berlipdir. Mesopotamiýalylar taryhda ilkinji elipbiýi döredenler diýlip hasap edilýär.

### Soraglar we ýumuşlar:

**I.**

**1.** Mesopotamiýanyň medeniýeti bilen birlikde başga haýsy ýurtlar dünýä siwilizasiýasynyň merkezi hasaplanylýar?
**2.** Gilgameş baradaky rowaýatlar ýygyndysy haýsy ýurda degişli?
**3.** Şumerlerde ylmyň ösmegine näme itergi beripdir?
**4.** Ylmyň haýsy ugurlary ösüpdir we onda gazanylan üstünlikler barada aýdyp beriň.
**5.** Aý senenamasyny nähili peýdalanypdyrlar?
**6.** Mesopotamiýalylarda nähili ynançlar bolupdyr?
**7.** «Teogoniýa» we «kosmogoniýa» näme?
**8.** Gadymy Mesopotamiýada hat-ýazuw haçan döräpdir?

### II. Mesopotamiýanyň şäherlerini tapyň:

Ahetaton, Uruk, Wawilon, Geliopol, Nippur, Sippar.

5. Sargyt № 1755.

# §12. Mesopotamiýa medeniýeti (dowamy)

**Binagärligiň ajaýyp nusgalary.** Gadymy Mesopotamiýanyň halklary binagärligiň ajaýyp nusgalaryny döredipdirler. Binalar, esasy, çig kerpiçden salnypdyr. Aýry-aýry ýagdaýlarda ymaratlaryň ýüzüne örmek üçin bişen kerpiçleri we seýrek ýagdaýda birnäçe kilometrden getirilýän daşlary ulanypdyrlar.

Miladydan öňki IV müňýyllykda mesopotam binagärliginiň şumer medeniýetine mahsus bolan häsiýetli aýratynlyklary kemala gelipdir. Şol döwürde iri ilatly merkezlerde beýik ybadathanalar gurlupdyr. Olaryň daşky diwarlary dik çykytly, ajaýyp görnüşliligi bilen görk beripdir. Şol döwürlerde giň möçberli daşdan ýasalan binalar gurlup başlanypdyr.



Urdaky diň (zikkurat). Miladydan öňki XXI asyr

Adamlaryň hem-de haýwanlaryň mifologik we ýaşaýyş durmuşy şekillendirilen uly bolmadyk silindr görnüşli daş möhürleri tapylypdyr.

Mesopotam binagärligine häsiýetli mukaddes sanlar hasaplanýan 3,5,7 basgançakly diňleri gurupdyrlar. Olaryň has bellisi Urda ýerleşip, onuň meýdany 65x43 metrden we üç basgançakdan ybarat bolup, dürli reňkler bilen reňklenipdir. Diňler özboluşly obserwatoriýalar hökmünde peýdalanylyp, ol ýerden ruhanylar asman jisimlerine gözegçilik edipdirler.



Iştaryň derwezesi. Miladydan öňki VI asyr

Patyşa häkimiýetiniň güýçlenmegi bilen köşk toplumlary gurlupdyr. Olarda birnäçe içki howlulardan ybarat bolan ýaşaýyş we goşmaça jaýlar, şeýle-de dabaraly ýörişler üçin zallar bolupdyr.

Miladydan öňki I müňýyllygyň birinji ýarymynda hökümdarlaryň saldyran köşkleri belent toplumlaryň hatarynda belli bolupdyr. Sargon II-niň köşgüniň belentligi 14 metre, meýdany 10 gektara barabar bolup, onuň diwarlary käbirleriniň agramy 14 tonna golaý bolan uly daşlardan örülipdir. Miladydan öňki III müňýyllykda ol uly binalar toplumyna öwrülipdir. Olarda patyşa goşunlarynyň ýeňişlerini we patyşanyň aw-şikaryny suratlandyrýan assiriýa relýefleri ýerleşdirilipdir. Mundan başga-da, Aşşurbanapal köşgündäki ýolbarsyň awlanyşyny suratlandyrýan relýefleriň asyl nusgasy örän ajaýyp sungat hasaplanylýar. Ýedi basgançakly Etemenankiniň diňleri we Iştaryň derwezesi ägirt uly köşk toplumlaryna alyp barýar.

Fransuz arheology Botta gadymy şäher bolan Dur-Şarrukinden assiriýaly patyşa Sargon II-niň rezidensiýasyny tapypdyr. Ol ýerden adam kelleli, göwresi öküz görnüşinde ganatly uly heýkeller tapylypdyr.

**Tehniki oýlap tapyşlar.** Mesopotamiýada Tigr we Ýewfrat derýalarynyň ýerleşmegi oturymly ilatyň suwarymly ekerançylyk bilen meşgullanmaklaryna giň mümkinçilik döredipdir. Olar hereketlendiriji güýç hökmünde tirkeg mallaryny peýdalanypdyrlar. Müňýyllyklaryň dowamynda azalyň, ýelkeniň, tigriň oýlanyp tapylmagy adamzat siwilizasiýasynyň taryhynda uly ösüşleriň başlangyjy diýlip hasaplanylýar.

Miladydan öňki IV müňýyllykda araba oýlanyp tapylypdyr. Ol iki sany tigirden ybarat bolup, oňa öküz ýa-da eşek goşulypdyr. Mesopotamiýalylar gaýyklara gaty matany ýa-da derini berkidip, ony şemalyň, suwuň akymyny ulanyp peýdalanypdyrlar.

Mesopotamiýalylar suwaryş ulgamlaryny döredipdirler, oba hojalyk gurallaryny, külalçylyk çarhlaryny, kirişli saz gurallaryny (lira we arfa) hem oýlap tapypdyrlar.

**Wawilonyň köşkleri we ybadathanalary.** Häkimleriň köşkleri zynaty we ajaýyplygy bilen tapawutlanypdyr. Maride miladydan öňki XVIII asyrda hökmürowanlyk eden häkim Zimrilimiň uly köşgüniň we 20 müň sany ýüzi tekiz toýun bölejiklerine hat ýazylan arhiwiniň üsti açyldy. Ol ýerde köp sanly suratlar bilen bezelen tagt zally, heýkeller, hammamlar, lagym (kanalizasiýa) ulgamy saklanyp galypdyr. Nimrud (gadymy Kalah) depesinde gazuw-agtaryşlar geçirilende patyşalar Aşşurnasirpal II-niň we Salmanasar III-niň köşkleri, söweşler, dini adatlar şekillendirilen, nagyşlar bilen bezelen we ganatly öküzleriň heýkelleri ýerleşdirilen köşkler tapylypdyr.

Ninewiýanyň köşkleri ägirt ululygy bilen tapawutlanypdyr. Esasan hem, aw pursatlarynyň relýefleri ussatlyk bilen ýerine ýetirilipdir.



Nimruddaky köşkdäki mermerden plitka. Assiriýa. Miladydan öňki 888–859-njy ýyllar

Wawilonyň esasy diňi Etemenanki Wawilonyň baş hudaýy Marduga bagyşlanypdyr. Mardugyň ybadathanasynda ýatmak üçin ýer we altyn stol goýlupdyr. Mardugyň diňini şäheriň dürli künjeginden görüp bolýan eken. Ol 500 ýyl durup, kem-kemden ýykylyp başlapdyr.

**Semiramidanyň bagy.** Wawilondaky ýedi täsinligiň biri bolan Semiramidanyň asma bagy mesopotam medeniýetiniň ajaýyp nusgalarynyň biridir. Miladydan öňki VI asyrda Wawilonyň patyşasy Nawuhodonosor II aýaly Amitise bagyşlap, täsin bag gurmagy buýrupdyr. Onuň aýaly midiýaly melike bolupdyr we ol öz ýurdundaky ýaly gök öwsüp oturan baglary küýsäpdir. Patyşa öz aýalyny begendirmek

hem-de görlüp-eşidilmedik gözelligi bilen dünýäde şöhratlanjak bagy döretmegi ýüregine düwüpdir.



Wawilondaky
Semiramidanyň asma bagy

Semiramidanyň asma bagy piramidany ýatladyp, ol dört sany gatdan we küňreli eýwanlardan ybarat bolupdyr. Köşgüň her gatyny 25 metre barabar bolan sütünler saklapdyr. Olaryň her biri deňi-taýy bolmadyk ösümlikler: güller, otlar, agaçlar we gyrymsy agaçlar bilen bezelipdir. Nahallary we tohumlary Wawilonyň ähli ýurdundan getiripdirler. Piramidanyň daşky görnüşi hemişe gök öwüsýän we gülleýän baýra meňzäpdir. Sütünleriň bir boş ýerinde turba ýerleşipdir. Müňlerçe adamlar deryadan suwy getirmek üçin gije-gündiz çarhy aýlap durupdyrlar we şeýle usul arkaly bagy suwarypdyrlar. Bu owadan bag üýtgeşik gülleri, ýakymly, salkyn howasy bilen Wawilondaky dünýä täsinligi hasaplanypdyr.

**Heýkeltaraşlyk we relýef.** Miladydan öňki IV–III müňýyllykda daşdan ýasalan heýkeltaraşlyk giň gerime eýe bolupdyr. Olaryň arasynda öküzler, ýolbarslar, aw pursatlary, haýwanlaryň eldekileşdirilişi, gahrymanlar suratlandyrylypdyr. Beýleki görnüşler daş plitaly relýeflerde we heýkeltaraşlykda şekillendirilipdir. Ybadathananyň harabalygyndan zyýaratçylaryň heýkelleri tapylypdyr. Mesopotamiýada hyýaly şekilleri ýasamak däbi döräpdir. Heýkellerde adamyň we haýwanyň keşbi şekillendirilipdir.

Urukdan alebastrdan ýasalan heýkel tapylypdyr, mermerden edilen perdede zenanyň ýüzüniň keşbi şekillendirilipdir («Urukly zenan», Yrak muzeýi, Bagdat). Onuň sadapdan goýlan gözi saklanyp galmadyk hem bolsa, keşbiniň ýasalyşy ajaýyp görnüşi berýär. Maglumatlara görä, ol hudaýyň heýkelini bezäpdir ýa-da hudaýyň wezipe-

sini ýerine ýetirýän ruhanylaryň ybadat edilýän wagty ýüzlerini ýapýan nikap hökmünde peýdalanypdyr.

Akkad suratçylary şekillendiriş sungatynda ösüşlere gadam basypdyrlar. Olar relýefde adam şekillerini erkin şekillendirmegi öwrenipdirler. Sargonlaryň eýýamyna degişli akkad patyşasy Haramsine bagyşlanyp «Haramsiniň sütüni» eserini görkezmek bolar. Pelýefde ol goşunlaryň başyny tutup, daga çykyp barýan görnüşde suratlandyrylypdyr. Suratçy ýöräp barýan batyrgaý patyşasyny we onuň öňünde duşman goşunlarynyň ýaralanyp ýere ýykylyşlaryny şekillendiripdir. Relýeflerde aýratyn hem şekilleriň ýerleşişi, olaryň sazlaşygy ünsi çekýär.

**Hetleriň we assiriýalylaryň sungaty.** Hetleriň sungaty birmeňzeş bolmandyr. Kiçi aziýaly hetleriň (Hattuşaş, Ýazyly-Kaý) miladydan öňki XVIII–XII asyrlara, Demirgazyk Siriýanyň (Samal, Karhemiş) miladydan öňki XVIII–XII asyrlara degişli ýadygärlikleri tapawutlanýarlar.

Demirgazyk Assiriýanyň Het şäherlerinde elliptik ýa-da tegelek meýilnamalaşdyrylyş (Samal, Karhemiş) özboluşlylyga eýe bolup, şäherleriň içki bölünişiginde goranmagy güýçlendirmek maksady bilen, gala diwarlary gurlupdyr. Alynky Aziýada hetler binagärlikde ilkinji gezek ägirt uly örmeleri (Hattuşaş, miladydan öňki II müňýyllyk) ulanypdyrlar.

Hetleriň köşkleri we ybadathanalary monumental häsiýetli portal heýkeltaraşlygynyň giň ösüşe eýe bolandygyna şaýatlyk edýär. Ägirt uly ýolbarslaryň we sfinksleriň şekilleri derwezäniň töwereklerinde hem-de çykalgasynda (Hattuşaş, Sekçe-Gezu) daş böleklerinden haşamlanyp goýlupdyr.

Het sungaty Kiçi Aziýanyň, Zakawkazýäniň we Assiriýanyň halklaryna hem uly täsir edipdir.

Giçki mitaniý (Mitaniý hurrit döwleti miladydan öňki XVII asyrda döreýär) sungatyna degişli Tel Halafdaky Kapar patyşanyň köşkler toplumy (miladydan öňki XI–IX asyr-

lara degişli) has gyzyklandyrýar. Bu ýerde binagärlik monumental heýkeltaraşlyk bilen baglanyşykly häsiýete eýe bolupdyr.

Ö. Gündogdyýew: «Het-mitaniý sungatynyň Margiananyň (Gündogar Türkmenistan) sungaty bilen hem köp meňzeşligi bar. Hetleriň şekillendiriş sungaty massagetleriň b.e. ö. VI asyrdaky sungaty bilen meňzeş» diýip belleýär.

**Kitaphanalar we arhiwler.** Medeni ýadygärlikleri gorap saklamakda arhiwler we kitaphanalar ähmiýetli orna eýe bolupdyr. Ol ýerlerde ilki esasy gerek bolan administratiw, hojalyk we hukuk resminamalar, hatlar saklanypdyr. Häzirki döwre çenli ybadathana, köşk, söwda, hususy arhiwler we kitaphanalar saklanyp galypdyr.

Kitaphanalar ybadathanalarda, köşklerde, mekdeplerde, aýry-aýry adamlaryň öýlerinde döredilipdir. Esasanam, Kalhudaky, Aşşurdaky we beýleki şäherlerdäki assiriýa kitaphanalary giňden şöhratlanypdyr. Olardan iň bellisi Ninewiýadaky Assiriýa şasy Aşşurbanapalyň kitaphanasy bolup, onda patyşanyň möhri basylan 20000-den gowrak resminamalar toýun tagtajyklaryndan ýasalan tekjelerde ýerleşdirilipdir. Şonuň bilen birlikde patyşalaryň hatlary, ylmy tekstler we edebi eserler, olardan has gadymkylary hem ýygnalypdyr. Aşşurbanapal öz emeldarlaryna seýrek ýa-da ýok eserleriň asyl nusgalaryny we nusgalaryny kitaphana getirmegi buýruk beripdir.

Soltandepede (gadymy Harran welaýaty) gazuw-agtaryş işleri geçirilende Kurdi-Nergalanyň hususy kitaphanasyndan okuwçylaryň ýerli mekdepden alyp göçüren edebi eserleriniň nusgalary tapylýar. Mysal üçin, «Nippurly garyp» poema-ertekisi, lukmançylyga degişli tekstler, dogalar ýazylan tagtajyklar tapylýar.

Gadymy kitaphanalarda ýerleşýän zatlar kataloglar esasynda tertipleşdirilipdir. Katalog düzmegi şumerliler oýlap tapypdyrlar.

**Soraglar we ýumuşlar:**

1. Müsür bilen Mesopotamiýanyň binagärligini deňeşdiriň.
2. Mesopotamiýada edilen tehniki oýlap tapyşlar barada aýdyp beriň.
3. Wawilonyň köşkleri, ybadathanalary haýsy ýerlerden tapylypdyr we olar kime bagyşlanypdyr?
4. Toparlar boýunça ýa-da özbaşdak işlemek. «Medeniýet» oýny: Mesopotamiýa degişli 5 sany geografiki atlary, Mesopotamiýa bilen baglanyşykly sungata degişli 5 sany ýadygärlikleriň atlaryny, Mesopotamiýa bilen baglanyşykly 5 sany patyşalaryň atlaryny atlandyryň. Haýsy topar ýa-da kim özbaşdak ilki bolup ýerine ýetirse, şol ýeňiji hasaplanylýar.
5. Mesopotamiýanyň medeniýetine degişli maglumatlary ýygnaň we pikirleriňizi synpdaşlaryňyz bilen paýlaşyň.

## §13. Gadymy Eýran medeniýeti

**Taryhy-medeni ýadygärlikler.** Monumental binagärlik we heýkeltaraşlyk. Eýran gadymy gündogar medeniýetiniň dörän ýerleriniň biridir. Uzak dowam eden taryhynyň dowamynda Eýranda ençeme siwilizasiýalar we medeniýetler döräpdir.

Her bir ýurduň ruhy hem-de medeni durmuşynyň ösmegine özara baglanyşyk we gatnaşyk öz täsirini ýetirýär. Eýran Mesopotamiýadan pahna ýa-da şine hat-ýazuwyny, Assiriýadan bolsa binagärlik sungatyny kabul edip alypdyr.



Persepol. Miladydan öňki V asyr

Eýranyň çäklerinde geçirilen arheologik gazuw-agtaryşlar hem-de häzirki wagta gelip ýeten taryhy-medeni ýadygärlikleriň öwrenilmegi ýurduň çäginde baryp gadymy döwürlerde ýokary derejede ösen ençeme siwilizasiýalaryň we medeniýetleriň bolandygynyň üstüni açdy.

Ahemenileriň agalyk eden döwri Eýran medeniýetiniň we sungatynyň gülläp ösen zamany bolupdyr. Eýran şalary bolan Dariniň we Kiriň döwründe ýurduň medeniýeti, medeni taýdan özgerişi özüniň iň ýokary ösüş derejesine ýetipdir.

Medeniýetiň ösüşi iki ugur arkaly, ýagny dini ideýalary hem-de beýik hökümdarlaryň güýç-kuwwatyny, gahar-gazabyny, men-menligini, olaryň binagärlik we heýkeltaraşlyk sungatyndaky gazananlaryny beýan etmek bilen baglanyşdyrylypdyr. Hut şuňa görä-de, gadymy eýran sungatynyň ösüş ugry, esasan binagärligi we amaly-haşam sungatyny ösdürmäge gönükdirilipdir. Bu sungatyň çäginde bolsa esasy üns medeni ojaklar hem-de merkezler bolan şäherlere berlipdir. Şeýle şäherlere, ozaly bilen, dürli wagtlarda şadöwletiň paýtagtlary bolan Pasargad, Suzy we Persepol şäherleri degişli bolupdyr.

Gadymy Eýranda Ahemeniler neberelerinden bolan patyşalaryň gurduran iň täsin, ajap haşamlanan desgalaryň biri ýurduň soňky paýtagty Persepoldyr.

Gurluşykçylar köşk ulgamlaryny gurmak üçin iň gymmat, owadan daşlary, üýtgeşik agaçlary, simu-zerleri ulanypdyrlar. Desgalaryň diwarlarynyň ýüzi dürli owadan reňkler bilen suwalypdyr, esgerleriň, ruhanylaryň, haýwanlaryň güberçekli keşpleri bilen bezelipdir.

Şeýle gözelligiň bary eýran patyşalarynyň güýç-kuwwatyny we hökmürowanlygyny beýan etmek üçin döredilipdir.

**«Jemşidiň tagty» (Tagty-Jemşit).** Gadymy Eýran binagärlik sungatynyň ajaýyp nusgalarynyň biri-de «Tagty-Jemşit» (Taht-e Jemşid) köşkler toplumydyr.



Dariý I-niň köşgüniň merkezi zaly. Persepol. Miladydan öňki V asyr

Ahemeniler neberelerine degişli bolan bu kaşaň köşk ulgamynyň gurluşygyna Dariý patyşanyň döwründe (miladydan öňki 521-nji ýylda) başlanyp, onuň gurluşygy 150 ýyllap dowam edýär. Köşgüň tutýan meýdany 125 müň inedördül m-e barabardyr. Bu binalar toplumynda degişi Apadana köşgi, Dariniň köşgi, 100 sütünli köşk, «Tagty-Jemşit» hazynasy, Suraň köşgi, Ardaşir II-niň we Ardaşir III-niň köşkleri, Haşaýar şanyň (Kserks I) köşgi ýaly binalardyr desgalar ýerleşipdir. Ajaýyp köşkleriň biri-de Pasargaddaky Kiriň Murýab jülgesinde ýerleşen köşgüdir.

Bu köşgüň tutýan meýdany 2620 inedördül m-e barabar bolupdyr. Köşgüň gündogar böleginde başga bir desga ýerleşip, onda ganatly adamyň güberçekli keşbi çekilipdir. Ybadathana bolan bu köşk gadymy binalaryň biridir. Köşgüň hakyky ady «Parsagad» bolup, ol «sežde edilýän ýer», «çokunylýan ýer» diýen manyny aňladypdyr.

Gadymy Eýranda kümmetleriň gurluşygyna-da uly üns berlipdir. Şeýle desgalaryň biri Murýab jülgesinde ýerleşen Kiriň kümmetidir. Bu desga düýbi dörtburçly üsti-üstüne goýlan alty gat uly daş bölekleriň üstünde gurlan, boýy 11 metre barabar bolan bir öýli jaýdyr.

Kir jaýlananda zoroastrizm däbine eýermändir. Däbe görä, merhumyň jesedi ýörite ýere eltilip, ite-guşa şam bolsun diýip goýulýar. Kiriň jesedi bolsa mumiýalanylyp, ýörite boşlugyň içinde jaýlanýar.

Gadymy eýran patyşalary öz adyny ebedileşdirmek üçin dagyň gaýasyny çapdyryp, ýadygärlik ýazgylaryny etdiripdirler. Şolaryň biri Ahemeni patyşasy Haçaýaryň hökümdarlyk eden döwründe Hemedanyň golaýyndaky Elwent dagynyň gaýasynyň ýüzi çapylyp ýasalan «Gençnama» ýazgylarydyr.



Dariý I (Miladydan öňki 522–486-njy ýyl)

Ýazgylar üç sütünde ýerleşdirilip, olaryň her birinde gadymy pars, wawilon we elam dillerinde 20 setirden ybarat bolan ýazgylar edilipdir.

Şol ýazgylaryň birinde: «Ahuramazda – beýik Hudaý, ol asman-zemini ýaratdy, adamlaram, olaryň şatlygydyr begenjinem döretdi, köpleriň arasyndan Darini saýlap patyşa etdi, adamlara hökümdar belledi. Dariý – beýik patyşa, patyşalaryň patyşasy, ýer ýüzüniň hökümdary» diýen setirler bar.

Pasargaddaky gözel binalaryň beýleki biri patyşa apadanasy – kabulhanasydyr. Ol 4000 ga meýdany tutup, ony her biriniň boýy 18 metre barabar bolan 72 sany sütünler bezäpdirler.

Bu desganyň golaýynda gurlan hazyna jaýy hem täsin bina bolup, onda patyşalaryň ähli gymmatlyklary goýlupdyr. Hazyna baglylygynyň ýazgylarynda Isgender Zülkarneýiniň Eýrany basyp alandan soň, ýurduň baýlyklaryny 3000 düýä ýükläp, Gresiýa iberendigi barada aýdylýar.

Eýranyň taryhy ýadygärlikleri henize-bu güne çenli görenleri haýran galdyryp gelýär. Beýik türkmen akyldary Magtymguly Pyragy hem şol binalary görüp: «Isgender, Jemşit saldyran, beýik binalar görner» diýip ýazypdyr.

**Bisütün ýazgylary.** Eýranda patyşalar tarapyndan çykarylan permanlar, buýruklar, resminamalar, hatlar, taryhy ýazgylar saklanyp galypdyr. Olardan Bisütün ýazgylaryny görkezmek bolar. Bisütün ýazgylary Hemedandan Bagdada gidýän ýoluň ugrundaky dag gaýasynyň ýüzüne oýulyp ýazylypdyr. Onda Dariý I we onuň şanly ýeňişleri şöhratlandyrylypdyr, ýurtlaryň birnäçesiniň atlary, bolup geçen wakalar barada maglumatlar berlipdir.

**Soraglar we ýumuş:**

1. Persepol şäheri barada nämeleri bilýärsiňiz?
2. «Jemşidiň jamy» rowaýatynda näme barada gürrüň edilýär?
3. Diniň Eýranyň binaşynaslyk, heýkeltaraşlyk sungatyna eden täsirine mysallar arkaly düşündiriş beriň.
4. Bisütün ýazgylary Eýranyň haýsy ýerinde ýerleşipdir we onuň many-mazmuny nämeden ybarat?

## §14. Zoroastrizm dünýägaraýyş hökmünde



Dariý I-niň möhüri



Altyndan ýasalan çapuksuwaryň heýkeli. Ahemenileriň döwri



Altyndan ýasalan gap. Miladydan öňki XIII–XII asyr

Gadymy Eýranyň ilaty zoroastrizm (otparazlyk) dinine uýupdyr. Halk Ahuramazda hudaýyna sežde edipdir. Bu dinde Gün, Aý, ýyldyzlar hem hudaýlaşdyrylypdyr.

Zoroastrizm dini Eýran we onuň bilen ýanaşyk ýurtlara ýaýrapdyr. Zoroastrizm dininiň mukaddes kitaby «Awesta» bolupdyr. Midiýa patyşasy Astiag zoroastrizm dinini resmi döwlet dini diýip ykrar etdiripdir. Ol döwürde däp-dessurlary bilýän we ýerine ýetirýän ruhanylara ynanylypdyr. Olaryň üstünde bolsa baş ruhany durupdyr. Saklanyp galan möhürleriň ýüzündäki şekillerde däp-dessurlary berjaý edýän ruhanylaryň keşbi beýan edilipdir.

Eýranda ybadathanalaryň gurluşygyna uly üns berlip başlanypdyr. Uruşlar döwründe ýykylan ybadatnahanalar täzeden dikeldilipdir. Dini baýramçylyklar yzygiderli guralyp durupdyr. Şa adamlara baý peşgeşleri paýlapdyr. Patyşa beýleki halklaryň dinine hem hormat bilen garapdyr. Ola-ra-da zoroastrizm dinine uýýanlar bilen bir hatarda ybadathanalary saldyryp beripdir. Dini baýramçylyklarda basylyp alnan ýurtlaryň halklary bilen ýerli halky agzybir

saklamagy maksat edinip, patyşa tarapyndan ybadathanalarda ýörite sadakalar berlipdir.

**Edebiýat.** Gadymy Eýranyň edebiýaty barada aýdylanda, olara parslaryň döreden mifleri hem-de «Awesta» kitaby degişlidir. «Awesta» barada ozal aýdylansoň, rowaýatlar (mifler) hakynda gürrüň etmek ähmiýetlidir.



Kümüşden ýasalan riton. Miladydan öňki V asyr

Köp sanly mifleriň arasynda iň meşhury we gyzyklysy Jemşit şa bilen baglanyşyklydyr. Rowaýata görä, ähli eýranlylaryň nesilbaşysy bolan Jemşit şa 700 ýyl hökümdarlyk edipdir. Eýranlylaryň «Altyn asyry» hasaplanylan şol ýyllaryň bütin dowamynda Eýranda, hamana kesel, ölüm, garramaklyk, garyplyk bolmanmyş. Jemşit şa adamlara at dakmagy, çyrany, matany tapyp berenmiş, jaý salmagy, gaýyk ýasamagy, demir eretmegi, gap-gaçlary ýasamagy öwredenmiş. Emma onuň iň oňat tapyndysy «Jemşidiň jamy» bolupdyr. Rowaýatlara görä, Jemşit islendik wagtda jamyna seredip, dünýäniň ähli çäklerinde nämeleriň bolýandygyny görüp bilipdir.



Altyndan ýasalan riton. Miladydan öňki V asyr

**Sungat.** Gadymy Eýran sungaty dürli halklaryň: elamlylaryň, assiriýalylaryň, müsürlileriň, grekleriň medeniýetleriniň utgaşmagynda döräpdir. Şoňa görä-de, olarda bir-birine özboluşly meňzeşlik duýlupdyr. Olar wagtyň geçmegi bilen barha kämilleşipdir. Sungat ussatlary metaldan dürli gap-gaçlary, şirmaýydan bulgurlary ýasap, olary nagyşlar, haýwanlaryň suratlary bilen çeper bezäpdirler. Zergärçilikde, şaý-sepleriň aýry-aýry görnüşleri ýasalanda dürli görnüşdäki haýwanlaryň keşbi şekillendirilipdir. Bu

işde gymmat bahaly daşlar hem ulanylypdyr. Şol döwürler külalçylyk önümleri köpçülikleýin ýasalyp, olar dürli nagyşlaryň üsti arkaly haýwanlaryň we adamlaryň şekilleri bilen bezelipdir. Patyşa möhürleriniň ýüzünde guşlar we ýyrtyjy haýwanlar şekillendirilipdir.

**Aragatnaşyk etikasy.** Eýranda edep kadalaryny saklamaga uly ähmiýet berlipdir. Ynsan keşbini gowy häsiýetler, mylaýymlyk we myhmansöýerlik bezeýär diýip hasap edilipdir. Eýranlylar beýleki halklar bilen agzybirlikde ýaşamaga çalşypdyrlar.

**Soraglar we ýumuşlar:**

1. Gadymy Eýranyň ilaty haýsy dine uýupdyr?
2. Patyşalar dini baýramçylyklary nähili geçiripdirler ?
3. Dini baýramçylyklaryň nähili ähmiýeti bolupdyr?
4. Eýran edebiýatynyň ösüşi barada aýdyp beriň.
5. Gadymy Eýranyň amaly-haşam sungatynyň we çeper edebiýatynyň gazananlaryny häsiýetlendiriň.

## §15. Hytaý medeniýeti

**Hat-ýazuw we kagyzyň oýlanyp tapylmagy.** Iň gadymy hytaý hat-ýazuw ýadygärligi miladydan öňki XIV–XI asyrlara degişli bolup, ol In döwrüniň täleýnamasydyr. Alymlar ol has ir ýüze çykandyr diýip çak edýärler. Hytaý hat-ýazuwynyň gadymy nusgalary biziň günlerimize ýeterlik derejede ösen ýagdaýda gelip ýetipdir. Üstesine-de, gadymy hytaý hat-ýazuwy tipologik nukdaýnazardan, häzirki zaman iýerogliflerinden kän bir tapawutlanmaýar. Hytaý elipbiýi hytaý dili bilen bilelikde ösüpdir.

Miladydan öňki I we II asyrlarda iýeroglifleri ýazmagyň täze usuly ýüze çykyp, ol häzirki döwrüň hatyna meňzeş hasaplanylýar.

Miladydan öňki I müňýyllykda hatlar ýüpek matalara ýazylypdyr. Hatlar agaç ýa-da bambuk tagtajyklarynyň

ýüzüne çotgajyklar bilen hem ýazylypdyr. Metaldan ýasalan pyçaklar, köplenç bozguç hökmünde ulanylypdyr.


Altyndan ýasalan bürgüt. Ahemenileriň döwri

Miladydan öňki II asyrda ýaşap geçen Saý Lun kagyzyň taýýarlanylyşy we kämilleşdirilişi barada ýazypdyr. Kagyzyň peýda bolmagy bilen, hatlar indi kagyzyň ýüzüne ýazylyp, öňki serişdeler ulanyşdan galyp başlaýar.

**Edebiýat.** Sin imperiýasy synandan soň, imperator Çen Han imperiýasynyň çäginde gadymy ýazuw ýadygärliklerini ýygnamaklygy buýurýar. Bu iş Lýu Sýan, Lýu Sin, Ýan Sýun tarapyndan ýerine ýetirilipdir. Şol döwürlerde filologiýa ylmy, şygryýet ösüpdir, ilkinji sözlükler düzülipdir. Iri göwrümli çeper hem-de taryhy eserler peýda bolýar.

«Taryhy ýazgylar» (Şi-szy) atly 130 jiltlik eseri meşhur taryhçy Syma Sýan (miladydan öňki 145–90-njy ý.) ýazypdyr. Bu eser sene taýdan hytaýlylaryň nesilbaşysy Huandiden başlap, Udiniň dolandyran döwrüniň ahyrlaryny öz içine alypdyr.

Hytaý taryhçysy Ban Gu (32–92) tarapyndan ýazylan «Han-şu» (Han nesilşalygynyň taryhy) eseri hem gadymy döwre degişli bolup, onda Irki Han nesilşalygynyň taryhy we Hytaýyň bibliografiýasy ýerleşdirilipdir.

Han edebiýatçylarynyň arasynda döwürdeşlerinden tapawutlanan ajaýyp şahyrlaryň biri Syma Sýanžu (miladydan öňki 179–118-nji ý.) bolupdyr. Onuň halk lirikasyna meňzedip ýazan «Çeňňek» atly eseri bellidir.

**Folklor däpleri esasynda ilkinji şahyrana eserleriň peýda bolmagy.** Halk döredijiliginiň bir žanry bolan aýdym-saz sungaty hytaý şygryýeti bilen berk baglanyşykly bolupdyr. U patyşalygy halk aýdymlaryna üns beripdir, şoňa görä-de, şol döwrüň eserleriniň köp bölegi saklanyp

galypdyr. Awtorlary belli bolan aýdymlar halk aýdymlaryna meňzeş edilip döredilipdir. Olar zähmete, söýgä bagyşlanyp düzülipdir. Gadymy Hytaý saz gurallary kirişli, üflenip, kakylyp çalynýan toparlara bölünipdir. Konfusiýçylar «Aýdym, saz we şygryýet bir bitewi sungatdyr. Adamlar söz bilen aldap bilerler, ýöne saz aldamaga ukyply däldir» diýip aýdypdyrlar.

Han – imperator Szýan Diniň (190–220) döwri ýuefu lirikasynyň ýokary derejä ýeten döwri, hytaý şygryýetiniň «Altyn asyry» hasaplanylýar. Şol döwürde ajaýyp halk eserleri döredilipdir.

**Şahyrlar Sýuý Ýuan we Sýu Ýuý.** Çu patyşalygynda ýaşap geçen beýik şahyr Sýuý Ýuan (miladydan öňki 340–278-nji ý.) ençeme liriki hem-de tragiki eserlerini döredipdir. Onuň çuň manyly goşgularynda hyýaly keşpler ussatlyk bilen janlandyrylypdyr. Ol aýdym-saz žanrynyň hem esasyny goýupdyr.

Şygryýetiň ösüşine öz goşandyny goşanlaryň biri hem Sýu Ýuýdur (miladydan öňki 290–223-nji ý.). Sýuý Ýuandan tapawutlylykda, ol öz goşgularynda durmuşyň şatlykly pursatlaryny köp wasp edipdir. Onuň «Tanyň beýik daglary» odasy hytaý şygryýetinde uly söýgi gazanypdyr.


Konfusiý

**Konfusiýçylyk, daoçylyk we olaryň hytaý medeniýetine täsiri.** Ýewropa ylmy edebiýatynda «Konfusiý» ady bilen tanalýan beýik filosof Kun Szy (miladydan öňki 551–479-njy ý.) Hytaýyň köpmüňýyllyk taryhynda uly yz galdyrypdyr. Ol umumadamzat gymmatlyklary derejesindäki pikirleri öňe sürüpdir. Konfusiý öz taglymatynda döwürdeşlerini ynsanperwer bolmaga, ululara hormat goýmaga, baýlyga

kowalaşmazlyga, ata-babalaryň däp-dessurlaryny berjaý etmäge we olaryň döwrüniň düzgünlerine dolanmaga çagyrypdyr. Ol döwlet gurluşy bilen maşgala gatnaşyklarynyň üýtgewsiz bolmagy hakyndaky pikirleri öňe sürüpdir. Konfusiniň garaýyşlary «Lunýuý» («Pikirler we gürrüňler») kitabynda öz beýanyny tapypdyr.

Konfusiý taryhda ilkinji gezek hususy mekdebi açypdyr. Mekdepde ahlak bilen baglanyşykly meseleleri çözmekde filosofiki pikirler esasy orun tutupdyr. Ol ýerde Konfusiý durmuşy, adam we adamzat jemgyýeti baradaky meselelere has köp üns beripdir.

Konfusiniň taglymatynyň mazmunyny çagalykdan öwredipdirler, her bir bilimli adam ony ýatdan bilipdir we ömrüniň ahyryna çenli öwrenipdir. Konfusiý täze döreden edep taglymatynda ahlaklylyk kanunyny, adamsöýüjiligi esasy özen edip goýupdyr. Ol «Özüňe uslyp däl zatlary özgelere arzuw etme» diýip aýdypdyr, adamyň durmuşynda «aralyk» çägiň bolmagynyň zerurdygyny nesihat beripdir. Konfusiý ogul bilen atanyň, kiçiler bilen ulularyň, emeldar bilen hökümdaryň arasynda adamsöýüjilik gatnaşyklarynyň bolmagyny wagyz edipdir. Akyldar dolandyryjylary özgeler babatynda adalatly bolmaga, görelde görkezmäge, zerur adatlary dogry berjaý etmäge çagyrypdyr, munuň bolsa halkyň şolardan ugur almagyna getirjekdigini aýdypdyr. Ol esasy zat gorky däl-de, ynamdyr diýip aýdypdyr. Konfusiýçylykda adamyň islemeýän zadyny mejbury ýol bilen kabul etdirmek ündelmändir.

Han imperiýasynyň döwri (miladydan öňki III – miladynyň III asyrlary) konfisiýçylygyň aňyýet hökmünde ösen hem-de agalyk eden döwri bolupdyr. Şol döwürler medeniýet hem ösüpdir. Konfusiýçylyk däplerine görä, döwlet wezipelerine geçmek üçin synag tabşyrmaly bolupdyr. Han imperiýasy synandan soň Hytaýda köp wagtlap syýasy durnuksyzlyk dowam edipdir. Konfusini öz döwrüniň akyldary hasaplapdyrlar. Konfusiniň «Men döredemok, özge-

6. Sargyt № 1755.

lere geçirýärin» diýen sözleri halkyň arasynda belli bolup galypdyr.

Mo Szy (miladydan öňki 372–289-njy ý.) hem meşhur hytaý akyldarlarynyň biri bolupdyr. Ol Mo Di ady bilen hem meşhurdyr. Ol wezipeleriň we durmuş artykmaçlyklarynyň miras galmagyna garşy, adamlara durmuşda zerur zatlardan başga artykmaçlyklary döretmezligiň tarapdary bolup çykyş edýär. Ol maddy baýlyk hasaplanylýan aýdym-sazy döretmegiň zerurlygynyň ýokdugyny aýdypdyr. Mo Szy «moçiler» (moistik) filosofik akymyny esaslandyrypdyr.

Käbir filosoflar moistleriň taglymatyny kabul edipdirler we olar «legistleriň» (hytaýly danalaryň) filosofik mekdebini döredipdirler. Legistler ähli zat kanun esasynda amala aşyrylmalydyr diýip hasaplapdyrlar.

Miladydan öňki IV asyrda daoçylyk dini döräpdir. Ony Lao Szy esaslandyrypdyr. Ol «Dao we de hakynda kitap» (Daodeszin) eserini ýazypdyr we ol daoçylygyň esasy kanuny hasaplanypdyr. Şol taglymata laýyklykda, «Adamlaryň isleglerinden daşary bir «ýol» (dao) hereket edýär, hökümdar bolsa döwleti dolandyrmakda ýalňyşlyk goýbermezlik üçin hiç zada goşulman oturmaly» diýip düşünipdirler. Daoçylyk aňyýet hökmünde sungat adamlaryna ylham berse, ýene birlerini terkidünýälige iteripdir.

**Hytaý filosofiýasynyň «Altyn asyry» döwri. «Aýdymlar kitaby».** Gadymy hytaý filosofiýasy Çunsýu (Ýaz we Güýz) döwründe döräpdir we ol Hytaý filosofiýasynyň «Altyn asyry» döwri diýlip atlandyrylypdyr. Gadymy hytaý filosofiýasyny Konfusiý esaslandyrypdyr.

Gadymy Hytaýda filosofiki pikirleriň ösüş tapgyrlary birnäçe döwürlere bölünýär:

1. Filosofiki garaýyşlaryň döremegi (miladydan öňki VIII–VI asyrlar);

2. Filosofiki pikirleriň gülläp ösen döwri (miladydan öňki VI–III asyrlar);

3. Konfusiýçylygyň döwlet aňyýetine öwrülmegi (miladydan öňki II – miladynyň I–II asyrlary);

4. Daoçylygyň we butparazlygyň täsiriniň güýçlenen döwri (III–X asyrlar).

Miladynyň VI asyrynda Hytaýda filosofiýa mekdepleri peýda bolupdyr. Jemi alty sany filosofiýa mekdepleri (konfusiýçylyk, moizm, legizm, daoçylyk, inýan (naturafilosoflar) we sofistleriň gadymy hytaý filosofiýa mekdepleri) hereket edipdir. Emma olaryň köpüsi konfusiýaçylyga degişli bolupdyr.

Gadymy Hytaýda çeper edebiýat ösüpdir. Şolardan iň gadymysy goşgy bilen ýazylan «Şiszin» («Aýdymlar kitaby») eseridir. «Aýdymlar kitaby» edebi ýadygärlikleriň hatarynda belli bolupdyr. Onuň asyl nusgasy biziň günlerimize çenli gelip ýetipdir. Ol «Patyşalaryň gylyklary», «Kiçi odalar», «Uly odalar», «Senalar» atly dört bölümden ybarat bolup, onda 305 sany goşgy toplumy ýerleşdirilipdir. Ýöne käbir irki ýazuw çeşmelerinde, mysal üçin, «Szoçžuanda» we «Goýuýda» bu eserdäki käbir aýdymlara duş gelmek bolýar. Şol aýdymlar bolsa «Şisziniň» häzirki zaman nusgasyna girizilmändir. Onuň hem sebäbi, beýleki ençeme eserler bilen bir hatarda «Aýdymlar kitaby» hem miladydan öňki 213-nji ýylda Sin imperiýasyny esaslandyryjy Sin Şihuandiniň buýrugy bilen ýok edilipdir. Emma, barybir, Sin imperiýasy döränden soň hem «Aýdymlar kitabynyň» birnäçe nusgasy peýda bolupdyr. Şol nusgalaryň biri hem onuň biziň günlerimize gelip ýeten nusgasydyr. Şol nusganyň awtory Mao atly bir alym bolupdyr. Umuman, miladydan öňki VI asyryň ortalarynda «Şiszin» aýratyn, bitewi bir ýygyndy bolupdyr diýip aýtmak bolar.

«Aýdymlar kitabyndaky» bölümleriň hersiniň öz gelip çykyşy bar. Meselem, «Patyşalyklaryň gylyklary» dilden aýdylýan folklor eserleriniň mazmunyna syryksa, «odalar» we «senalar» mazmuny boýunça ritual, ýagny dini däp-dessurlar häsiýetdäki goşgular bolup durýar. Görnüşi ýaly,

«Aýdymlar kitaby» gadymy hytaýlylaryň däp-dessurlary, ynançlary we endikleri, şeýle hem maddy medeniýeti barada gymmatly çeşmedir.

**Soraglar we ýumuşlar:**

**I.**

1. Hytaý hat-ýazuwy haçan ýüze çykypdyr we ol haýsy materiallara ýazylypdyr?
2. Müsüriň we Hytaýyň hat-ýazuwyny deňeşdiriň.
3. Edebiýatda haýsy eserler döredilipdir? Edebiýatda yz galdyran görnükli wekilleri atlandyryň we olar barada aýdyp beriň.
4. Konfusiniň esasy pikiri näme bolupdyr we haýsy ideýany öňe sürüpdir?
5. Konfusiniň bitiren işleri barada aýdyň.
6. Daoçylyk näme?
7. Näme üçin Hytaý filosofiýasynyň « Altyn asyry» diýlip atlandyrylypdyr?

**II. Harplary dogry yzarlasaňyz, beýik hytaý filosoflarynyň adyny taparsyňyz.**

| | | | | | | | | | | | |
|---|---|---|---|---|---|---|---|---|---|---|---|
| K | O | N | F | S | L | S | U | Ý | N | Ý | Ö |
| H | R | A | U | A | Ý | G | M | J | H | U | R |
| L | Ý | U | S | Ý | U | W | E | K | F | Ý | T |
| B | A | R | J | L | S | Y | M | A | E | Ö | J |
| J | W | L | Ý | U | J | H | A | S | Ý | U | Ý |
| E | S | O | W | H | N | F | L | Ý | S | J | Ý |
| Ä | Ý | H | Ä | J | Ä | W | R | A | G | W | U |
| F | U | P | F | L | G | Ý | W | H | W | A | A |
| Z | H | Y | H | W | E | O | G | Z | J | Ä | H |
| S | H | T | W | H | Ä | K | O | U | L | J | E |

## §16. Hytaýyň binagärligi we şekillendiriş sungaty

**Tan we Sun eýýamlarynyň binagärligi.** Binagärlik – hytaý medeniýetiniň ösen ugurlarynyň biridir. Tan (618–906) we Sun (960–1279) nesilşalyklary döwründe medeniýetiň köp ugurlary bilen bir hatarda binagärlik sun-

gaty hem ýokary derejede ösüpdir. Hytaýda binalary gurmagyň özboluşly ýerli tejribesi ýüze çykyp, ol musulman we ýewropa binagärliginden düýpli tapawut edýär. Esasan hem, hytaý binalarynyň üçeginiň gurluşy üýtgeşikdir.



Şansidäki pagoda

Gadymy Hytaýda gurlan köşkler öz berkligi we kaşaňlygy bilen hem tapawutlanypdyr. Hytaý binalary ulanylyş aýratynlygy boýunça iki topara (resmi we ýaşaýyş-durmuş maksatly binalara) bölünipdir. Binalaryň üçekleri köpgyraňly edilip, olaryň burçlary guşlaryň we dürli haýwanlaryň şekilleri bilen bezelip, uçlary ýokarlygyna egreldilip gurlupdyr. Üçekden akýan ýagyş suwlary diwara we binanyň durkuna zeper ýetirmän, çyglylykdan we çüýremekden gorapdyr. Imperatoryň köşgi sary çerepisa (gurluşyk materialy) kerpiçleri bilen üsti basyrylyp, ol imperator häkimiýetiniň nyşany hasap edilipdir. Pekiniň merkezinde ýerleşen Gugun köşgi häzire çenli hem saklanyp, ol häzir muzeý hökmünde halka hyzmat edýär. Gugun köşgi başgaça «Gadagan şäher» diýlip atlandyrylyp, onda Min (1368–1644) we Sin (1644–1911) nesilşalyklarynyň imperatorlary ýaşapdyr.

Miladydan öňki VI asyrda Hytaýa buddizmiň ýaýramagy bilen, dini desgalar: ybadathanalar we diň (pagodalar) gurlup başlanypdyr. Ilkinji köşkler, ybadathanalar köplenç agaçdan, bambukdan, palçykdan we gamyşdan gurlupdyr. Ybadathanalar gurlanda öň tarapyndaky diwarynyň merkezinde esasy derweze «şanmen», howlusyndaky derwezäniň iki tarapynda hem iki sany jaňhana salnypdyr. Ybadathananyň merkezi okunda «Asman hudaýynyň pawilýony» ýerleşipdir. Onuň gapdallarynda hüjreler we naharlanmak üçin ýer-



Beýik Hytaý diwary

ler bolupdyr. Ybadathanalar binagärlik gurluşy boýunça imperatorlaryň köşklerine meňzeş edilip gurlupdyr.

Ilkinji pagodalar hindi binagärliginde peýda bolupdyr. Ol ýerde ýokary wezipeli ruhanylar jaýlanypdyr. Hytaý pagodalary başda dörtburçluk, wagtyň geçmegi bilen altyburçluk, sekizburçluk, hatda tegelek görnüşinde hem gurlupdyr. Olaryň gurluşygynda daş, demir, mis, syrçaly kerpiçler köpçülikleýin ulanylypdyr. Pagodalaryň köpüsi VII–X asyrlarda bina edilipdir. Gadymy hytaý pagodalary, adatça täk sanlar bilen 5–13 gat edilip gurlupdyr. Şansi welaýatyndaky (agaçdan), Siandaky («Uly durnalar»), Kaýfyndaky (demirden), Pekindäki, Kaýýuansidäki Szinsýan diýen ýerde gurlan pagodalar giň meşhurlyga eýe bolupdyr. Şanside bäş müň ýyl mundan öň agaçdan gurlan 9 gatly pagodanyň beýikligi 70 metre ýetipdir. Ol dünýäde saklanyp galan iň gadymy desga bolup, ony asyrlaryň dowamynda bolup geçen ýertitremeler hem ýykyp bilmändir. Sun döwrüne degişli ybadathanadaky Fo-gun-sy (1056) pagodasy – agaçdan, Baý-ma-sy (1175) – kerpiçden, Tanýandaky 13 gatly pagodalar (X–XI asyrlar) bolsa demirden gurlupdyr.

Binagärlikde tebigat bilen utgaşdyrylyp gurlan hytaý seýilgähleri giň meşhurlyga eýe bolupdyr. Hytaýyň seýilgähçilik sungaty Koreýa, Ýaponiýa we Günorta-Gündogar Aziýa ýurtlaryna hem ýaýrapdyr.

Miladydan öňki 475–221-nji ýyllar Hytaýyň taryhynda Çžango (Uruşýan patyşalyklar) döwri diýlip atlandyrylýar. Bu döwürde daşky duşmanlardan goranmak üçin Beýik Hytaý diwary gurlup başlanypdyr. Onuň gurluşygyna millionlarça adamlar gatnaşypdyr.

Han nesilşalygy (miladydan öňki 206 – miladynyň 220-nji ýyllary) döwründe diwar günbatara tarap, Dunhuana çenli uzalypdyr. Şol döwürler söwda kerwenlerini daşky çozuşlardan goramak üçin gum içinde serhet diňleri hem gurlupdyr.

Diwarlar daş plitalar, daş we kerpiç bilen örtülipdir. Beýik Hytaý diwarynyň gurluşygy arakesmeler bilen asyrlarboýy dowam edipdir.

**Şekillendiriş sungaty (nakgaşlyk, heýkeltaraşlyk, kalligrafiýa).** V–VIII asyrlarda ýaşap geçen Gu Kaýçži (344–406), Lu Tanweý (V asyryň ortalary), Çžan Senýao (500–550-nji ýyllar töweregi), U Daoszy (680–740) we beýlekiler Hytaý nakgaşlygynyň düýbüni tutupdyrlar. Görnükli nakgaş, peýzažçy Go Si «Nakgaşlyk barada» atly eseri bilen bellidir.

X asyryň ahyrlarynda Hytaýyň paýtagty Kaýfynda nakgaşçylyk akademiýasy döredilipdir. Nakgaşlyk eserlerinde ruhubelentlik, tebigylyk, nakgaşlyk eserleriniň özboluşly kompozisiýasy, gadymy ýadygärliklere, däp-dessurlara eýermek häsiýetiniň aýdyň saklanmagy olaryň asyrlarboýy ösmegine giň mümkinçilik beripdir. Durmuşy, taryhy, tebigaty, gülleri, guşlary janlandyrmak nakgaşlygyň esasy žanrlaryna mahsus bolupdyr. Gülleri, agaçlary, guşlary ýa-da haýwanlary janlandyrýan keşpler ýörgünli bolupdyr. Hytaý nakgaşlygynda arça – uzak ýaşamagyň, leglek – keramatlylygyň we ýalňyzlygyň, bambuk – bagtlylygyň we durnuklylygyň alamaty hasaplanypdyr.

Gadymy hytaý sungatynyň ähli ugurlarynyň baş maksady adamlarda ýokary ahlak sypatlaryny terbiýelemäge we ynsany şahsy taýdan kämilleşdirmäge gönükdirilipdir.

Nakgaşlar öz eserlerinde jemgyýetçilik durmuşyny, gözel tebigaty, hytaý halkynyň öz Watanyna bolan söýgüsini açyp görkezipdirler. Tan nesilşalygy döwrüniň nakgaşy Çžan Ýanýuan «Hytaýyň meşhur suratçylarynyň ýazgylary» atly eseri döredipdir.

Ýaşan ýyllary belli bolmadyk görnükli nakgaşlar Li Çen, Fan Kuan, şeýle hem Mi Feý (1051–1107), XII asyryň ahyr-

larynda – XIII asyryň başlarynda işlän Ma Ýuan bilen Sýa Guý öz döreden ajaýyp eserleri bilen giň meşhurlyga eýe bolupdyrlar.

Hytaýyň heýkeltaraşlygy neolit döwründen başlap ösüpdir. Şan-In we Çžou nesilşalyklarynyň, şeýle hem Han we Sin imperiýalarynyň döwründe medeniýet has ösüp, şol döwürler medeni eýýamlar hasaplanypdyr. Hytaýyň heýkeltaraşlyk sungaty hytaý halkynyň döredijiliginiň ýokary derejede bolandygyna şaýatlyk edýär. Hytaý imperatory Sin Şihuandiniň (miladydan öňki 246–210-njy ý.) Sian şäheriniň golaýyndaky aramgähinden tapylan esgerleriň terrakota heýkelleri heýkeltaraşlyk sungatynyň ajaýyp ýadygärligidir.

Heýkeltaraşlykda söweşijiniň, tansçylaryň, ýokary gatlaga degişli aýallaryň, çapyksuwaryň, bedewleriň keşpleri şekillendirilipdir. Imperator Taýszunyň söweş atlary bilen şekillendirilen heýkeli giň meşhurlyga eýe bolupdyr.

Loýanyň we beýleki ýerleriň gowak ybadathanalarynda ussatlyk bilen ýerine ýetirilen heýkeltaraşlyk we nakgaşlyk eserleri gowy saklanypdyr. Hunşuandan neolit medeniýetine degişli gözleri nifritden, göwresi toýundan ýasalan hudaýyň kellesi tapylypdyr.

Çendu welaýatynda geçirilen soňky gazuw-agtaryşlar netijesinde Sansinduý medeniýeti ýüze çykarylypdyr. Ol ýerden altyndan we bürünçden edilen ajaýyp nikap – perde, adam kellesi şekillendirilen döwlet nyşanyny alamatlandyrýan altyn hasa, bürünçden ýasalan dürli görnüşdäki börükli adam kelleleri tapylypdyr.

Gadymy we Orta asyrlarda Hytaýda kalligrafiýa sungat görnüşleriniň biri hasaplanypdyr. Kalligrafiýada hytaý hatynyň iýerogliflerini, adatça belli bolan bäş sany ülňi boýunça şekillendiripdirler. Iýeroglifler ýazylanda hatdatlygyň ýönekeýleşdirilen ülňüsi peýdalanylypdyr (mysal üçin, sindzitaý). Kalligrafiýa hatlarynyň örän güýçli ähmiýetiniň barlygyna uýup, ony her bir öýde saklapdyrlar.

**Misden haşamlanylyp ýasalan bezegli gap-çanaklar.** Heýkeltaraşlyk sungatynyň döremegi senetçiligiň ösmegine

öz täsirini ýetiripdir we däp-dessurlary berjaý etmek üçin gaplar we beýleki zatlar taýýarlanylypdyr. Altyndan we gymmatbahaly daşlardan bezelen bürünçden, süňkden, daşdan gaplar ýasalypdyr. Ýurduň demirgazyk-günbatarynda geçirilen gazuw-agtaryşlaryň netijesinde iň gadymy tapyndylar ýüze çykarylypdyr. Ol ýerden, ýagny Huanhe derýasynyň jülgesinden, miladydan öňki V–III müňýyllygyň «Ýanşao medeniýetine» degişli zatlar tapylypdyr. Esasan, toýundan ýasalan torlar, burumlar, balykgulaklar bilen owadan bezelip, dünýä barada gadymy garaýyşlary beýan edýän gaplar köp ýüze çykarylypdyr. Anýan diýen ýerde ýerli arheologlar tarapyndan bürünç gap-gaçlar we süňkden hem-de daşdan ýasalan önümler tapylypdyr. Ol ýerden bürünçden ýasalan 400 sany arabalaryň we atlaryň istihanlary tapylypdyr. Bürünçden ýasalyp altyn bilen bezelen, malahit hem pöwrize gaşlary bilen haşamlanan gaplaryň üsti açylypdyr.

Senetçilikde bürünji işläp bejermek uly orun tutup, ol köp alymlaryň pikirine görä, Huanhe derýasynyň jülgesinde ýüze çykypdyr. Demirgazyk Hytaýyň çäginde ýerleşýän Erlitou medeniýeti has irki bürünç medeniýetine degişli diýlip hasaplanylýar. Ol medeniýete Loýan şäheriniň etraplary hem degişli edilipdir. Ol ýerden arheologlar monumental desganyň sütünlerini tapypdyrlar. Erlitouda metal guýulýan ussahana bolupdyr. Bu ýerde däp-dessurlary berjaý etmek üçin şerap içilýän gaplar hem ýasalypdyr.

**Soraglar we ýumuşlar:**

1. Müsüriň, Mesopotamiýanyň, Hytaýyň binagärligini deňeşdiriň we olaryň aýratynlyklaryny aýdyp beriň.
2. Beýik Hytaý diwarynyň gurulmagyna näme sebäp bolupdyr?
3. Hytaýda şekillendiriş sungatynyň haýsy ugurlary ösüpdir?
4. Nakgaşçylygyň görnükli wekillerini atlandyryň.
5. Heýkeltaraşlykda nähili üstünlikler gazanylandygy barada beýan ediň.
6. Bezegli gap-gaçlar haýsy materiallardan taýýarlanylypdyr we olar haýsy ýerlerden tapylypdyr?
7. Hytaý medeniýetine degişli maglumatlary (metbugatdan, internetden) gözläp tapyň we synpdaşlaryňyz bilen paýlaşyň.

## §17. Gadymy Hindistanyň medeniýeti

**Arileriň medeniýeti.** Hindi siwilizasiýasynyň bäş müň ýyldan hem köp taryhy bardyr. Baryp miladydan öňki III–II müňýyllyklarda Hind derýasynyň jülgelerinde Harappa medeniýeti diýilýän siwilizasiýa döräpdir.



Harappanyň gymmatlyklary. Mohenjo-Dara. Möhürler. Miladydan öňki III müňýyllygyň ortalary

Miladydan öňki II müňýyllygyň ahyrlarynda ari çarwa taýpalary gelip, Gang derýasynyň ýakalaryndaky ýerleri basyp alyp, şol ýerlerde ornaşýarlar we ýerli ilatyň däp-dessurlaryny, medeniýetini kabul edýärler. Soňra ýerli ilat bilen gatnaşyklara girip, özleriniň dilini, dünýägaraýşyny we ýaşaýyş-durmuş endiklerini ýaýradýarlar. Bu gatyşmaklyk täze bir agalyk ediji kastanyň – kşatriýalaryň döremegine getirýär. Ariler şeýdip, gadymy hindi medeniýetiniň kemala gelmegine uly täsir edýärler.

Ariler kem-kemden Hindistanyň gündogar we günorta taraplaryna aralaşyp, ol ýerlere öz medeniýetlerini ýaýradyp başlaýarlar. Ariler täze medeniýeti kemala getirmekde iki ugry alyp barypdyrlar. Olar özlerinden ozalky hindi medeni mirasyny özleşdirip, bu işi täze medeni gymmatlyklaryň ýaýradylmagy bilen utgaşdyrypdyrlar. Şu medeni döredijilik işiniň barşynda «Wedalar» diýilýän ýazuw ýadygärlikleri peýda bolýar.

**Harappa siwilizasiýasy.** Gagymy Hindi siwilizasiýasynyň iň irki gazananlary bolan Harappa siwilizasiýasy häzirki Päkistan döwletiniň çäginde ýerleşýär. Bu siwilizasiýa geçen asyryň 20-nji ýyllarynda iňlis hem-de hindi arheologlary tarapyndan açylypdyr. Bu siwilizasiýa örän uly meýdany tutup, ol 1,3 $m^2$-a barabar bolupdyr. Harappa siwilizasiýasy 1,5 müň ýyldan gowrak wagtlap ýaşapdyr.

Harappa siwilizasiýasy ýokary derejede ösen medeniýetli mekan bolupdyr. Harappada beýleki bir hindi siwilizasiýasynyň ýadygärligi bolan Mohenjo-Daronyň binagärlik sungatyna, esasan-da şäher gurluşygyna uly üns berlipdir. Bu siwilizasiýalaryň esasy şäherleri bolan Harappanyň-da, Mohenjo-Daronyň-da gurluşy birkysmy görnüşde bolupdyr. Şäherleriň uzyn hem-de göni köçeleriniň ugrunda ilat ýaşaýan mähelleler ýerleşipdir. Köçeleriň gyralaryndaky 2–3 gatly jaýlar onlarça otaglara bölünipdir. Köçeleriň giňligi 10 metre, ýanýodalary bolsa 3 metre barabar bolupdyr.

Jaýlary ýagyş we sil suwlary basmaz ýaly, olar tebigy we emeli beýiklikleriň üstünde gurlupdyr. Mohenjo-Daroda keramikadan ýasalan ýerasty suw geçiriji ulgamlar işläpdir. Harappa bilen Türkmenistanyň Altyndepe hem-de Marguş medeniýetleriniň arasynda köp umumylyklar we meňzeşlikler bolupdyr.

Gadymy hindi medeniýetiniň ösüşi üç taryhy döwre bölünýär:

1. Weda (miladydan öňki 1500–600-nji ýyllar),
2. Epiki-dini (miladydan öňki 600–200-nji ýyllar),
3. Induizmiň filosofiki mekdepleriniň emele gelen döwürleri.

«Weda» sözi «bilim» diýen manyny aňladýar. Wedalar dini eserleriň toplumy bolup, hudaýlar hem-de epiki gahrymanlar baradaky şygryýet we kyssa eserlerini içine alýan folklor eserleridir, atalar sözleridir. Wedalaryň döwri Hindistana arileriň medeniýetiniň ýaýradylan zamanydyr. We-

dalar dört topara bölünip, olara «Rigweda», «Ýajurweda», «Samaweda», «Atharweda» degişlidir. Olardan iň esasysy «Rigweda» hasaplanylýar.

Gadymy Hindistanyň epiki-dini medeniýetiniň esasy many-mazmuny buddaçylykda aýan edilýär. Miladydan öňki VI asyrda buddaçylyk dininiň döremegi hindi şazadasy Siddartha Gautamanyň ady bilen baglanyşyklydyr. Gautama ozalky medeniýetleriň esasy ynançlaryny hem-de däplerini saklap, olara köp sanly täzelikleri girizipdir. Ömrüne köşkden çykmadyk patyşanyň ogly ile çykyp, dört zady, ýagny garry gojany, agsagy, derwüşi we göterilip barýan tabydy görýär we gam-gussa batýar. Soňra köşgi taşlap tokaýda ýaşaýar we şu ýerde täze dini döredýär. Buddaçylygyň esasy ideýasy jemgyýetde ählumumy deňligi döretmekden, adamlary jebir-jepadan, gam-gussadan we durmuş bela-beterlerinden halas etmekden ybarat bolupdyr.

Gautama alty ýyllap tokaýda ýaşap müňkürlikden saplanýar, onuň akyly durlanýar we ol akyldara – Budda öwrülýär. Buddaçylygyň aslynda dört sany ynanç ýatandyr:

1. Durmuş – bu jebir-sütemdir;
2. Jebir-sütemiň sebäbi – doýmaz-dolmazlykdyr;
3. Jebir-sütemden halas bolmagyň ýoly – zemin eşretlerinden el çekmeklikdir;
4. Jebir-sütemden gutulmagyň sekiz ýoly bolupdyr: olara takwalyk, jan etme, dil, hereket, ýaşaýyş, güýç, synlama we pikirlenme degişlidir.

Wedalar dini taglymatlary, filosofiki oý-pikirleri, ylymdyr bilimi we ilatyň ähli ruhy medeniýetini özünde jemläpdir.

Filosofiki eserlerde barlygyň emele gelmegi, ony kimiň döredenligi, ähli zatlaryň hamyrmaýasynyň nämedigi baradaky maglumatlar berilýär. Bu zatlaryň hemmesiniň ýaradyjysy ilkinji adam – Pursa diýlip yglan edilýär. Pursa adamlary kastalar boýunça toparlara bölüp beripdir. Ol her bir kastynyň agzalarynyň ýagdaýyny, gelip çykyşyny,

nämeler bilen meşgullanmalydygyny, haýsy borçlarynyň we hukuklarynyň bolmalydygyny kesgitläp, dört karma baradaky taglymy işläp düzüpdir. Pursa öz agzyndan brahmanlary, elinden harbylary (kşatrileri), göwsünden daýhanlar bilen senetçileri (waýişleri) dabanyndan ownuk, pes sosial gatlaklary (şudralary) ýaradypdyr. Şulara eýerilip, kastalara degişlileriň geýmeli eşiklerem kesgitlenip berlipdir. Brahmanlar arassaçylygy aňladýan ak, ksatriler gany aňladýan gyzyl, waýislere ekin-dikinleri aňladýan sary, şudrlara (garyplara) hapa-hupa gara eşikleri geýmek bellenilýär.

Hindistanyň dini medeniýeti barada aýdylanda, bu ýerde dürli taryhy döwürlerde ençeme dinlere tagzym edilip geçilipdir. Umuman alnanda, Hindistana «müň dinli» ýurt diýilýär. Diňe weda zamanynda 3399 dine sygnylypdyr. Mohenjo-Daronyň, Harappanyň ilaty, esasan, Ene hudaýyna tagzym edip, onuň şanyna palçykdan bejerilen köp sanly kiçi göwrümli heýkelleri oturdypdyr. Weda dininden soň Hindistanda brahmançylyk, ondan soň buddaçylyk, onuň yzyndan indusçylyk, yslam, iň soňundan bolsa sikhçilik ýaýrapdyr.

**Soraglar:**

1. Ariler kimler we olar hindi medeniýetiniň ösmegine nähili täsir edipdirler?
2. Kasta gurluşy kimler tarapyndan oýlanyp tapylypdyr? Onuň esasy mazmuny nämeden ybarat bolupdyr?
3. «Weda» sözi nämäni aňladypdyr?
4. Buddizmiň esasy taglymatlary nämelerden ybarat bolupdyr?
5. Näme üçin Hindistana «müň dinli» döwlet diýlipdir?

## §18. Gadymy Hindistanyň medeniýeti (dowamy)

**Maurýalar döwrüniň medeniýeti.** Gang jülgesiniň gündogarynda täze bir syýasy we medeni merkez bolan **Maurýalar döwleti** emele gelýär. Buddistik döwründe

emele gelen bu medeniýetiň esasy aýratynlygy şäherleriň peýda bolmagy, olaryň medeni gurluşygyna esasy ünsüň berlendigi bilen bagly bolupdyr. Beýleki tapawutly tarapy diniň dürli täze görnüşleriniň peýda bolanlygydyr. Şolaryň içinden ilkinji dünýä dini bolan buddaçylyk saýlanyp çykypdyr. Buddaçylygyň halky we döwleti parahatçylykly, asuda hem-de bir bitewi umumylykda ýaşamaga çagyrýandygy, adamlary jebir-jepalardan halas etmegiň ýollaryny salgy berýändigi, kasta gurluşyndan el çekmegi wagyz edýändigi üçin Mauryýalar bu dini goldapdyrlar.

Mauryýalar döwleti we medeniýeti «Gaýgysyz» lakamy bolan Aşoka patyşanyň (miladydan öňki 273–232-nji ýyllar) zamanynda gülläp ösüpdir. Bu patyşa örän mylaýym, parahat, ýagşy edim-gylymly, filosofik we dini medeniýetlerden başy çykýan, tanymal şahs bolupdyr. Onuň döwründe şäher medeniýeti giň gerim bilen ösdürilipdir. Binagärlik sungatynda düýpli gurluşyga: köşkleri, ybadathanalary, gowak binalaryny we stupalary gurmaga uly üns beripdir. Özüniň ajaýyp binalary bilen ýurduň paýtagty Pataliputra aýratyn tapawutlanypdyr. Şäheriň daşyny uzynlygy 30 km-e ýetýän ýüzlerçe diňleri bolan kuwwatly gala diwarlary gurşap alypdyr.



Harappanyň gymmatlyklary. Mohenjo-Dara. Žresiň heýkeli. Möhürler. Araba. Miladydan öňki III müňýyllygyň ortalary

Mauryýalaryň patyşalary dünýewi medeniýete hem uly üns beripdirler. Ýurduň ähli şäherleriniň teatr sahnalarynda hemmelere düşnükli sanskrit dilinde ýazylan drama eserleri goýlupdyr. Çeper edebiýatda «Pançatantra» söýlüp okalýan eserleriň birine öwrülipdir.

Miladydan öňki 232-nji ýylda patyşa Aşoka aradan çykýar, ozalky gülläp ösen siwilizasiýa we medeniýet dargap, ýurt başga bir döwletiň düzümine goşulýar.

**Guptlaryň medeniýeti.** Guptlar döwletiniň döwri (319–540) hindi medeniýetiniň «Altyn asyry» diýip atlandyrylýar. Bu döwürde ylym, edebiýat, sungat, hünärmentçilik ösüp, ýokary derejä ýetipdir. Meşhur şahyrlar, basnýaçylar, sazandalar ösüp ýetişipdirler. Şolardan iň görnüklileri dramaturg we şahyr Kalidasa, şahyrlar we sazandalar bolan gupt hökümdarlary Çandragupta (320–340) we Skandagupta (455–467) bolupdyrlar.

Buddanyň heýkelleri we Ajanta gowaklarynyň suratlary heýkeltaraşlyk we nakgaşlyk sungatynyň dürdäneleridir. Hindistanyň dürli ýerlerinde Buddanyň köp sanly heýkelleri dikeldilipdir. Şolaryň arasynda iň meşhury agramy bir tonna, boýy iki metr bolan Buddanyň mis heýkelidir.

Ajanta gowak ýadygärlikler ulgamy ýüzlerçe ýyllaryň dowamynda ýüzüne ajaýyp suratlar çekilen 29 sany gowak ybadathanalar we hüjreler ulgamydyr.

Gadymy Hindistan dünýä medeniýetine meşhur binagärlik, heýkeltaraşlyk, amaly-haşam sungatyndan başga-da, nusgawy çeper edebiýatyň nusgalary bolan «Mahabharata», «Ramaýna» ýaly epiki poemalary, Kalidasanyň eserlerini, halk döredijiliginiň önümi bolan «Pançatatra» («Kalila we Dimna») hekaýalar ýygyndysyny, weda edebiýatynyň eserlerini beripdir.

Ariler tarapyndan döredilen ilkinji ýazuw ýadygärlikleri weda edebiýatydyr. Wedalar Hindistanyň ruhy medeniýetiniň esasyny tutýar. Bu ýadygärlik dört bölege: Rigweda (dini gimnler), Samaweda (dini aýdymlar) Ýajurweda (sadaka bermegiň düzgünleri), Atharweda (gadymy danalar hakynda kitap) şahamçalara bölünýär.

Hindileriň halk medeniýetine degişli baý mifler, rowaýatlar, hekaýalar, nakyllar we aýdymlar bolupdyr. Baý

ruhy medeniýetiň nusgalary we halk edebiýaty soňky döre-
jek eserler üçin esas bolup hyzmat edipdir.

**Edebiýat.** Hindistanda miladydan öňki I müňýyllygyň ortalarynda mifologiki we filosofik äheňlerde ýazylan «Mahabharata» we «Ramaýana» atly iki sany ajaýyp eser döredilipdir.

«Mahabharata» («Beýik bharatalylar»; *bharatalylar* – hindistanlylar) poemasy keramatly kitap hasap edilip, ol 100 müňe golaý ikilemelerden ybaratdyr. Eser 18 sany bölüme bölünip, şolaryň her biri aýratyn kitap hökmünde kabul edilýär. Bu kitaby rus diline Türkmenistanyň Ylymlar akademiýasynyň akademigi B. L. Smirnow terjime etdi we ol 1955–1972-nji ýyllarda Aşgabatda neşir edildi. «Mahabharatada» gadymy Pandawlar we Kaurawlar nesilleriniň arasyndaky häkimiýet ugrundaky göreş barada gürrüň gidýär.

«Ramaýana» («Rama hakynda hekaýat») poemasy 24 müň sany ikilemelerden ybaratdyr. «Ramaýanada» şazada Ramanyň aýaly Sitany Lanki adasynda ýaşaýan melgun Rawanyň elinden alyp gaçyşy we öýüne alyp gaýdyşy barada gürrüň berilýär. Wedalar ensiklopedik häsiýetli bolup, özünde döwrüň ylmynyň oba hojalyk, tebipçilik, harby iş, matematika, geometriýa, astronomiýa we beýleki ylym-bilim pudaklarynyň gazananlaryny jemläpdir.

**Binagärlik, heýkeltaraşlyk we nakgaşlyk sungaty.** Sungatyň bu ugurlary hindi medeniýetiniň ösüşiniň dürli taryhy eýýamlarynda dini we dünýewi mazmunlarda kemala gelipdir. Ähli taryhy eýýamlarda düýpli binägärlik gurluşygyna uly ähmiýet beripdirler.

Hindistanda ajaýyp köşkler, ybadathanalar, stupalar (tegelek dini binalar), sütünler, metjitler, medreseler, kümmetler, gaýa hem-de gowak binalary gurlupdyr.

VIII asyryň başlarynda Hindistana musulman medeniýeti ýaýrap başlaýar. Bu ýagdaý XI asyrda has hem güýçlenýär. XIII asyryň başlarynda Deli soltanlygynyň

(1206–1526) esaslandyrylmagy bilen musulman medeniýeti Hindistanyň köp öwüşginli, baý medeniýetiniň aýrylmaz bölegine öwrülýär. Deli soltanlygynda asly Orta Aziýadan, Eýrandan, Türkiýeden we arap ýurtlaryndan bolan alymlar ajaýyp taryhy we çeper eserleri döredipdirler. Musulman binagärleri Hindistanyň dürli ýerlerinde gaýtalanmajak binalary gurupdyrlar.

XVI asyryň birinji çärýeginde asly Orta Aziýadan bolan Zahyreddin Muhammet Babur tarapyndan Beýik Mogollar imperiýasynyň (1526–1858) esaslandyrylmagy bilen, hindi-musulman medeniýeti ösüşinde täze tapgyra gadam basýar. Bu döwürde hindi-musulman medeniýeti sungatyň aýdym-saz, binagärlik, suratkeşlik we nakgaşlyk ugurlarynyň ösüşi bilen bütin dünýäde şöhratlanypdyr. Hindi-musulman edebiýaty özüniň ajaýyp çeper eserleri bilen giň meşhurlyga eýe bolýar, ýerli medeniýet has-da baýlaşýar. Mogollaryň ruhy durmuş baradaky aýratynlyklary olaryň medeniýetiň ähli ugurlaryna sarpa goýandyklaryny açyp görkezýär. Döwlet, esasan, düýpli binagärlik sungatyna uly üns berip, ony ýerli we musulman binagärlik taglymatlarynyň esasynda utgaşykly alyp barypdyr. Täsin gupbaly metjitler, medreseler, köşkler, kümmetler we kitaphanalar gurlupdyr. Şol desgalaryň arasynda has görnüklileriň biri Agradaky Täçmahal kümmetidir. Binagärlik sungatynyň iň ajaýyp gazananlaryna degişli bolan bu kümmet 1632–1652-nji ýyllar aralygynda Jahan şanyň söýgüli aýaly Mumtazy Mahalyň hormatyna keramatly Jamna derýasynyň boýunda gurlupdyr.

Belent ýerde ak mermerden gurlan kümmet özüne ýagtylygy siňdirip, gije-gündiziň dowamynda howanyň üýtgäp durmagyna görä dürli reňkli öwüşginleri berip durupdyr. Bina ýerde däl-de, göýä, howada gaýyp duran şekilde görnüpdir.

Binalar bişen kerpiçden salnyp, üsti pürsler bilen örtülipdir.

7. Sargyt № 1755.

Harappa, Guptlar, Mauryýalar we Mogollar döwürleriniň binagärlik sungatyna degişli takyk maglumatlar, köp mukdardaky ýadygärlikler saklanyp galypdyr. Buddaçylyk döwründe Hindistanda ululy-kiçili, dürli görnüşli köp sanly ybadathanalar toplumy gurlupdyr. Şol ybadathanalaryň bir görnüşine «stupa» diýilýär. Stupa beýleki dini binalardan tapawutlanyp, tegelek görnüşde gurlupdyr, olarda togap edilýän, sarpasy eý görülýän gymmatlyklar, görnükli ruhanylaryň lybaslary, ulanan zatlary saklanylypdyr. Hindistandaky şeýle binalaryň iň meşhury Sançidäki diametri 32 metrlik desgadyr.

Hindi heýkeltaraşlary we nakgaşlary öz dünýägaraýyşlaryny we ideýalaryny çeper abzallara geçirip, olary maddylaşdyrypdyrlar. Heýkeltaraşlar Buddanyň, Şiwanyň we Wisnunyň uly hem-de kiçi göwrümli heýkellerini, adamlaryň, haýwanlaryň, ösümlikleriň daşdan, keramikadan ýasalan heýkellerini we keşplerini döredipdirler. Suratkeşler köşkleriň, ybadathanalaryň we beýleki desgalaryň diwarlarynyň içine, daşyna we ýokarsyna durmuşy beýan edýän suratlary çekipdirler.

Köşkler dürli sýužetler: peýzažlar, portretler, köşk we adaty durmuşy şöhlelendirýän ajaýyp suratlar bilen bezelipdir. Ajanta ýerasty gowak ybadathanalar ulgamy şeýle medeniýetiň dürdäneleri bolup, görenleri haýrana galdyrýan ýadygärlikdir.

**Hat-ýazuwy.** Mälim bolşy ýaly, hat-ýazuwyň bolmagy siwilizasiýanyň esasy alamatlarynyň biridir. Hindistanda alnyp barylýan arheologiki gazuw-agtaryş işleri gadymy Mohenjo-Daroda we Harappada hat-ýazuwyň bolandygyny tassyklaýar.

Bu ýerlerde hat-ýazuwyň ilkinji görnüşleri bolan piktografiýa (surat arkaly ýazylýan hat) haty bolup, ol 400 sany surat belgilerinden ybarat bolupdyr. Hatlar, esasan, möhürleriň ýüzüne ýazylypdyr, ýöne ol hatlar entek alymlar tarapyndan doly okalyp bilnenok.

**Sorag we ýumuşlar:**

1. Harappa siwilizasiýasyny häsiýetlendirip beriň.
2. Mogol medeniýeti nähili aýratynlyklara eýe bolupdyr?
3. Täçmahal kümmeti barada gürrüň beriň. Ol barada eşiden rowaýatlaryňyzy, gürrüňleriňizi beýan ediň.
4. Mauryýalar döwrüniň medeniýeti barada aýdyp beriň.
5. Ajanta gowak ýadygärliklerini häsiýetlendiriň.
6. Hindistanda hat-ýazuwyň ösüşi barada aýdyp beriň.

## §19. Gadymy grek medeniýeti

**Gomer (arhaiki) döwrüniň medeniýeti. «Iliada» we «Odisseýa» poemalary.** Gadymy grek medeniýeti gözbaşyny miladydan öňki III–II müňýyllyklardan alyp gaýdýar. Bu medeniýetiň ilkinji ösüş döwri bolan Gomer zamanynyň (miladydan öňki XI–IX asyrlar) medeniýetinde uly üýtgeşmeler bolup geçipdir. Grekler özlerini bütewi halk hökmünde duýup başlapdyrlar. Şol döwürler gadymy grek medeniýetiniň we sungatynyň esasyny düzýän ugurlar, şeýle hem gadymy grek jemgyýetiniň edep kadalarynyň – etikasynyň esasy alamatlary ýüze çykyp başlapdyr.

Miladydan öňki II müňýyllykdan Gomeriň meşhur «Iliada», «Odisseýa» poemalary we beýleki rowaýatlar saklanyp galypdyr. Bu eserleriň ikisinde hem Gresiýanyň taryhy, ilatyň durmuş ýagdaýy, jemgyýetçilik gurluşy, Troýa urşy baradaky kyssalar ýerleşdirilipdir. «Iliada» poemasynyň ady Troýa, ýagny Ilion şäheri bilen baglanyşdyrylypdyr. Poemada mikenli serkerde Agamemnonyň baştutanlygynda aheýlileriň Troýany gabamaklary bilen baglanyşykly wakalar beýan edilipdir. Eseriň esasy gahrymanlary hökmünde Ahill, Menelaý, Gektor we beýlekiler hereket edýärler.

«Odisseýa» poemasynda esasy gahryman Odisseýdir. Troýa ýykylandan soň itakaly esger ýoldaşlary bilen döwük gämilerde öýlerine gaýdyp gelýärkäler apy-tupan turup, onuň ýanyndakylar heläk bolupdyr. Odisseý agaçdan gämi

ýasanyp, birnäçe wagt dowam eden sergezdançylykdan soň öz watanyna dolanyp gelýär.

**Edebiýatyň we teatr sungatynyň gülläp ösmegi.** Grek teatry we dramaturgiýasy Dionis hudaýynyň şanyna bagyşlanan baýramçylyk bilen baglanyşykly ýüze çykandyr diýlip hasaplanýar. Çünki şol baýramçylyklarda teatr sungatynyň alamatlary ýüze çykypdyr, onda hudaý Dionisiň şanyna dabaraly aýdymlar (difiramblar) ýaňlanypdyr. Aýdymçylygyň ösmegine şahyr we aktýor hasaplanylan Fespid (miladydan öňki VI asyryň ikinji ýarymy) uly goşant goşupdyr.

Grek teatry ilatyň jemgyýetçilik durmuşynda has irki döwürde uly ähmiýete eýe bolupdyr. Ol, esasanam, miladydan öňki V asyrda, Gresiýada demokratiýanyň gülläp ösen döwründe rowaç alypdyr. Meşhur dramaturglar – elewsinli Eshiliň (miladydan öňki 525–456-njy ýyllar), Sofoklyň (miladydan öňki 496–406-njy ýyllar), salaminli Ewripidiň (miladydan öňki 480–406-njy ýyllar) we afinyly dramaturg Aristofanyň (miladydan öňki 450–388-nji ýyllar) öz döredijiliginde döwletiň syýasy we halkyň ruhy durmuşlaryny janlandyrmaklary teatr sungatynyň ösmegine we kämilleşmegine mümkinçilik döredipdir. Baýramçylyklarda Dionise bagyşlanan sahnalar görkezilipdir. Dramaturglar ýaryşyp, özleriniň tetralogiýa (edebi ýa-da saz eseri), tragiki we satiriki eserleri bilen çykyş edipdirler.

Grek teatrynda erkek adamlar aýal keşplerini janlandyrypdyr. Bir aktýor birnäçe keşpde çykyş edipdir. Aktýor diňe bir goşgy ýa-da pýesa okamakdan däl, eýsem aýdym aýtmakdan ýa-da tans etmekden hem baş çykarmaly bolupdyr. Aktýorlar ýüzlerine dürli görnüşdäki nikaplary geýipdirler, sahnada başga keşbe girmek üçin şol bir wagtyň özünde çalşyrynypdyrlar. Olar boýlaryny uzyn görkezmek üçin ökjeli köwüş geýipdirler.

Grek teatry 3 bölekden: arhestrden, skenadan, teatrondan durupdyr. Gadymy teatryň jaýy Afinydaky Dionisiň

teatry (miladydan öňki VI–IV asyrlaryň ahyrlary) hasaplanypdyr.

Afiny demokratiýasynyň döwründe dramaturg Eshil halk gahrymançylygyny wasp edýän eserleri ýazypdyr. Onuň «Parslar», «Bendiwan Promoteý», «Oresteýa» pýesalary bellidir. Sofoklyň «Antigona», «Patyşa Edip», «Elektra» we beýleki eserlerinde gadymy demokratiýanyň ösen döwründe raýat we ahlak meseleleri şöhlelendirilipdir. Ewripidiň «Andromaha», «Gekuba», «Gerakl», «Ippolit», «Medeýa», «Troýalylar» atly tragediýalarynda adamyň içki dünýäsi, gahrymanlaryň başdan geçirmeleri beýan edilipdir.

Komediýalar Aristofanyň döwründe has hem gülläp ösüpdir. Onuň «Çapyksuwarlar», «Guşlar» atly komediýalary bellidir. Onuň komediýalarynda nadara, ikiýüzli, mekir hem-de doýmaz-dolmaz adamlar paş edilipdir.

Tragediýalardan we komediýalardan başga-da, şadyýan pýesa eserleri – satiriki dramalar sahnada goýlupdyr.

**Gesiodyň «Zähmet we günler» hem-de «Teogoniýa» poemalary.** Gesiod (miladydan öňki VIII–VII asyrlar) gadymy grek şahyry bolupdyr. Ol «Zähmet we günler» eserinde ekerançy daýhanyň hudaýyň gazabyna duçar bolşy, onuň ahlaga, hojalyk işlerine, dine bolan garaýyşlary, «Teogoniýada» («Hudaýlaryň şejeresi») bolsa dünýäniň we hudaýlaryň döreýşi barada ýazypdyr.

«Zähmet we günler» poemasynda daýhanyň halal zähmeti şöhratlandyrylypdyr, tebigat çeper suratlandyrylypdyr, oba hojalyk barada maslahatlar, ekerançylyk babatda pähimler, nakyllar, atalar sözleri berlipdir. «Teogoniýa» poemasynda grek mifleri barada-da ýazylypdyr. Onda dünýä döremezinden öň Ýer ýüzünde düýpsüz garaňkylygyň höküm sürendigi bellenilipdir. Gesiod öz gahrymançylykly eposlarynda «hakykat» bilen «galat» düşünjelerini gapma-garşy goýupdyr. Onuň «Teogoniýa» poemasy diňe bir hudaýlaryň şejeresini beýan edýän eser bolman, eýsem ol dünýäniň döreýşiniň taryhyny beýan

edýän, gadymy grek edebiýatynyň ösüşini görkezýän filosofik eser hem bolupdyr.

**Dilewarlyk sungaty.** Miladydan öňki V asyryň ikinji ýarymynda Gresiýada dilewarlyk sungaty hem ösüpdir. Gadymy grek dilewary we syýasatçy Demosfen (miladydan öňki 384–322-nji ýyllar) syýasatçylar üçin çykyşlary taýýarlapdyr, dilewarlyk sungatyndan sapak beripdir, kazyýetde we halk ýygnagynda çykyş edipdir. Oňa degişli 117 sany çykyş, 6 sany hat saklanyp galypdyr. Onuň döredijiligi dünýä dilewarlyk sungatynyň taryhynda uly yz galdyrypdyr.

Türkmen dilinde ulanylýan «dilewar» we «suhangöýlük» düşünjeleri ylymda grek dilinden gözbaş alyp gaýdýan «ritorika» we «orator» görnüşinde ulanylýar. Dilewarlyk sungaty miladydan öňki V asyrda Gadymy Gresiýada döräpdir. Görnükli dilewarlar Aristotel (miladydan öňki 384–322-nji ýyllar) bilen Mark Tulliý Siseron (miladydan öňki 106–43-nji ýyllar) bu sungatyň taryhynda uly yz galdyrypdyrlar.



Afina Promahos. Bürünçden. Miladydan öňki 450-nji ýyl

Aristotel Eflatunyň (Platon) şägirdi, Aleksandr Makedonskiniň hem mugallymy bolupdyr. Ol özüniň meşhur «Ritorika» («Dilewarlyk») eserini ýazypdyr. Bu işde ol ilkinji gezek dilewarlygyň nazaryýetini işläp düzýär. Aristotel dilewarlygy adamzat durmuşynda aýratyn bir ugur hökmünde suratlandyrýar. Onuň pikiriçe, «dilewarlyk – bu haýsy-da bolsa bir zat barada adamlary ynandyrmagyň usullaryny tapmakdyr».

**Grek sungatynyň gülläp ösmegi.** Grek sungaty nusgawy döwürde uly ösüşlere eýe bolupdyr. Binagärler we heýkeltaraşlar (nakgaşlyk sungatynyň nusgalary

saklanyp galmandyr) nepis sungatyň ajaýyp nusgalaryny galdyrypdyrlar. Gresiýanyň çeper sungatynyň ýadygärlikleri diňe bir Gresiýanyň özünde ýa-da Balkan ýarym adasynda däl, eýsem Kiçi Aziýada, Apennin ýarym adasynyň günortasynda, Ortaýer deňziniň adalarynda we kenarlarynda hem saklanyp galypdyr.

Gresiýada binagärlik sungaty gadymy döwürden gözbaş alyp gaýdypdyr. Grek binagärliginde, ilkinji nobatda, dini binalar agdyklyk edipdir. Şol döwrüň ýaşaýyş jaýlary ýönekeý gurluşy bilen tapawutlanypdyr. Jemgyýetiň esasy güýji monumental desgalary, aýratyn hem ybadathanalary gurmaga sarp edilipdir.

Gadymy Gresiýanyň binagärlik sungatynda iki sany gurluşyk ülňüsi ýörgünli bolupdyr. Olar «doriki» we «ioniki» ülňülerdir. Doriki stiliň düýbi Gresiýanyň Dorid welaýatynda tutulypdyr. Şonuň üçin hem oňa ylymda şeýle at berlipdir. Miladydan öňki 600–590-njy ýyllaryň aralygynda ilkinji daşdan gurlan gurluşyk desgalary Gresiýanyň özünde bina edilip başlanypdyr.

Ioni şäheriniň ýokary medeniýeti Gresiýanyň medeniýetiniň ösmegine we özboluşly «ioniý» ülňüsiniň ýüze çykmagyna öz täsirini ýetiripdir. Gadymy Gresiýanyň ioniki welaýatlarynda jaý salmak sungaty miladydan öňki 560–500-nji ýyllarda ýüze çykypdyr. Muňa miladydan öňki VI asyrda Efesde binagärler Hersifron we Metagen tarapyndan gurlan Artemidanyň ybadathanasyny mysal edip görkezmek bolar. Bu ybadathana dünýäniň ýedi täsinliginiň biri hasaplanylýar.

Gadymy grek binagärliginde Afiny Akropoly, Afinynyň bas ybadathanasy we Parfenon binalary giň meşhurlyga eýedir. Afiny Akropoly miladydan öňki 480-nji ýylda parslar tarapyndan ýumrulandan soň, täzeden gurlupdyr. Afiny Akropoly dabaraly baş derweze bolan Propileýden (miladydan öňki 437–432-nji ýyllarda Mnesikl tarapyndan gurulýar) we Niki Apteros ybadathanasyndan (miladydan öňki 420-nji ýylda binagär) Kallikrat tarapyndan gurlupdyr) ybarat bo-

lan ýadygärlik toplumydyr. Afiny Akropolyny binagär Fidiý gurupdyr.

Afinynyň baş ybadathanasy Parfenon Perikliň döwründe, ýagny miladydan öňki 444–429-njy ýyllarda bina edilipdir. Ybadathananyň heýkeltaraşlyk bezegi miladydan öňki 432-nji ýylda Fidiniň ussalary tarapyndan ýerine ýetirilipdir.

**Heýkeltaraşlyk.** Grek sungatynyň möhüm ugry bolan heýkeltaraşlyk nusgawy döwürde (miladydan öňki 480–323-nji ýyllarda) uly ösüşlere eýe bolupdyr. Gadymy grek heýkeltaraşy *Fidiý* (miladydan öňki V asyryň başlary – 432–431-nji ýyllar) nusgawy döwrüň heýkeltaraşydyr. Ol Perikl tarapyndan Akropol gaýtadan dikeldilende onuň kömekçisi bolup işläpdir. Fidiý Akropoldaky bürünçden edilen Afiny Promahsynyň (miladydan öňki 460-njy ýyl), Zewsiň Olimpdäki (altyndan) we Afiny Parfenonynyň (şirmaýydan) heýkellerini ýasapdyr.

*Miron* (miladydan öňki V asyr) irki nusgawy döwrüniň heýkeltaraşlyk sungatynyň wekilidir. Onuň döreden we adamyň güýjüni hem-de gözelligini beýan edýän «Disk zyňyjy» we «Afiny we Marsiý» eserleriniň nusgalary saklanyp galypdyr.


Gara şekilli küýze gaby. Miladydan öňki VI asyryň II ýarymy

*Uly Poliklet* (miladydan öňki V asyryň ikinji ýarymy) hem nusgawy döwrüň heýkeltaraşlyk sungatynyň wekilidir, sungatyň nazaryýetçisidir. Onuň ýasan heýkellerinden bürünçden edilen «Dorifor», «Diadumen», «Ýaralanan amazonkaly» heýkelleri we «Kanun» ýygyndysynyň nusgasynyň iki parçasy saklanyp galypdyr.

*Praksitel* gadymy grek heýkeltaraşy (miladydan öňki 390–330-njy ýyllar) bolup, ol giçki nus-

gawy döwrüniň heýkeltaraşlyk sungatynyň wekilleriniň hataryna degişlidir. Onuň «Afrodita Knidskaýa» atly mermer heýkelleri bellidir.

**Külalçylyk sungaty.** Gresiýanyň nepis külalçylyk sungaty hem bolupdyr. Bu sungatda küýze önümlerini öndürmek we olaryň ýüzünde dürli suratlary, şekilleri we sýužetleri çekmek ýörgünli bolupdyr.

Küýze önümleri gyzyl toýundan ýasalypdyr. Şeýle külalçylyk önümleriniň ýüzünde Geraklyň, grekleriň durmuşyndan gürrüň berýän pursatlar, pälwanlaryň ýaryşlary, toý dabaralary, tansçy gyzlaryň hereketleri janlandyrylypdyr.

**Soraglar we ýumuşlar:**

1. «Iliada», «Odisseýa» poemalarynyň mazmuny nämeden ybarat?
2. Ýadyňyza salyň, «teatr» haýsy sözden gelip çykypdyr we ol nähili manyny aňladýar?
3. Edebiýatyň haýsy žanrlary ösüpdir? Olaryň wekillerini atlandyryň.
4. Edebiýat bilen teatr sungatynyň nähili arabaglanyşygy bolupdyr?
5. «Zähmet we günler», «Teogoniýa» poemalaryny kim ýazypdyr we onuň mazmuny barada aýdyp beriň.
6. Suhangöýlük, dilewarlyk (ritorika) sungatynyň ösüşi barada aýdyp beriň.
7. Binaşynaslyk sungatynda haýsy stiller ulanylypdyr?
8. Binagärligiň esasy ugurlaryny atlandyryň. Olara häsiýetnama beriň.
9. Heýkeltaraşlygyň ösüşi, onuň görnükli wekilleri hem-de olaryň ýerine ýetiren işleri barada aýdyp beriň. Olary deňeşdiriň.

## §20. Gadymy grek medeniýeti (dowamy)

**Filosofiýa ylmynyň ýüze çykmagy.** Grek filosofiýasynyň ösüşi takyk ylymlar bolan fizikanyň, matematikanyň, geometriýanyň we astronomiýanyň ösüşi bilen aýrylmaz bagly bolupdyr. Grek filosofiýasy öz gezeginde Gadymy gündogar ylmynyň ösüşine-de öz täsirini ýetiripdir. Grek filosofiýasynyň esasy meseleleri dünýäniň gelip

çykyşy, tebigatyň we ony gurşap alan zatlaryň döreýşi baradaky pikirler bolupdyr.

Filosofiýa ylmynyň ösüşi bilen baglanyşykda ýörite mekdepler hem ýüze çykypdyr. Filosofik mekdepler erkin birleşikler bolup, onda pikirdeş adamlar ýygnanypdyrlar. Şolardan ilkinji biri miladydan öňki VI asyrda gadymy grek filosofy *Fales* (miladydan öňki 625–547-nji ýyllar) tarapyndan Milet şäherinde döredilen Ioniý mekdebi bolupdyr. Fales tebigaty emele getirýän ähli zadyň suwdan dörändigi hakyndaky pikiri öňe sürüpdir. Onuň bu pikirini meşhur filosoflaryň biri bolan Anaksimandr hem goldapdyr. Fales ýaşaýyş we duýgy tebigatdaky ähli maddalara mahsusdyr diýen taglymaty (gilozoizm) öňe sürüpdir.



Surat bilen bezelen Festdäki Köne köşkden tapylan küýze önümi. Miladydan öňki XIX–XVIII asyrlar

*Anaksimandr* (miladydan öňki 610–546-njy ýyllar) gadymy grek filosofydyr. Ol Falesiň okuwçysy bolupdyr. Anaksimandr «Tebigat hakynda» diýen eseriň awtorydyr. Şeýle-de ol Ýeriň Älemiň merkezinde ýerleşýändigi we onuň hereket etmeýändigi hakyndaky garaýşy öňe sürüpdir, asman jisimlerini öwrenmegiň nazaryýetiniň başlangyjyny goýupdyr. Ol ilkinji bolup geografiki kartany düzüpdir, Gresiýada gün sagatlaryny we astronomiýa gurallaryny ýasapdyr.

*Anaksimen* (miladydan öňki 585–525-nji ýyllar) Anaksimandryň okuwçylaryndan biri bolupdyr. Ol ýyldyzlaryň we planetalaryň özara tapawudy baradaky pikiri, Günüň we Aýyň tutulyşy, Aýyň fazalary boýunça ylmy çaklamalary öňe sürüpdir.

Gadymy grek filosofiýasynyň taryhynda Pifagor, Geraklit, Parmenid, Sokrat, Platon, Aristotel, Demokrit ýaly

meşhur alymlar hem uly yz galdyrypdyrlar. Olardan *Pifagor Samosskiý* (miladydan öňki 580–500-nji ýyllar) gadymy grek akyldary, dini we syýasy işgär, matematik, pifagorizmi esaslandyryjy alym bolupdyr. Ol sanlary hemme zatda başlangyç hasaplapdyr. Matematikada Pifagoryň teoremasy häzire çenli ulanylyp gelinýär.

*Geraklit Efesskiý* (miladydan öňki 544–540-njy ýyllar aralygynda doglan, aradan çykan senesi näbelli) materialistik filosofiýanyň taglymatyna eýeren gadymy grek alymydyr. Onuň «Tebigat hakynda» atly eserinden bölekler giçki döwrüň awtorlaryň ýazgylarynda saklanyp galypdyr. Ol älem-jahanyň oduň güýji bilen tebigy ýagdaýda emele gelendigi, dünýäniň gaýtadan döremek üçin wagtal-wagtal ot alyp, ýok bolup gidýändigi hakyndaky pikirleri öňe sürüpdir.

*Parmenid* (miladydan öňki 540/20–450-nji ýyllar töweregi) gadymy grek eleý mekdebiniň filosofydyr. Ol filosofiýadan başga kanunçylyk namalaryny düzmek bilen hem meşgullanypdyr. Ol dünýäniň bütewidigi we barlygyň bakydygy baradaky pikirleri öňe sürüpdir.

*Sokrat* (miladydan öňki 470/69–399-njy ýyllar) gelip çykyşy boýunça heýkeltaraşyň ogly bolup, gadymy grek filosofiýa ylmynyň ösüşine uly goşant goşupdyr. Ol ýollarda we meýdançalarda sapak beripdir. Sokrat pikirlerini hemişe ýatdan aýdypdyr we özi barada maglumat goýmandyr. Sokrat hakyndaky maglumatlar onuň okuwçylary Ksenofontyň we Eflatunyň işlerinde saklanyp galypdyr. Ol filosofiýanyň maksadynyň öz-özüňe we hakykata akyl ýetirmekdedigini, adamy bezeýän päkligiň, ýagşylygyň we oňat gylyklylygyň bilimliligi hem-de parasatlylygy ýüze çykarýandygyny aýdypdyr.

*Platon* (*Eflatun*, miladydan öňki 427–347-nji ýyllar) meşhur gadymy grek filosofydyr. Ol Afinyda Platonyň Akademiýasyny esaslandyrypdyr. Platon «Döwlet» we «Kanunlar» atly belli eserleri ýazypdyr. Ol adamyň dünýä doly akyl

ýetirmekden ejiz gelýändigini, ýöne adam aňynyň käbir zatlara akyl ýetirmäge ukyplydygyny aýdypdyr.

*Aristotel* (miladydan öňki 384–322) gadymy grek filosofy hem-de alymy bolup, ol Platonyň okuwçysydyr. Ol Afinynyň golaýynda Likeý mekdebini döredipdir. Aristotel tebigatyň dört basgançakdan durýandygyny we şol basgançaklaryň organiki däl dünýäden, ösümliklerden, haýwanlardan we adamlardan ybaratdygyny aýdypdyr. Ol akyl we aň adamy haýwandan tapawutlandyrýan esasy alamatdyr diýip belläpdir. Aristotel döwleti dolandyrmagyň monarhiýa we aristokratiýa görnüşleriniň oňaýlydygyny aýdypdyr. Ol «Metafizika», «Fizika», «Haýwanlaryň döreýşi», «Etika», «Syýasat», «Ritorika» atly eserleri ýazypdyr.

*Demokrit* (miladydan öňki 460–370-nji ýyllar) gadymy grek filosofy bolup, ol gadymy atomistika (atomizm ýa-da atomçylyk – materiýanyň biçak uşak bölejiklerden – atomlardan gurlandygy hakyndaky taglymat) taglymatyny esaslandyryjylaryň biridir. Ol dünýädäki ähli zatlaryň, hatda ruhuň hem-de aňyýetiň we atomlaryň birleşmesinden durýandygy hakyndaky pikiri öňe sürüpdir. Demokrit akyl ýetirişde duýgynyň hem-de paýhasyň ornuna uly ähmiýet beripdir.

**Ylmy kitaphanalar. Ýewklid, Arhimed we Aristarh Samosskiý.** Gadymyýetde iň iri kitaphanalaryň biri Aleksandriýada ýerleşipdir. Aleksandriýa kitaphanasynda dürli ýurtlardan getirilen kitaplar jemlenilipdir. Olaryň sany 700 müňe ýetipdir. Kitaphana muzeýler toplumyna degişli bolupdyr. Muzeý – munuň özi hudaýlaryň ybadathanasy diýmegi aňladypdyr. Ol köşgüň bir böleginde ýerleşipdir. Bilim almaga bolan islegler matematika, astronomiýa, botanika, geografiýa, lukmançylyk ýaly ylymlaryň ösmegine itergi beripdir.

Matematika boýunça ylmy-nazary işleri ýazan alymlaryň biri *Ýewkliddir* (miladydan öňki III asyr). Ýewklid Aleksandriýa mekdebinde işläpdir. Ol 15 kitapdan ybarat

«Elementler» («Başlangyçlar») atly işini ýazypdyr. Häzirki döwürde onuň astronomiýa, nazaryýet we aýdym barada ýazan işleri bellidir.

*Arhimed* (miladydan öňki 287–212-nji ýyllar) gadymy grek matematigi we mehanigi bolup, onuň kakasy astronom hem-de matematik Fididen sapak alypdyr. Arhimediň «Usul» we «Dogry ýediburçluk» diýen eserleri saklanyp galypdyr. Umuman alnanda, onuň 13-e golaý ylmy işleri biziň günlerimize çenli gelip ýetipdir. Ol daş zyňýan harby maşynlary hem-de beýleki dürli enjamlary, katapultalary oýlap tapypdyr. Arhimediň aksiomasynyň ylym üçin uly ähmiýeti bolup, ol häzirki zaman matematikasynda giňden ulanylýar.

Gadymy Gresiýada astronomiýa ylmynyň düýbüni tutan meşhur alymlaryň biri *Aristarh Samosskiý* (miladydan öňki IV asyryň ahyrlary – III asyr) bolupdyr. Ol Ýeriň Günüň daşyndan aýlanýandygyny ilkinji bolup aýdypdyr. Ol «Günüň we Aýyň ölçegleri hem aralygy» atly uly göwrümli eseri ýazypdyr.

**Täze filosofik mekdepler: epikurçylyk we stoikçilik.** Epikur (miladydan öňki 341–270-nji ýyllar) gadymy grek filosoflarynyň arasynda uly yz galdyran alymdyr. Ol öz döwründe Afinyda filosoflaryň epikurçylyk mekdebini esaslandyrypdyr. Soňra şol ýerden 300-e golaý hatlar, ganatly jümleler aforizmler we nesihatlar tapylypdyr. Epikurçylyk adamy ejirden halas etmegiň ýollaryny gözläpdir. Olar adama bagtly durmuşda ýaşamak üçin beden hem-de ruhy sagdynlygyň we dostlugyň zerurdygyny aýdypdyr. Epikurçylyk adam duýgularyna uly ähmiýet beripdir, şonuň üçin hem olaryň esasy ýörelgesi lezzet bolupdyr. Epikur bu babatda adam islegleriniň çäksizdigini, emma islegleri kanagatlandyrmagyň serişdeleriniň çäklidigini aýdypdyr. Şonuň üçin hem ol diňe zerur islegleri kanagatlandyrmak bilen çäklenmeli, sebäbi zerur istegleriň kanagatlandyrylmazlygy ejire getirýär diýipdir. Ol beýleki ähli isleglerden el

çekmelidigini munuň üçin bolsa, akyl hem-de paýhasa eýermelidigini aýdypdyr. Epikuryň pikiriçe, ýaşaýyş – iň esasy lezzetdir.

Stoikçilik – gadymy filosofiýanyň esasy ugurlarynyň biri bolup, ony esaslandyran grek filosofy Zenondyr (miladydan öňki 336–264-nji ýyllar). Stoikçiligiň ady Afinynyň depeleriniň birinde ýerleşýän «Stoýa Poýkila» («Suratly sütün») atly çeperçilik muzeýiniň adyndan gelip çykypdyr. Sebäbi Zenon şol ýerde ýygy-ýygydan çykyş edýär eken. Stoikçilik üç sany taryhy döwürlere bölünýär: Gadymy stoikçilik (miladydan öňki IV asyryň ahyrlary – miladydan öňki II asyryň ortalary); Orta döwrüň stoikçiligi (miladydan öňki II–I asyrlar); Täze stoikçilik (miladynyň I–III asyrlary). Stoikçilik Geraklitiň taglymatyny täzeden döredipdir. Stoikçiligiň etikasy boýunça ähli adamlar haýsy ýurtda doglandyklaryna, haýsy jemgyýetçilik toparyna degişlidiklerine garamazdan, bütin älemiň raýatlary hasap edilipdir. Stoikçilik adamlaryň grekdigine ýa-da wagşy taýpanyň wekilidigine, guldugyna ýa-da gul eýesidiklerine garamazdan, olaryň dünýä kanunynyň öňündäki deňligini ykrar edipdir. Stoikçiler günä iş etmegi we ahklaksyz hereketleri, adamyň tebigy keşbiniň ýitirilmegi hasap edipdirler.

**Soraglar we ýumuşlar:**

1. Filosofiýa ylmynyň ösmegine näme täsir edipdir?
2. Ioniýa filosofik mekdebiniň görnükli wekillerini atlandyryň we bitiren işleri barada aýdyp beriň.
3. Haýsy grek filosoflaryny we alymlaryny bilýärsiňiz? Olaryň bitiren işleri barada beýan ediň.
4. Grek medeniýetiniň aýratynlyklaryny aýdyp beriň.
5. Ylmy bilimleriň ösmeginde, esasy nämäniň orny uly bolupdyr?
6. Ýewklid, Arhimed, Aristarh Samosskiý barada näme bilýärsiňiz?
7. Näme üçin epikurçylyk we stoisizm diýilýär? Epikurçylygyň, stoisizmiň nähili filosofiki garaýyşlary bolupdyr?

## §21. Gadymy rimlileriň medeniýeti

**Etrusklaryň medeniýeti.** Apennin ýarym adasynyň bir bölegi bolan Etruriýada (häzirki Toskana) miladydan öňki I müňýyllykda gadymy etrusk taýpalary ösen siwilizasiýany döredipdirler. Ol barada grek we rim awtorlarynyň (Gerodot, Diodor, Strabon, Tit Liwiý, Uly Pliniý) ýazgylary we etrusk mazarlaryndan hem-de gonalgalaryndan tapylan arheologik tapyndylar köp maglumatlary berýär. Miladydan öňki IV asyra degişli Tarkwinidäki etrusk gonamçylygyndan tapylan freskalardaky sazandalaryň suratlary, şol ýerde ýüze çykarylan miladydan öňki V asyra degişli şekiller şol döwrüň özboluşly medeniýetini hem-de sungatyny açyp görkezýär.



Tarkwinidäki etrusk gonamçylygyndan tapylan freskanyň bir bölegi. Miladydan öňki IV asyr



Tanslar. Tarkwinidäki etrusk gonamçylygyndan tapylan freska. Miladydan öňki V asyr

Gazuw-agtaryşlaryň netijesinde 10 müňe golaý etrusk ýazgylary tapylypdyr. Emma şeýle-de bolsa, etrusklaryň gelip çykyşy we olaryň döreden baý medeniýeti bilen baglanyşykly çözülmän ýatan meseleler bardyr.

Etruriýada bürünç we demir magdanlary gazylyp alnypdyr. Etrusklar rim jemgyýetiniň mifologiýasyna we dinine öz täsirini ýetiripdir. Italiýanyň taýpalary Orta we Demirgazyk Italiýa Etruriýanyň üsti arkaly grek hatyny kabul edipdirler. Ybadathanalaryň, köşkleriň, köprüleriň, kanallaryň we gala diwarlarynyň galyndylarynyň sakla-

nyp galmagy şol döwürde medeniýetiň ösendigine şaýatlyk edýär.

Etruriýada bürünçden ýasalan heýkeller we reňklenen terrakotalar (gyzylymtyl-goňur reňkli bişirilen toýundan edilen heýkeljikler), sebetler, tabytlar, metaldan, altyndan edilen önümler ýasalypdyr.

**Gadymy Rim medeniýetiniň kemala gelmeginde etrusklaryň, grekleriň we basylyp alnan ýurtlaryň ilatynyň täsiri.** Rimde ylmyň hem-de medeniýetiň ösüşine etrusklaryň we grekleriň bu ugurda gazananlary uly täsir edipdir. Aýratyn hem bu täsir binagärlikde güýçli duýlupdyr. Rimliler hem öz gezeginde etrusk medeniýetiniň ösüşine täsir edipdirler. Kitaphanalar, ybadathanalar, teatrlar, köşkler we gaýry desgalar grek däbine laýyklykda bina edilipdir.

Miladydan öňki IV asyrda Etruriýadan köp etrusk ilaty göçüp gelip, Rimde mesgen tutupdyr. Şunuň netijesinde etrusklaryň ýaşaýan ýerinde şäheriň aýratyn bir bölegi emele gelipdir. Külalçylyk we zergärçilik sungatynda rim medeniýetine italiýalylar hem öz täsirini ýetiripdirler. Rimiň irki sungatynda italiýalylaryň, etrusklaryň, grekleriň täsiri giňden ýaýbaňlanypdyr. Eneýa, Romul we Rem hakyndaky rowaýatlar rimlilere Etruriýanyň üsti arkaly gelip ýetipdir. Grek-makedon ilaty hem her bir şäheriň medeni durmuşyna täsir edipdir.



Tanslar. Tarkwinidäki etrusk gonamçylygyndan tapylan freska. Miladydan öňki V asyr

**Nusgawy rim binagärligi.** Miladynyň 75–80-nji ýyllarynda Gadymy Rimde tomaşa jaýy bolan Kolizeý ýa-da «Flawileriň amfiteatry» diýip at alan ajaýyp bina gurlupdyr. Oňa bir wagtda 50 müň tomaşaçy ýerleşip bilýär eken. Kolizeý ýyrtyjy haýwanlary uruşdyrmak, gladiatorlaryň

söweşini geçirmek, at çapyşyklary we beýleki oýunlary guramak üçin niýetlenilipdir. Kolizeýiň gurluşygynda rim binagärliginiň esasy gurluşyk serişdeleri bolan tuf we trawert daşlary, onuň galereýalarynyň gurluşygynda bolsa kerpiç bilen mermer ulanylypdyr. Amfiteatrdaky heýkeller saklanmandyr, ýöne onuň diwarlarynyň ýüzi ýarym sütünleri ýatladyp duran pilýastralar we arkalar ýaly gurluşyk ülňüleri bilen baý bezelipdir.

Şäheriň möhüm gurluşyk desgalarynyň arasynda Rim forumy aýratyn uly ähmiýete eýe bolupdyr. Rim forumy töweregindäki binalary özünde jemleýän binalar toplumy bolup, ol şäheriň jemgyetçilik-syýasy durmuşynyň jemlenen ýerine öwrülipdir. Bu desga miladydan öňki VI asyrda asly Damaskdan bolan Apollodor tarapyndan gurlupdyr. Başda forumyň ýerinde şäher bazary bolupdyr, soňra ol halk ýygnaklarynyň geçirilýän ýeri bolan komisini, Senatyň ýygnagy geçýän kuriýany hem özüne birikdiripdir.

Gadymy Rimde ähli hudaýlaryň heýkelleriniň jemlenen ýeri bolan Panteon gurlupdyr. Bu desga miladynyň 125-nji ýylynda rim serkerdesi hem-de döwlet işgäri Awgustyň egindeşi Mark Wipsaniý Agrippa (miladydan öňki 63-nji ýyl – miladynyň 12-nji ýyly) tarapyndan bina edilip, onuň gümmezi 43 metre barabar bolupdyr. Gümmez daşgarnuwdan (betondan) we kerpiçden gurlup, gurluş taýdan gümmezi saklaýan diwarlardan, içinden iki setir edilip bölünen galereýadan, iç tarapy bolsa ýedi sany tagçalardan ybarat bolupdyr.

Rim binagärlik sungatynyň ajaýyp desgalarynyň biri-de Dabaraly derwezelerdir (Triumfal arkalar). Dabaraly derwezeler Rim jemgyýetiniň durmuşynda bolup geçýän möhüm wakalary dabaralandyrmak hem-de şöhratlandyrmak üçin wagtlaýyn ýa-da hemişelik gurulýan kaşaň desgalar bolupdyr. Dabaraly derwezeleriň gurluşygynda rim binagärliginde ýörgünli bolan dürli binagärlik ülňüleri we bezegler ulanylypdyr. Bu desgalarda oturdylan heýkeller,

8. Sargyt № 1755.

şekillendirilen relýefler we ýadygärlik ýazgylary görenleri haýran galdyrypdyr. Şeýle desgalaryň hatarynda Titanyň (81-nji ýyl) we Konstantiniň (315-nji ýyl) dabaraly derwezelerini mysal hökmünde görkezmek bolar.

Tomus günleri Italiýada yssy epgek öwsüpdir. Şonuň üçin hem gadymy döwürlerde daglardan we köllerden ýerasty turba geçirijiler arkaly Rime suw akdyrylypdyr. Şeýle suw geçirijileriniň ilkinjileriniň biri miladydan öňki 504-nji ýylda Appiý Klawdiý Sabina tarapyndan gurlupdyr.

Rim şäheriniň Tibr derýasynyň boýunda ýerleşmegi derýanyň üstünden köprüleri gurmagyň zerurlygyny döredipdir. Şonuň üçin Rimde daşdan birnäçe gadymy köprüler gurlupdyr.

Rimde teatrlaryň ýüze çykmagy gadymy baýramçylyklar, esasan hem, hasyl toýlary bilen baglanyşykly bolupdyr. Teatrlarda gülküli sahnalar, tanslar, aýdym-sazlar ýaňlanypdyr. Miladydan öňki III asyryň ahyrlarynda halk tomaşalarynyň täze bir mimika görnüşi has giň gerim alypdyr. Onda ýüzüň-gözüň hereketi, üm (ýagny mimika) we ses bilen çykyş edilipdir. Gerodyň (miladydan öňki III asyr) eoliý şiwesinde papirusa ýazylan mimleriň giň halk köpçüligine hödürlenen ýazgylary bolupdyr.

Teatr üçin hemişelik niýetlenen ýörite ýer bolmandyr. Şonuň üçin ilki-ilkiler ybadathananyň golaýynda oýunlar guralypdyr. Ilkinji daşdan salnan teatr miladydan öňki 55–52-nji ýyllarda Pompeý tarapyndan gurlupdyr. Miladydan öňki I asyryň ahyrlarynda Marselle we Balba atly iki sany teatr gurlupdyr. Miladydan öňki III–II asyrlarda artistler adatça nikapsyz çykyş edipdirler, emma has gijräk nikap geýip çykyş etmek däbe öwrülipdir. Miladydan öňki I asyrda artistçilik sungaty has ösüpdir, ýöne sahnada zenan keşbini erkekler ýerine ýetiripdirler.

Rimde imperatorlar tarapyndan şäher medeniýetiniň möhüm alamatlarynyň biri bolan hammamlar (term) köpçülikleýin gurlupdyr. Olaryň sany müňden hem geçipdir.

Hammamlaryň gapdalynda dynç alyş otaglary, kitaphanalar we sport meýdançalary bolup, adamlar olaryň hyzmatlaryndan peýdalanyp bilipdirler. Baýramçylyk günleri adamlar sirklere we amfiteatrlara tomaşa görmek üçin barypdyrlar.

**Soraglar we ýumuşlar:**

1. Temadaky adalgalary sanaň we olara düşündiriş beriň.
2. Etrusklaryň medeniýeti barada haýsy taryhçylar maglumat berýär?
3. Rim medeniýetiniň kemala gelmeginde beýleki ýerleriň täsiri barada aýdyp beriň.
4. Ýadyňyza salyň, Rimiň binagärligi barada nähili maglumatlary bilýärsiňiz?
5. Rimiň binagärligine häsiýetnama beriň. Onuň aýratynlyklaryny aýdyp beriň.
6. Rimiň binagärligine degişli maglumat ýygnaň we ony synpdaşlaryňyz bilen paýlaşyň.

## §22. Gadymy rimlileriň medeniýeti (dowamy)

**Rimlileriň ylmyň ösmegine goşan goşantlary.** Miladydan öňki III–I asyrlarda Rim imperiýasynyň çäkleriniň giňemegi geografiýa ylmynyň ösmegine uly täsir edipdir. Geografiýa barada latyn dilinde ýazylan ilkinji eserleriň biri Pomponiýa Mela (miladydan öňki I asyr) degişlidir. Geografiýa hem-de etnografiýa degişli köp sanly maglumatlary Ýuliý Sezaryň «Ýazgylar», numid patyşasy Ýubi II-niň işlerinden, Plininiň «Tebigatyň taryhy», Tasidiň we Ammian Marselliniň taryhy eserlerinden hem alyp bolýar. Miladynyň IV asyrynyň şahyry Awien Ortaýer, Hazar we Gara deňizleriniň kenarlary barada ýazypdyr. Onuň grek geografy Dionis Periegeta (I asyr) barada latyn dilinde ýazylan poemasy hem saklanyp galypdyr.

Tebigat bilimleri gadymy döwürde birsydyrgyn ösmändir, emma lukmançylygyň dermançylyk (farmakologiýa) ugry boýunça uly ösüşler gazanylypdyr. Şol döwürlerde

asly Kilikiýadan bolan Dioskorid botanika we dermançylyga bagyşlap eser döredipdir. Onda 600-e golaý dermanlyk ösümlikleri barada maglumat berlipdir. Wifiniýaly Asklepiad (I asyr), Efesli Soran (II asyr), Siriýaly Arhigen (II asyr), Pergamly Oribasiý (IV asyr) we beýlekileriň tagallasy bilen lukmançylyk has hem ösüpdir. Meşhur rim lukmany Galeniň ýazyp galdyran işleri bilen tanyşsaň, onuň diňe bir lukman däl, eýsem tanymal anatom hem-de fiziolog bolandygyna-da göz ýetirip bolýar. Awel Korneliý Selsiň lukmançylyk hakynda gadymy grek eserleriniň esasynda ýazylan işi gelip ýetipdir. Skriboniýa Larganyň (I asyryň birinji ýarymy) dermançylyga degişli «Compositiones» atly eserinde taryhda ilkinji gezek zäheriň taýýarlanylyşy barada maglumat berlipdir.

Rimde geçmişiň wakalary ýyl ýazgylary (annallar) görnüşinde beýan edilipdir. Miladydan öňki V asyrda «Ruhanylaryň tablisasy» atly eser döredilip, onda maglumatlar ýyllar boýunça yzygider berlipdir. Bu eser başda senenamany tertibe salmak üçin ýazylypdyr. Şol sebäpli hem olar takyk maglumat berip bilmändir. Miladydan öňki 130-njy ýylda P. Musiýa Ssewolyň buýurmagy bilen 80 kitapdan ybarat bolan «Uly annallar» atly iş neşir edilipdir.

Irki rim taryhçylaryny «annalçylar» diýip atlandyrmak bolar. Olaryň ilkinjileriniň biri *Kwint Fabiý Piktor* (miladydan öňki III asyr) bolup, onuň grek dilinde ýazylan «Annallar» atly kitabynda 2-nji Puni urşunyň (miladydan öňki 201-nji ýyl) ahyrlaryna çenli bolup geçen wakalar beýan edilipdir. Latyn dilinde taryh ýazan ilkinji rim taryhçysy Katon hasaplanylypdyr. Ol «Başlangyç» atly taryhy eserini ýazypdyr. Rimiň taryhyny ýazan awtorlaryň hatarynda gelip çykyşy boýunça grek hasaplanylýan Polibiý (miladydan öňki II asyr) hem bardyr. Ol 40 kitapdan ybarat bolan «Taryh» atly eserinde Gresiýanyň, Makedoniýanyň, Kiçi Aziýanyň, Siriýanyň, Müsüriň we Karfageniň miladydan öňki 220–146-njy ýyllarynyň taryhyny beýan edipdir.

**Strabonyň we Ptolemeýiň eserleri.** *Strabon* (miladydan öňki 64/63–23/24-nji ýyllar) gadymy grek geografy hem-de taryhçysydyr. Ol grek dilinde 17 kitapdan ybarat bolan «Geografiýa» atly meşhur eserini ýazypdyr. Kitapda geografiki maglumatlar bilen bir hatarda taryhy wakalar we etnografiýa barada-da gymmatly maglumatlar berlipdir. Şonuň üçin hem Strabonyň bu eseri gadymy dünýä taryhy we geografiýasy boýunça möhüm çeşme hasaplanylýar. Eserde Ýer ýüzüniň adam ýaşaýan ýerleri, şol döwrüň belli ýurtlary we halklary barada gymmatly maglumatlar berlipdir. Awtor bu eseri Rimiň döwlet işgärlerine, serkerdelerine, dolandyryş edaralarynyň işgärlerine we söwdagärlere niýetläp ýazypdyr. Şol kitaplaryň 1–2-nji jiltleri nazary häsiýetdedir, galanlary ýurtlar we welaýatlar (3–6-njy jiltler – Ispaniýa, Galliýa, Britaniýa, Italiýa, Sisiliýa; 7–10-njy – Demirgazyk we Gündogar Ýewropa, demirgazyk Balkanlar, Gresiýa; 11–14-nji – Demirgazyk we Gündogar Gara deňiz, Kiçi Aziýa; 15–17-njisi bolsa Hindistan, Mesopotamiýa, Arabystan we Müsür) hakyndadyr.

Ptolemeýiň «Geografiýa» (miladydan öňki II asyr) eserinde, esasan, kartografiýanyň ylmy usullaryna köp üns berlipdir. Onuň kitabyna 27 sany karta goşulyp, olarda Ýer ýüzüniň Kanar adasyndan başlap tä Hytaýa çenli aralygynyň kartasy ýerleşdirilipdir. Imperator Awgust Oktawianyň döwründe dünýäniň geografiki kartasy taýýarlanylypdyr we ol Rimde «Oktawianyň portigi» diýlip atlandyrylan binada ýerleşdirilipdir.

*Ptolemeý Klawdiý* (90–160-njy ýyllar) gadymy grek alymlaryndan bolup, ol dünýäniň geomerkezi ulgamyny işläp düzüpdir we ony 13 kitapdan ybarat bolan «Almagest» atly işinde beýan edipdir. Bu eser astronomiýa hakynda gadymy bilimleri özünde jemlän ensiklopediýa eseri hasaplanypdyr. 127–151-nji ýyllarda Ptolemeý Aleksandriýada astronomiki gözegçilikleri geçiripdir. Ol «Geografiýa» atly işinde gadymy dünýäniň geografiýasy barada-da maglumat-

lary beripdir. Alym patyşalaryň hronologik senenamasyny hem düzüpdir.

Ptolemeýiň 8 kitapdan ybarat bolan «Geografiýadan gollanma» atly işi gadymy geografiki maglumatlary özünde jemläpdir. Ol geografiýaçy alym hökmünde kartografiýa ylmynyň nazaryýetini işläp düzmekde we ösdürmekde uly işleri bitiripdir. Alymyň bu işinde Skandinawiýadan Nil derýasyna, Atlantik ummanyndan bolsa Hindihytaýa çenli aralykda ýerleşen 8000 sany ilatly mesgenler barada maglumatlar berlipdir. Uly göwrümli bu iş diňe täjirlerden we syýahatçylardan alnan maglumatlaryň esasynda ýazylypdyr. Ptolemeýiň optika barada bäş jiltlik eseri hem saklanyp galypdyr.

**Tit Liwiý, Tasit we Plutarh.** Gadymy Rimde taryh ylmy hem uly ösüşlere eýe bolupdyr. Olardan *Tit Liwiý* (miladydan öňki 59-njy ýyl – miladynyň 17-nji ýyly) giň meşhurlyga eýe bolupdyr. Tit Liwiý Rimde ýaşap we işläp, imperator Awgustyň howandarlygyndan peýdalanypdyr. Ol 142 kitapdan ybarat bolan «Rimiň düýbi tutulandan bäri taryhy» atly meşhir eserini ýazypdyr. Eseriň diňe 35 kitaby saklanyp galyp, onda Rimiň taryhynyň miladydan öňki 293-nji ýylyndan 218–168-nji ýyllaryna çenli wakalaryny beýan edipdir. Ol Rimiň taryhy barada ýazanda wakalara öz garaýyşlaryny beýan etmändir. Ol filosofiki garaýyşlary boýunça stoikçilere golaý bolupdyr.

*Korneliý Tasit* (miladynyň 56–117-nji ýyllary) rim şahyry hem-de taryhçysydyr. Ol «Annallar», 14 kitapdan ybarat bolan «Taryh» we «Germaniýa» atly meşhur eserleriň awtorydyr. Onuň eserlerinde imperiýany dolandyrmagyň respublikan gurluşy, Rimiň geçmiş taryhy we ilatyň gündelik durmuşy, şeýle hem gadymy german taýpalarynyň jemgyýetçilik gurluşy, ýaşaýyş-durmuşy hem-de dini ynançlary hakynda giňişleýin maglumatlar berilýär.

*Plutarh* (45–127-nji ýyllar) gadymy grek ýazyjysy, taryhçysy, filosofy we öwüt-nesihatçysydyr. Onuň esasy eseri

«Deňeşdirme ömür ýazgysy» bolup, onda görnükli grek hem-de rim şahsyýetleriniň 50-siniň terjimehallary beýan edilýär. Onuň galan eserleri öwüt-nesihat bilen baglanyşyklydyr. Plutarh esasy bilimi Afinyda alypdyr we oňa şäheriň hormatly raýatynyň derejesi berlipdir. Ol Gresiýada, Rimde we Aleksandriýada bolup görüpdir. Alym filosofiýa ylmynda öz-özüňi terbiýelemegiň talaplaryny görüpdir. Ol eserlerinde ahlak hem-de edep kadalaryny taryhy mysallaryň, degişmeleriň, nakyllaryň hem-de aýry-aýry adamlaryň aýdan sözleriniň we jümleleriniň üsti bilen açyp görkezipdir.

**Hukugyň ýüze çykmagy.** Gadymy Rimde hukuk boýunça kanunlar ýygyndysy 12 sany tagtajyga ýazylyp, ol şäheriň meýdançasynda asylyp goýlupdyr. Emma şol ýazgylar biziň günlerimize çenli saklanyp galmandyr. Bu ýazgylardan bölekler diňe Siseronyň, Gaýyň hem-de beýleki awtorlaryň eserlerinde berlipdir.

Rimde miladydan öňki III – miladynyň III asyrlarynda hukuk gülläp ösüpdir. Kanunlar Senatda tassyklanylypdyr. Imperator Awgustyň döwründe görnükli hukukçylara döwlet durmuşynyň bu ugry boýunça maslahat bermäge ygtyýar edilipdir. Olaryň hatarynda Gaýy, Selsleri, Ýuliany, Pomponini görkezmek bolar.

Adrianyň döwründe «Hemişelik düzgün» atly hukuk we kazyýet işleri boýunça ýygyndy çap edilipdir we olary umumylaşdyrmak Ýuliana tabşyrylypdyr. II asyrda Rimde ýörite hukuk mekdepleri hem açylypdyr.

III asyryň ahyrlarynda we IV asyryň başlarynda kanunçylyk namalary boýunça hususy ýygyndylar peýda bolup başlaýar. IV–V asyrlarda kanunçylyk namalaryny düzmeklik bütinleý imperatoryň ygtyýaryna geçipdir. Namalar hukugyň esasy çeşmesi bolupdyr. Şol döwürlerde hukugy ulgamlaşdyrmak işi belli bir kada salnypdyr.

Kanunçylyk işleri Wizantiýada hem alnyp barlypdyr. Feodosiý II-niň (408–450) buýurmasy bilen «Kodeksler toplumy» neşir edilipdir. Ýustinianyň (527–565) dolandyran ýyl-

larynda rim hukugyny kämilleşdirmek bilen baglanyşykly özgertmeler durmuşa geçirilipdir. Ol jemgyýetiň ösüşini bökdeýän we oňa päsgel berýän hukuk kadalaryny çalşyrmagy maksat edinýär. 528–534-nji ýyllar aralygynda Tribonian tarapyndan ýolbaşçylyk edilýän meşhur hukukçylaryň uly topary rim hukugynyň baý mirasynyň üstünde işläpdirler we Ýustinianyň jemkanuny adyna eýe bolan «Täze kanunlar» toplumy («Nowella») düzülipdir. Ýustinianyň jemkanunynda çäklendirilmedik ygtyýarlyklara eýe bolan hökümdaryň häkimiýeti, döwlet bilen buthananyň arasyndaky jebislik hakyndaky pikirler eriş-argaç bolup geçipdir.

**Rim edebiýatynyň ösmegi. Lukresiý, Katul, Gorasiý, Owidiý, Wergiliý.** Gadymy Rimiň çeper edebi döredijiliginiň (miladydan öňki V–IV asyrlar) has irki ýadygärlikleri saklanyp galmandyr. Emma giçkiräk döwürlerde irki edebi eserlerden bölekler rim aýdymlarynda öz beýanyny tapypdyr. Edebiýatda eposa, drama we kyssa üns berlip başlanypdyr. Miladydan öňki IV–III asyrlarda konsul Appiý Klawdiý ilkinji gezek öz ýatdan bilýän edebi eserlerini ýazga geçiripdir. Netijede, Rimde çeper döredijilik öz ösüşinde täze tapgyra gadam basýar.

Miladydan öňki I asyryň ahyrlary – miladynyň I asyry, aralygyny rim poeziýasynyň «Altyn asyry» diýip hasaplapdyrlar. Bu döwrüň ajaýyp söz ussatlarynyň biri-de ýazyjy we filosof *Tit Lukresiý* (miladydan öňki I asyr) bolupdyr. Lukresiý özüniň tebigat baradaky filosofiki poemasynda, didaktik epos görnüşinde ýazan eserinde grek filosofy Epikuryň taglymatyny öňe sürüpdir. Ol ähli zadyň, şol sanda adamyň hem-de tebigatyň nähilidir bir adatdan daşary güýjüň täsiri bilen däl-de, tebigy ýagdaýda emele gelendigini ylmy nukdaýnazardan aýdypdyr. Adam aňynyň we tejribesiniň kämilleşmegi bilen, olaryň ulanýan hem-de döredýän zatlarynyň hem kämilleşýändigini belläpdir.

Rim edebiýatynyň ösmegine uly goşant goşan şahyrlar öz eserleri bilen dünýä edebiýatynyň kemala gelmeginde we ýo-

kary göterilmeginde uly yz galdyrypdyrlar. *Gaý Waleriý Katul* (miladydan öňki 87–54) şeýle şahyrlaryň hatarynda bolupdyr. Katulyň 116 sany eseri saklanyp galypdyr. Olar liriki goşgulardan, epigrammalardan, epolliýalardan, hatlardan, epitalamalardan we beýlekilerden ybaratdyr. Onuň döredijiligi giçki ýewropa lirikasynyň ösüşine öz täsirini ýetiripdir. Onuň söýgi lirikasy özüniň ynsanperwerligi, adamlaryň kalbyna çuňňur täsir edijiligi bilen tapawutlanypdyr.

*Kwint Gorasiý Flakk* (miladydan öňki 65–8-nji ýyllar) Rimiň meşhur şahyrlarynyň biri bolupdyr. Şahyryň satiriki we liriki odalarynda, filosofiki pikirlerinde epikurçylygyň hem-de stoikçiligiň täsiri duýlupdyr. Onuň «Poeziýa ylmy» atly eseri nusgawylyk nazaryýetiniň esasyny goýupdyr. *Gorasiniň* «Ýadygärlik» eseri hem rim edebiýatynda uly yz galdyrypdyr.

Rim şahyry *Publiý Owidiý Nazonyň* (miladydan öňki 43–18-nji ýyllar) söýgi temasyndan ýazylan elegiýalary, degişme we kinaýa äheňindäki «Söýgi ylmy», «Söýginiň serişdesi» atly öwüt-ündew poemalary bellidir. Owidiniň «Metamorfozalar» (Üýtgeşmeler) we «Gynançly elegiýalar» atly eserleri uly meşhurlyk gazanypdyr.

*Wergiliý Maron Publiý* (miladydan öňki 70–19-njy ýyllar) Rimiň jemgyýetçilik-syýasy durmuşynda möhüm wakalaryň bolup geçýän döwründe ýaşapdyr. Ol Rim Respublikasynyň synmagynyň gözli şaýady bolupdyr. Wergiliý özüniň b. e. öňki 42–38-nji ýyllarda ýazylan «Bukolikler» («Çopan aýdymlary») ýygyndysynda döwletiň syýasy durmuşyndan çetde galýan erkana çopan durmuşyny beýan etmäge çalşypdyr. Ol «Eneida» poemasynda Troýany goraýjy hudaýyň ogly Eneýi we Italiýanyň gadymyýetini suratlandyrmaga, Rimiň syýasy durmuşynyň meselelerini açyp görkezmäge çalşypdyr. Wergiliý nusgawy döwrüň ritoriki we epiki şygryýeti üçin nusgalyk bolupdyr.

**Heýkeltaraşlyk we amaly-haşam sungaty.** B.e. öňki III–I asyrlarda şekillendiriş sungatynda nepis heýkelleri ýasamaklyk däbe öwrülipdir. Rimliler mermerden hem-de bürünçden aýry-aýry adamlaryň we imperatorlaryň heýkel-

lerini ýasapdyrlar. Olar döreden işlerini köplenç hudaýlar bilen baglanyşdyrypdyrlar. Buýurma esasynda heýkel portretlerini döretmeklik hem giň gerime eýe bolupdyr. Heýkellerde adamyň içki hem-de daşky duýgulary sazlaşykly beýan edilipdir.

**Din.** Rimliler gadymyýetden başlap tebigy hadysalara, ruhlaryň barlygyna ynanypdyrlar. Olar tebigatyň güýçlerine hem-de gudratlaryna, hususan-da ýere, suwa we oda çokunypdyrlar. Soňabaka rimliler her zadyň hudaýy bar diýip hasap edipdirler we Ýupiter, Mars, Westa ýaly hudaýlara uýup, olary keramatlaşdyrypdyrlar.

Miladynyň 68–69-njy ýyllarynda Rim agyr çökgünlige düşüpdir. Rimiň raýatlary özlerini agyr çokgünliklerden halas etjek hudaýa garaşypdyrlar. Emma şeýle hudaý görünmändir, üstesine-de, wagtyň geçmegi bilen rim dini gowşapdyr. Soňra ýurtda hristiançylyk dini ýaýrap başlaýar. Hristiançylygy esaslandyran Isa pygamber (Iisus Hristos) bolup, «Injil» (Bibliýa) bu diniň mukaddes kitaby hasaplanýar. V asyrda imperator Feodosiý II köphudaýlylyk bilen baglanyşykly däp-dessurlary gadagan edýär we Rimiň gadymdan gelýän adaty dini öz möwritini geçirip, ýitip gidýär.

**Soraglar we ýumuşlar:**

1. Rimde haýsy ylymlar ösüpdir?
2. Rimde ylmyň wekillerini atlandyryň we olaryň bitiren işleri barada gürrüň beriň.
3. Strabonyň we Ptolemeýiň meňzeş eserini atlandyryň we olaryň tapawutly aýratynlyklaryny aýdyp beriň.
4. Rim taryhçylary haýsylar we olar haýsy işleri miras galdyrypdyrlar? Ol işleriniň mazmuny nämeden ybarat bolupdyr?
5. Siziň pikiriňizçe, hukugyň ýüze çykmagyna näme sebäp bolup biler? Rimde hukuk boýunça haýsy neşirler çap edilipdir?
6. Taryhyň haýsy döwrüne rim şygryýetiniň «Altyn asyry» diýlipdir? Munuň sebäbini düşündiriň. Rim edebiýatynyň görnükli wekilleri we olaryň eserleri barada aýdyp beriň.
7. Ýadyňyza salyň, Rimiň heýkeltaraşlygyna degişli haýsy maglumatlary bilýärsiňiz?
8. Siziň pikiriňizçe, Rim dininiň ýitmegine näme sebäp bolupdyr?

## 3-nji bap. MUSULMAN MEDENIÝETI

### §23. Musulman medeniýetiniň kemala gelmegi

Musulman medeniýeti VII–VIII asyrlarda kemala gelip, giň gerim bilen ösüp başlaýar. Bu medeniýetiň esasyny Arabystan ýarymadasynda ýaşap geçen iň soňky pygamber Muhammet tarapyndan döredilen Yslam dini we onuň ynanç esaslaryny düzýän mukaddes Kuran kitaby goýupdyr. Özeni din bilen baglanyşykly bolandygy üçin bu medeniýet ylymda «Musulman medeniýeti» diýip atlandyrylýar. Çünki ol diňe bir araplaryň däl, eýsem yslam dinine uýýan ençeme halklaryň hyzmatlary hem-de tagallalary netijesinde kemala gelen medeniýetdir. Musulman medeniýetiniň dünýä ýaýramagynda araplaryň basyp alan ýurtlary bolan Müsüriň, Wizantiýanyň, Siriýanyň, Eýranyň, Kawkazyň, Orta Aziýanyň, Hindistanyň, Owganystanyň we ençeme beýleki ýurtlaryň halklary hyzmat görkezipdirler.

VII asyrda Gyzyl deňziň kenar ýakasynda ýerleşýän Hijaz sebiti Arabystanyň ykdysady taýdan iň ösen ýerleriniň biri bolupdyr. Bu ýerlerde ekerançylyk, senetçilik we söwda ösüpdir. Sebitde Mekge, Ýasrip (Medine) we Taif ýaly uly şäherler hem bolupdyr. Hijazyň ykdysady taýdan şeýle uly ähmiýete eýe bolmagy Arabystanyň birleşdirilmegi ugrundaky syýasy hereket, Yslam («Alla boýun synmak») ady bilen ýüze çykan monoteizm dini ynançlaryny wagyz etmek bilen utgaşdyrylypdyr. Araplary bitewi bir döwlete birikdirmek we ýeke-täk Hudaýa uýdurmak işine Muhammet Pygamber

(570–632) ýolbaşçylyk edýär. Muhammet pygamber yslam dinini berkitmek we ýaýratmak üçin 20 ýyldan-da gowrak wagt tagalla baryny edipdir, köphudaýlylygyň birhudaýlyk dini bilen çalşyrylmagynyň hötdesinden gelipdir we bitewi Arap döwletini (halyfat) döredipdir. Mekge dini merkez hökmünde kabul edilipdir, mukaddes Käbe bolsa Yslamyň baş seždegähine öwrülipdir.

**Kuran we yslam taglymaty.** Musulmanlaryň baş kitaby Kuran (okamak, sesli okamak) 114 süreden (bapdan) ybarat bolup, süreler hem öz nobatynda aýatlara bölünýär. «*Aýat*» sözi «bellik, nyşan, gudrat» diýen manylary aňladýar. Takmynan 610-njy ýylda Mekgäniň ýanyndaky Hira dagynda ýeke özi ybadat edip otyrka, Jebraýyl perişde gelip, Muhammet pygambere aýatlary okap berer eken. Ol bolsa aýatlary ýatdan öwrenip, öz tarapdarlaryna aýdyp beripdir. Olar hem öz gezeginde beýleki musulmanlaryň arasynda Kurany şeýle ýol bilen ýaýradypdyrlar. Kuran keramatly kitapdyr, ol dünýä edebiýatynyň taglymat derejesindäki deňsiz-taýsyz ajaýyp eseridir we gymmatly taryhy çeşmedir.

Yslam taglymatynyň düýp özenini «bäş parz» hakyndaky ynançlar hem-de ýörelgeler emele getirýär. Olar aşakdakylardan ybaratdyr:

1. Kelemeýi – şahadat, ýagny Allanyň barlygyna we ýeke-täkligine, ondan başga hudaýyň ýoklugyna, Muhammediň Allanyň pygamberidigine ynanmak;
2. Namaz – dine uýýanlaryň günde bäş gezek berjaý edýän ybadaty;
3. Oraza – Taňrynyň buýrugy üçin mukaddes Oraza aýynda agyz beklemek;
4. Zekat bermek – musulmanlaryň kesgitlenilen möçberde dini salgytlary tölemegi;
5. Haj – Gurbanlykda mukaddes Mekkä zyýarat etmek.

Yslam taglymaty, onuň özenini düzýän mukaddes Kuran ägirt uly ruhy güýje eýedir. Olar adamyň iň bir çykgynsyz pursatlarda ýüzlenýän ylahy gymmatlygydyr.

Yslama uýmaklyk, Kurany Kerime sygynmaklyk adamlara ynsanperwerligiň, ýagşylygyň, päkýürekliligiň we ahlaklylygyň iň ýokary nusgalaryny ýüze çykarmaga ýardam berýär. Çünki olar imanly bolmagy, ahlak taýdan päkligi, kasama wepalylygy, bir sözlüligi, üsti-başyň, iç-daşyň arassalygyny, haýyr-sahawatlylygy we rehim-şepagatlylygy wagyz edýärler.

**Musulman binagärlik sungaty.** Arap halyflygynyň döremegi bilen Arabystanda binagärlik sungaty uly ösüşlere eýe bolup başlapdyr. Binagärlik sungatynyň gazananlary basylyp alnan ýurtlara hem köpçülikleýin ýaýrapdyr. Netijede, yslam dininiň ýaýran ýurtlarynda binagärlik sungatynyň «derweze», «metjit», «medrese», «aramgäh», «hanaka», «kerwensaraý» ýaly binalary gurmak dessury, şeýle hem ymaratçylygyň «küňre», «gupba», «kalaş» (gupbanyň üstündäki çiş), «gümmez», «hüjre», «mähraр», «dalan», «supa», «eýwan», «minara» ýaly ülňüleri peýda holupdyr, köşkleri gurmaklyk bolsa has-da kämilleşipdir.

Köşk döwlet häkimiýetiniň ýerleşýän, şol bir wagtyň özünde-de, patyşanyň we ýokary döwlet işgärleriniň ýaşaýan ýeri bolupdyr. Köşk, adatça, şäheriň merkezinde gurlup, onuň gapdalynda metjit-medreseler, medeni hem-de ylmy merkezler ýerleşipdir.

Medrese (arapça – ders, sapak) ýokary bilim berýän musulman okuw jaýydyr. Medreselerde din işlerini ýöretmek we dini däp-dessurlary alyp barmak üçin ulamalar taýýarlanylypdyr, galyberse-de, orta okuw jaýlary bolan mekdeplerde, döwlet edaralarynda işlemek üçin mugallymlar, işgärler taýýnlanylypdyr. Jelaleddin Rumy, Alyşir Nowaýy, Nyzamy Genjewi, al-Faraby, Omar Haýýam ýaly meşhur alymlar hem-de söz ussatlary medreselerde bilim alypdyrlar.

Musulman binagärliginiň ýene-de bir möhüm görnüşi metjitler bolupdyr. Metjit – bu dine uýýanlaryň köpçülik bolup namaz okaýan, Alla ybadat edýän ýeridir. Oňa başgaça «Allanyň öýi» hem diýýärler. Omeýýalaryň Damaskdaky

metjidi (Siriýa), Ibn Tulunyň Kairdäki metjidi (Müsür), Kordowadaky metjitler (Ispaniýa) we başgalar musulman binagärliginiň ajaýyp nusgalarydyr.

Metjitler, medreseler we olaryň jaýyndaky kitaphanalar asyrlaryň dowamynda ýerli halklaryň esasy medeni merkezleri bolup hyzmat edipdirler. Kitaphanalarda musulman dininiň esaslaryna we ylmyň dürli ugurlaryna degişli kitaplar saklanylypdyr. Bu ýerde ylahy ylymlar bilen bir hatarda, dünýewi ylymlar bilen hem meşgullanylypdyr, çeper bezegli kitaplar neşir edilipdir. Kitaphanalarda meşhur alymlar dini we dünýewi ylymlar boýunça sapak beripdirler, akyldarlar we şahyrlar bilen duşuşyklar guralypdyr.

Arap-musulman medeniýeti başda arap diline esaslanypdyr. Dünýä ylmynyň gazananlary arap diline terjime edilipdir. Arap dilini bilmeklik diňe bir sowatlylygyň esasy alamatlarynyň biri bolman, eýsem yslama uýmaklygyň, musulman medeniýetliliginiň hem esasy şertleriniň biri hökmünde kabul edilipdir. Sebäbi mukaddes Kuran arap dilinde ýazylyp, ol musulmanlary sowatlylyga, ahlaklylyga, ruhy taýdan kämillige, medeniýetlilige we ynsanperwerlige çagyrypdyr. Arap dilini öwrenmeklige arap däl halklaryň wekilleri hem uly ähmiýet beripdirler. Şonuň üçin hem dünýä meşhurlygyny gazanan alymlaryň arasynda Arap halyflygynyň düzümine giren keseki halklaryň (ajam) wekilleri agdyklyk edipdir.

Arap halyflygynyň ähli ýerlerinde şäher gurluşygyny rejelemäge uly üns berlipdir. Omeýýalar halyflygynyň (661–750) paýtagty Damask öz döwründe dünýäniň iň ösen hem-de gözel şäherleriniň birine öwrülýär. Abbasy halyflygynyň (750–1258) esaslandyrylmagy bilen täze paýtagt Bagdat gurulýar, Samarra, Kair we Kordowa ýaly iri şäherler bolsa diňe bir musulman dünýäsiniň däl, eýsem bütin dünýäniň iň uly megapolislerine öwrülýärler. Bu şäherleriň giň köçeleri bolup, olaryň iki gyrasynda täsin binagärlik çözgütleri bilen haýran galdyrýan owadan ymaratlar gurulýar. Musulman

dünýäsiniň iň iri medeni hem-de ylmy merkezleriniň biri-de Merw şäheri bolupdyr. Merw ençeme ýyllaryň dowamynda arap halyflygynyň paýtagty hökmünde yslam taryhynda uly yz galdyrypdyr. Şonuň üçin ol «Maru-Şahu-Jahan» ady bilen dünýä taryhynda giň meşhurlyga eýe bolupdyr.

Arap halyflygynyň we dünýä musulmanlarynyň dini hem-de zyýarat merkezleri hökmünde Mekge we Medine şäherleri hyzmat edipdir. Mekge şäherinde Mukaddes Käbe, Muhammet pygamberiň aramgähi we metjitler ýerleşipdir. Eger-de ýokarda ady agzalan şäherler syýasy we medeni merkezler bolup hyzmat eden bolsalar, onda Mekge dünýä musulmanlarynyň dini merkeziniň wezipesini ýerine ýetiripdir.

Musulman medeniýetiniň taryhynda sopuçylyk akymy uly yz galdyrypdyr. Sopuçylyk – bu özünde ähli bilimleriň «açaryny» saklaýan pynhan dini taglymatdyr. Onuň wezipesi – ynsany has ýokary kämillik derejesine çykarmakdyr. Ähli ylymlar adamzada Gudraty güýçliniň ýaradan zatlaryna akyl ýetirmek üçin bagyşlanan bolsa, sopuçylyk Gudraty güýçliniň özüne akyl ýetirip, Onuň özünde ýitip gitmekdir. Şonuň üçin hem sopuçylyk Beýik Biribara – hakyky Barlyga akyl ýetirmegiň ýoludyr, ol diňe bir ynsanyň kimligi hakynda däl, eýsem onuň nähili bolmalydygy hakyndaky taglymatdyr.

Hasan al-Basry (642–728), Hüseýn al-Hallaç (858–922), Abulkasym al-Jüneýt (830–910), Bistamy (874-nji ýylda aradan çykan), Hoja Ahmet Ýasawy (1103–1166/67), al-Gazzaly (1058–1111), Ibn Araby (1165–1240), Jellaleddin Rumy (1207–1273) ýaly sopular giň meşhurlyga eýe bolupdyrlar. Sopuçylyk aýdym-saz sungatynyň we musulman edebiýatynyň ösüşine uly täsir edipdir.

**Nakgaşlyk we suratkeşlik.** Musulman suratkeşlik sungatynyň esasy aýratynlyklarynyň biri, onda çeper bezeg sungaty aýratyn uly ösüşlere eýe bolupdyr. Yslam dini adamlaryň we haýwanlaryň suratlarynyň çekilmegi-

ni, heýkelleriň ýasalmagyny höweslendirmändir. Emma tebigatyň gözelliklerini şekillendirmek, binalary, kitaplary we dürli görnüşli senetçilik önümlerini owadan nagyşlar bilen bezemeklik musulman nakgaşlygyna mahsus bolupdyr. Bu ugurlarda uly ösüşler gazanylypdyr.

Emma wagtyň geçmegi bilen musulman nakgaşlygynda suratkeşlik sungaty hem ýüze çykyp ugraýar. Suratkeşligiň sungat hökmünde ýüze çykmaklygy çeper golýazmalary döretmek bilen aýrylmaz baglanyşykly bolupdyr. Sebäbi golýazmalary döretmek işine çeper senetçilik hünärleriniň dürli ugurlarynyň ussatlary bolan hatdatlar, suratkeşler, nagyşçylar altyn we kümüş çaýýanlar, şeýle hem çeper jiltlemäniň ussalary gatnaşypdyrlar. Çeper golýazmalary döretmekde esasy hünärmenlerden başga-da lakçylar, deriniň ýüzüne nagyş çekijiler, kagyzlary, kartonlary, laklary, reňkleri ýasaýjylar we başgalar zähmet çekipdirler.

XIII asyryň ahyrlarynda – XIV asyryň başlarynda nakgaşlyk eserlerinde adamlaryň we haýwanlaryň suratlary hem çekilip başlanýar. Netijede, musulman sungatynda täze bir ugur – miniatýura sungaty ýüze çykyp başlaýar. Miniatýura görnüşdäki suratlaryň öz aýratynlygy bolýar. Olarda bir zadyň şekili çekilende, onuň kölege düşýän we ýagtylyk düşýän ýerleri görkezilmeýär. Suratçy şekilleri, adat boýunça dikligine: golaýdaky şekiller aşakda, yzdakylaryny bolsa ýokarda ýerleşdiripdir. Üstesine-de, öňdäki we yzdaky şekilleriň ölçegleri deň bolupdyr. Musulman miniatýuralary özüniň inçeligi, reňkleriniň sazlaşygy we baý many-mazmuny bilen aýratyn tapawutlanýarlar. Bu bolsa suraty görenlerde joşgunly duýgulary döredýär. Musulman suratkeşleriniň suratlarynda esasan altynsow, gyzyl we sary öwüşginler agdyklyk edýär.

Musulman sungat ussatlary dürli haýwanlaryň (atyň, goçuň we başgalaryň) heýkellerini hem ýasap ugraýarlar. Çeper eserler, ylmyň dürli ugurlaryna (lukmançylyk, botanika, zoologiýa, himiýa we başgalar) degişli golýazma-

lar diňe bir nagyşlar däl, eýsem eserleriň mazmuny bilen baglanyşykda adamlaryň, haýwanlaryň we ösümlikleriň suratlary bilen hem bezelipdir. Çeper elli ussalar daşdan, agaçdan, gymmatbaha metallardan, süňkden dürli görnüşdäki heýkelleri ýasapdyrlar, aýry-aýry önümleri gazma nagyşlar bilen bezäpdirler.

Hatdatlyk sungaty (kalligrafiýa) nakgaşlyk bilen aýrylmaz baglanyşykly ugurlaryň biridir. Bu sungatyň wekilleri gurluşyk desgalarynyň, aýratyn hem metjitleriň, aramgähleriň we minaralaryň ýüzüne Kurany Kerimiň sürelerinden alnan setirleri keşde, gaýma çeken ýaly edip owadan hatlar bilen ýazypdyrlar. Hatdatlar dürli kitaplary hat ýazmagyň dürli usullaryny ulanyp, juda owadan edip ýazypdyrlar. Arap hatyny ýazmagyň kufi, rega, suls, nestalik, talik ýaly usullary bolupdyr. Türkmenistanyň çäginde şeýle sungata biziň döwrümize gelip ýeten Merwiň, Köneürgenjiň we Dehistanyň taryhy-medeni ýadygärlikler toplumlarynda duşulýar.

**Edebiýat.** Arap edebiýatynyň kökleri gadymy eýýamlardan gözbaş alyp gaýdýar. Araplarda taryhy wakalara, jemgyýetçilik hadysalaryna dogry hem-de dürs baha berip bilýän taýpa şahyrlary, kazylar, danalar, köneden gelýän hekaýatlary aýdyjy *rawylar* köp bolupdyr. Arap taýpalary üçin syýasy işjeňlik has güýçli bolupdyr, bu bolsa araplaryň taryhyny bezeýän köp sanly wakalaryň bolmagyna, olar barada gyzykly hekaýatlaryň we rowaýatlaryň döremegine getiripdir. Araplara wagta (gün, aý, ýyl), adam ykbalyna, başdan geçirmelere, gyzykly wakalara baý ömür menzilleri hökmünde garamaklyk mahsus bolupdyr. Bular barada märekede gürrüň etmeklik araplarda juda ýörgünli bolupdyr.

Umumy musulman medeniýetiniň kemala gelmegine arap dili uly täsir edipdir. Wagtyň geçmegi bilen, arap dili milletara gatnaşyklarynyň, iş dolandyryşyň, kazyýetiň, edebiýatyň, taryhyň we ylmyň diline öwrülipdir. Orta

9. Sargyt № 1755.

asyrlaryň arap alymlary we beýleki musulman halklaryndan ösüp ýetişen ajaýyp akyldarlar arap dilinde gürläpdirler we öz ölmez-ýitmez eserlerini döredipdirler. Arap diliniň söz baýlygy beýleki halklaryň dillerine aralaşypdyr, arap dili hem öz gezeginde beýleki dilleriň hasabyna baýlaşypdyr.

Arap diliniň ösmegine Kuranyň göçürilmegi we beýan edilmegi uly täsir edipdir. Dil bilen birlikde, ýazuw düzgünleri hem kämilleşipdir. Eýýäm VII asyrda arap diliniň ýazuw düzgünleri bilen baglanyşykly mekdepler peýda bolup başlaýar. VIII asyrda as-Subaweýhiniň arap diliniň ýazuw kadalaryna bagyşlanan kitaby neşir edilýär. Ýazuw düzgünleri bilen bir hatarda, arap diliniň söz baýlygyny öwrenmek bilen baglanyşykly işler hem amala aşyrylypdyr. VIII asyryň ahyrlarynda arap diliniň birinji sözlügi neşir edilýär.

VIII asyrda dünýä edebiýatynyň dürli ugurlaryna degişli kitaplary arap diline geçirilipdir. Harun ar-Reşidiň we onuň ogly al-Mamunyň döwründe terjimeçilik işi has işjeň ýagdaýa eýe bolýar. VIII asyryň ahyrlarynda – IX asyryň başlarynda Bagdaddaky Ylymlar akademiýasynyň ýanynda ýörite terjimeçileriň topary hereket edipdir. Günbatar Ýewropa ýurtlarynda Gaýtadan döreýiş eýýamyndan öň Aristoteliň, Ýewklidiň, Ptolemeýiň, Gippokratyň, Galeniň, Arhimediň we beýleki gadymy grek akyldarlarynyň işleri bilen diňe arap dilinden latyn diline terjime edilen işler arkaly tanşyp bilipdirler.

VII–VIII asyrlarda gadymyýetden gözbaş alyp gaýdýan arap edebiýaty ösüp başlaýar. Bu döwrüň edebiýaty özüniň dünýewiligi, ýokary ruhubelentligi bilen aýratyn tapawutlanýar. Edebiýatda aýratyn hem şygryýet ösüpdir. Şahyrlaryň käbirleri öz eserlerinde halyflary, olaryň ata-babalaryny, eden işlerini wasp etseler, beýlekileri durmuş nogsanlyklaryny paş edýärdiler. Bu döwürde yşky-liriki eserler hem peýda boldy. Irki arap söz ussatlaryndan omeýýalar köşgüniň şahyrlary Farazdagyň hem-de Ahtalyň atlaryny görkezmek bolar.

VIII–XI asyrlarda Abu Nuwas (VIII asyryň ikinji ýarymy – IX asyryň birinji ýarymy), Abu-al-Atahiýa (748–825), al-Mutanabbi (915–965), Abu-al-Ala al-Maari (973–1057), al-Hafifi (1054–1122) ýaly şahyrlar giň meşhurlyga eýe bolupdyrlar. XII asyryň başlarynda arap edebiýatynda kyssa žanry peýda bolýar. Şeýle kyssalaryň biri harby-gahrymançylyk temasynda ýazylan «Antar hakynda kyssa» eseridir. Eserde gürrüň berilýän hekaýatlaryň köpüsi soňra «Müň bir gije» atly meşhur arap eserine girizilipdir. Hut şu döwürlerde «Kaýs–Lubna», «Leýli–Mejnun» ýaly yşky-liriki eserler peýda bolýar.

Araplaryň öz milli elipbiýi hem bolupdyr. Netijede, bularyň ählisi birleşip, orta asyr arap edebiýatynyň kemala gelmeginde we soňraky asyrlarda has-da ösmeginde möhüm ähmiýete eýe bolupdyr. Arap nusgawy edebiýatynda şygryýet we kyssa žanrlary juda ýörgünli bolupdyr. Bu žanrlar gadymy we orta asyr edebiýatynyň ösüş ýoluny we ugruny kesgitläpdirler.

Arap-musulman siwilizasiýasynyň ruhy medeniýetde gazananlary soňra Ýewropada giňden peýdalanylýar we musulmanlaryň bu ugurda gazananlary ýewropa medeniýetiniň mundan beýläkki ösüşine uly täsir edýär.

**Ylmy bilimleriň ösmegi.** IX–XII asyrlar arap medeniýetiniň ähli ugurlarda diýen ýaly gülläp ösen döwri bolupdyr. Halyflygyň aglaba ýerlerinde ýüzlerçe mekdepler, medreseler, kitaphanalar, onlarça «Paýhas öýleri», medeni-ylmy merkezleri, akademiýalar işläp, olarda çagalar, talyplar okadylypdyr, ylmyň dürli ugurlary boýunça ylmy-barlag işleri alnyp barlypdyr. Halyflygyň paýtagty Bagdat şäheri meşhur ylym-bilim we medeniýet merkezine öwrülipdir. Damask, Halap, Merw, Köneürgenç we Kair ýaly şäherler hem möhüm ylmy ojaklar hökmünde tanalypdyr.

Halyflygyň alymlary, esasan, filosofiki we tebigy bilimler boýunça ylmy ugurlara üns beripdirler. Kordowadaky

«Bilim öýünde» beýik astronom Ibn Ýunus, matematik we fizik Ibn al-Haýsam işläpdirler.

Musulman filosofiýasyny esaslandyryjy basraly Abu Ýusup al-Kindi (800–870) bolupdyr. Al-Kindi garaýyşlary boýunça mugtezileçilere golaýdyr. Onuň eserleriniň latyn diline terjimesi Ýewropada giň meşhurlyga eýe bolupdyr. Lukmançylyk ylmyndaky we farmakologiýadaky açyşlary üçin XVI asyrda al-Kindi ýewropaly alymlar tarapyndan adamzadyň 12 sany iň ajaýyp şahslarynyň hataryna goşulypdyr. Arap filosoflarynyň arasynda ibn al-Gazaly (1058–1111), Tufeýl (1110–1185), ibn Rüşd (Awerros, 1126–1198) we beýlekiler uly yz galdyrypdyrlar.

Araplarda tebigy we takyk ylymlary ösüpdir. VIII asyrda arap astronomlary we matematikleri «dünýäniň ýaşyny» kesgitlemäge synanyşyk edipdirler. Munuň özi, wagtyň, araplar üçin, diňe bir tebigy hadysa bolman, eýsem onuň kosmiki we taryhy ähmiýete eýe bolandygyny hem subut edýär.

IX asyrda ýyldyzlaryň globusy döredilipdir we kartografiýada ýokary netijeler gazanylypdyr. Arap astronomy as-Sufiý öz gözegçilikleriniň esasynda ýyldyzlaryň arasyndaky aralygy ölçäpdir we netijesini Ptolemeýiň hasaplamalary bilen deňeşdiripdir. 210 sany ýyldyzyň arap atlary Ýewropanyň astronomiýa ylmyna giripdir. Arap alymlary tarapyndan hasaplanylan meridianyň uzynlygy, diňe täze taryh döwründe takyklanylypdyr. IX asyrdan başlap käbir şäherlerde obserwatoriýalar gurlupdyr, Ýewropada bolsa ilkinji obserwatoriýalar XVI asyrda peýda bolup ugrapdyr.

Araplarda matematika, algebra, geometriýa, trigonometriýa ylymlary ösüpdir. Häzirki döwürde ýazuwda ulanylýan sanlar arapçadyr (hindilerden alnan we kämilleşdirilen). Arap matematikleri ilkinji bolup sanlaryň arasyna nol düşünjesini girizdiler we munuň özi matematika ylmynyň ösüşinde uly öwrülişik boldy.

Araplarda himiýa ylmy ösüpdir, ilkinji himiki birleşmeler arap alymlary tarapyndan alnypdyr we beýan edilipdir. Hytaý därisi araplar tarapyndan harby işde ulanylypdyr. IX asyrda Ýakyn Gündogarda eýýäm gymmat bahaly we ýarym gymmat bahaly daşlaryň udel agramyny ölçäp bilipdirler. Arap lukmançylygy XVI asyra çenli Ýewropada agalyk edipdir, arap lukmanlary mineral, jandar we ösümlik häsiýetdäki dermanlary bilipdirler we bejerişde ulanypdyrlar. XIII asyrda ibn Baitar 1400 sany dermana häsiýetnama beripdir. Beýleki bir lukman Abul Kasym az-Zahrawy çyzgylary bilen bilelikde «Hirurgiýa we enjamlar hakynda kitap» eserini galdyrypdyr. Lukmançylyk ylmynda Abu Bekr Muhammet ar-Razi (925-nji ýylda aradan çykan) öçmejek yz galdyran alymlaryň biri bolupdyr.

XIV–XV asyrlaryň meşhur taryhçylarynyň arasynda ibn Haldun (1332–1406) bilen Taki ed-Din Ahmet ibn Ali al-Makrizi (1364–1442) aýratyn orun eýeleýärler. Aýratyn hem ibn Haldunyň eserleriniň ähmiýeti uludyr. Ibn Haldunyň pikirine görä, adamzat jemgyýetiniň ösüşinde patyşalaryň däl-de, eýsem halk köpçüliginiň hereketi uly ähmiýete eýe bolupdyr. Taryh ylmynda ilkinji bolup ibn Haldun maddy durmuşyň jemgyýeti döredýän esasy alamatdygyny subut edipdir. Ibn Haldun adamzat taryhynyň özboluşly döwürleşdirilişini öňe sürüpdir. Ol jemgyýetiň üç ýagdaýyny görkezipdir: wagşylyk, oba durmuşy we şäher durmuşy. Bu ýagdaýlaryň her biri önümçiligiň we sarp edişiň derejesi boýunça biri-birinden tapawut edipdirler.

**Soraglar we ýumuşlar:**

1. Arap-musulman medeniýeti düşünjesiniň mazmunyny aýdyp beriň.
2. Arap binagärlik sungatynyň aýratynlygyny häsiýetlendiriň.
3. Suratçylyk medeniýeti nämeler bilen tapawutlanýar?
4. Arap çeper edebiýatyna haýsy žanrlar häsiýetli bolupdyr?
5. Arap ruhy medeniýeti ýewropa medeniýetiniň ösmegine nähili täsir edipdir?

# 4-nji bap. ÝEWROPA MEDENIÝETI

## §24. Orta asyrlar Ýewropa medeniýeti

**Edebiýat. Ýewropada harby-gahrymançylykly eposlaryň giňden ýaýramagy.** Orta asyrlarda ýewropa edebiýatynda harby-gahrymançylyk temasyndan ýazylan eserler giň meşhurlyga eýe bolupdyr. V–X asyrlarda halk döredijiliginde şygryýet uly orun tutupdyr. Frank jemgyýetinde halk aýdymlary we hekaýatlary, degişme we gülküli aýdymlar giňden ýaýrapdyr.

Ýewropada batyr rysarlaryň edermenlikleri barada halk tarapyndan ençeme rowaýatlar we hekaýatlar döredilipdir. Gezende bagşylar we sazandalar şolaryň esasynda meşhur «Roland hakynda aýdym» eserini döredipdirler. Onda Beýik Karlyň Ispaniýa ýöriş eden mahalynda araplara garşy söweşde graf Rolandyň gahrymançylykly heläk bolşy barada gürrüň berilýär. XII asyrda Roland hakyndaky rowaýatlar şahyr rysarlar tarapyndan ýazylyp alnypdyr we gaýtadan işlenipdir. Rysar poemasynyň gahrymany öz senýoryna ömür wepaly bolup galýan wassal hökmünde görkezilipdir.

Gadymy germanlaryň **«Nibelunglar hakynda aýdym»** şadessany halklaryň Beýik göçhä-göçlüginiň döwründe dörän rowaýatlary hem-de hekaýatlary özünde jemleýär. Bu eser 1200-nji ýyllar töweregi ýazga geçirilipdir. Eserde hunlaryň şöhratly serkerdesi Atillanyň burgundiýalylaryň döwletini syndyryşlary, franklaryň döwletindäki özara uruşlar beýan edilýär. Şadessanda rysarlaryň XI–XII asyr-

lardaky medeniýeti janlandyrylýar, parahatçylyk hem-de uruş döwürlerinde feodallaryň durmuşy görkezilýär. Dabaraly baýramçylyklar, meýlisler we harby bäsleşikler eserde uruşlar we ýörişler bilen utgaşyp gidýär.

**Iňlisleriň «Beowulf hakynda hekaýat» eposy.** Iňlisleriň ata-babalary iňlis-sakslar german miflerini we rowaýatlaryny nesilden-nesle geçirip gelipdirler. Hristiançylygyň girizilmegi bilen alym monahlar gadymy gahrymançylykly poemalary ýazyp başlapdyrlar. «Beowulf hakynda hekaýat» eposy VII asyryň ahyrlarynda ýazylypdyr, ýöne onuň iňlis dilindäki golýazmasy X asyryň nusgasynda gelip ýetipdir. Eposyň birinji bölüminde geatlaryň batyr koroly (Günorta Şwesiýanyň skandinaw taýpalary) Beowulf Daniýany nägehandan halas edipdir. Poemanyň ikinji bölüminde Beowulfyň 50 ýyllap geatlara hökümdarlyk edenden soň, ýurdy aždarhadan halas etjek bolup, özüniň heläk bolşy barada ýazylypdyr. Bu eseriň esasynda halk tarapyndan köp sanly gahrymançylykly rowaýatlar döredilipdir.

**Skandinaw, gadymy irland sagalary we rysar romanlary.** Sagalar XII–XIV asyrlaryň ikinji ýarymyna degişli ýazgylarda saklanyp galypdyr. Sagalar – gadymy Skandinawiýanyň we Irlandiýanyň halklarynyň şygryýet ýa-da kyssa görnüşdäki halk hekaýatlarydyr. Sagalaryň awtorlary belli däl. «Nýal hakynda saga», «Egil hakynda saga» we beýlekiler bellidir.

Gadymy skandinaw şygryýeti – halk tarapyndan döredilen kyssalar we hekaýatlardyr. Olaryň arasynda «Fritiof hakynda» sagany görkezmek bolar.

Irland sagalary gadymy keltleriň kyssa görnüşdäki eseridir. Onuň esasynda taryhy wakalar, durmuş hakykaty we geň-enaýy wakalar ýatandyr. Sagalaryň arasynda norweg korollaryna we island ruhanylaryna bagyşlananlary hem bar. Olaryň döremegi ýatdan aýdylan rowaýatlar we gözi bilen görenleriň gürrüňleri bilen baglanyşdyrylýar.

Fransuz ýazyjysy Kreten de Truanyň (1130–1191) rysarçylyk romanlarynda we goşgularynda («Kližes», «Lanselot», «Iwen ýa-da Gaplaň rysary», «Persewal ýa-da Graal barada kyssa») korol Artur hakynda aýdylýan rowaýatlaryň täsiri duýlupdyr. Bu eserlerde korol Artur we onuň batyr rysarlaryna bagyşlanyp döredilen rowaýatlar ulanylypdyr. Rowaýatlaryň hemmesi hakyky durmuşy, gahrymanlaryň söýgi başdan geçirmelerini, şeýle-de jemgyýetçilik meselelerini suratlandyrypdyr.

Korol Artur baradaky rowaýatlar Ýewropa ýurtlarynyň halk döredijiligine uly täsir edipdir. Brittleriň koroly Artur iňlis-sakson basybalyjylaryna garşy göreşip, keltleriň (V–VI asyrlar) garaşsyzlygy ugrunda göreşipdir. Korol Artur barada taryhy çeşmelerde VIII asyrdan ýatlanylyp başlanýar. Galfrid Monmautskiniň «Britaniýanyň korollarynyň taryhy» (1137) atly ýyl ýazgysynda korol Artur we onuň rysarlary barada gürrüň berlipdir. Artur hakyndaky rowaýatlar Angliýada XIII–XIV asyrlarda «Artur», «Artur we Merlin» atlary bilen terjime edilip ýaýradylypdyr.

Gotfrid Strasburgyň (XIII asyr) «Tristan we Izolda» (1210) atly eserinde fransuz rysary Tristanyň pajygaly söýgüsi we korneul korolynyň aýaly Izolda barada ýazylypdyr. Günbatar Ýewropa ýurtlarynyň köp dillerinde «Tristan we Izolda» eseriniň dürli görnüşleri saklanyp galypdyr.

Ispaniýada Rodriges de Montalwonyň «Amadis Galskiý» (1508) rysar romany sebitde çeper prozanyň ösüşine uly täsir edipdir. Angliýada normand basybalyjylary, ýerli feodallar, ýepiskoplar, korol emeldarlary we kazylar bilen göreş alyp baran daýhanlaryň dosty Robin Gud barada halk aýdymlary – balladasy döredilipdir.

**Köşk edebiýaty.** Ýewropada köşk edebiýaty hem gülläp ösüpdir. Köşk edebiýatynyň ösüşine Ispaniýada ýaýran Kordowa halyflygynda döredilen edebi eserler uly täsir edipdir. Ýewropaly hökümdarlaryň köşklerinde musulman awtorlary tarapyndan ýazylan eserler saklanylypdyr. Ger-

maniýada köşk edebiýatynyň ösmeginde Sakson korollary Otton I-niň (912–973), Otton II-niň (955–983) we Otton III-niň (980–1002) hyzmatlary uly bolupdyr. Imperator Otton III-niň köşgünde kitaphana bolup, onda Demirgazyk Afrikadaky arap ýurtlaryndan, hatda Eýrandan getirilen gadymy eserler saklanypdyr. Bu ýerde Otton III-niň mugallymy Gerbert Orilýak (takm. 946–1003), ruhany we birnäçe taryhy-syýasy eserleriň awtory bolan Luitprand Kremonly (takm. 922–972) işläpdirler.

**Orta asyr ýewropa filosofiýasynda sholastika.** XI asyrda *intellektual* hereket – *sholastika* ýüze çykýar. Hereketiň ady latyn diliniň *schola* (şkola, mekdep) sözünden gelip çykyp, göni manyda «mekdep filosofiýasy» diýen manyny aňladýar. Ýöne mekdep filosofiýasy sholastikanyň mazmunyny däl-de, onuň dörän ýerini aňladýandyr. Sholastika – munuň özi teologiýadan gelip çykýan filosofiýadyr we ol teologiýa bilen aýrylmaz baglanyşyklydyr, ýöne onuň bilen birmeňzeş däldir. Onuň mazmuny – hristiançylyk dogmalarynyň (anyk şertleri göz öňünde tutmazdan, üýtgemeýän düşünjelere ýa-da ýörelgelere eýermek) logikanyň kömegi bilen aň eleginden geçirilmegidir. Şeýle bolansoň, sholastikada esasy orny uniwersaliýalar, ýagny Hudaýyň we onuň Üçlüginiň birligi (Troisa) hakyndaky umumy düşünjeleriň daşynda döreýän jedeller eýeleýärler. Şu düşünjelere düşündiriş berlende, sholastikanyň üç ugry – *realizm*, *nominalizm* we *konseptualizm* ýüze çykypdyr. Realistler Hudaý we Troisa ylahy aňda ýaşamak bilen müdimi bardyr diýip tassyklapdyrlar. Materiýa bilen birleşip, olar anyk zatlarda ýüze çykypdyrlar. Nominalçylar bolsa aň diňe anyk zatlara akyl ýetirenden soň umumy düşünjelere eýe bolup bilýär diýip hasaplapdyrlar. Konseptualçylar aralyk orny eýeläpdirler we olar umumy düşünjeleriň her bir zatda ýaşaýandygyny ykrar edipdirler. Orta asyr ýewropa sholastik filosofiýasy V–XV asyrlary öz içine alypdyr. Jemgyýetçilik durmuşynyň dürli ugurlardaky (senagat, söwda we

beýlekileriň) ösüşleri ylmyň we tehnikanyň ösmegine getiripdir. Bu bolsa ylmyň ösüşinde sholastikadan üstün çykylmagyna getiripdir.

**Irki sholastika.** Irki sholastika (XI–XII asyrlar) platonçylygyň täsirinde bolupdyr. Onuň görnükli wekili, ylahyýetçi (teolog) *Anselm Kenterberiýskiý* (1033–1109) bolup, ol Hudaýyň bardygy baradaky pikiri öňe sürüpdir. Ol Angliýanyň korolyna garşy buthananyň garaşsyzlygy üçin göreş alyp barypdyr.

Görnükli filosof *Ioann Skot Eriugena* (810–877) hem irki sholastikanyň wekilidir. Ol IX asyryň 40-njy ýyllarynda fransuz koroly Karl Takyryň (877-nji ýylda aradan çykan) köşgünde gulluk edipdir. Ol «Areopaglar» eserini grekçeden latyn diline terjime edipdir we ony wagyz edip düşündiripdir. Ol «Tebigatyň bölünişi» diýen eserini hem ýazypdyr. Eriugenany köp zada perwaýsyz garaýandygy üçin tankyt edipdirler.

**Ösen sholastika.** Orta asyr ýewropa siwilizasiýasynyň kemala gelmeginde hristiançylyk dini möhüm ähmiýete eýe bolupdyr. Orta asyrlar döwrüniň medeni gymmatlyklarynyň we dünýägaraýşynyň kemala gelmeginde hristian buthanasynyň atasy, tanymal ylahyýetçi, Gipponyň ýepiskopy Awreliý Awgustin (354–430) uly işleri bitiripdir. Onuň köpgyraňly döredijiliginiň netijesinde tä XIII asyra çenli, haçan-da Foma Akwinskiý (1225/26–1274) tarapyndan ylahyýet ulgamy işlenilip düzülýänça, hristiançylyk dünýägaraýşynyň çäkleri kesgitlenilipdir. Awgustiniň «Ýaradanyň şäheri hakynda» atly eserinde orta asyr katolikçiliginiň binýadyny tutan buthananyň hyzmaty hakyndaky garaýyşlar, hristiançylyk filosofiýasy we psihologiýasy has-da ösdürilipdir. Orta asyr medeniýeti babatynda Awgustiniň filosofiýa we pedagogika hakyndaky eserleriniň uly ähmiýeti bolupdyr.

Sholastikanyň ösen döwri XII–XIII asyrlara degişlidir. Onuň merkezi Pariž (Sorbonna) uniwersiteti bolupdyr. Filo-

sof hem-de ylahyýetçi (teolog) *Foma Akwinskiý* (1225/1226–1274) ösen sholastikanyň görnükli wekilidir. Ol Parižde, Kölnde, Rimde we Neapolda okapdyr we işläpdir. Ol 1257-nji ýylda Pariž uniwersitetiniň doktory derejesine eýe bolýar. Ony keramatly katolik buthanasynyň agzalygyna beläpdirler. Ony «buthananyň mugallymy» hökmünde ykrar edipdirler. Foma Akwinskiý din bilen ylmyň, ynanjyň we akylyň arabaglanyşygyny işläp düzüpdir. Onuň filosofiýasyna neotomizm diýlipdir.

Günbatar Ýewropa ýurtlaryny Aristoteliň filosofiýasy bilen Awerroes ady bilen giňden tanalan meşhur arap filosofy ibn Rüşd (1126–1198) tanyşdyrypdyr. Aristoteliň filosofiýasy Italiýanyň, Fransiýanyň, Angliýanyň we Ispaniýanyň ylmy merkezlerinde giň meşhurlyga eýe bolupdyr. Emma XIII asyryň başlarynda ol Pariždе Awgustiniň teologiýasyna daýanýanlaryň berk garşylygyna sezewar bolýar. Aristotelçilik resmi taýdan gadagan edilýär. Emma aristotelçilik Ýewropada çuň kök urupdyr, şol sebäpden hem alaçsyz galan buthana XIII asyryň ortalarynda Aristoteliň taglymatyny hristiançylyk bilen garyşdyrmagyň ýoluna düşýär. Bu meseläni çözmeklige ilki Beýik Albert (Albertus Magnus ýa-da Albert fon Bolştedt) girişýär we soňra bu iş onuň okuwçysy Foma Akwinskiý tarapyndan tamamlanylýar. Foma Akwinskiniň döreden taglymaty XIII asyryň ahyrlaryndan häzirki döwre çeni katolik dininiň resmi aňyýeti bolup hyzmat edip gelýär.

*Beýik Albert* (1193–1280) nemes filosofy we teology bolup, sholastikany esaslandyryjylaryň biridir. Ol Paduede okapdyr, Pariždе, Kölnde we beýleki nemes şäherlerinde sapak beripdir. Alym hökmünde ol minerallar, ösümlikler, haýwanlar we beýlekiler barada eserleri ýazypdyr.

XII asyrda sholastikanyň dürli ugurlarynyň arasyndaky özara göreşlerinden tanymal alymlar ösüp ýetişipdirler. Şolaryň biri hem fransuz filosofy we şahyry Pýer (Pýotr) Abelýar (1079–1142) bolup, döwürdeşleri ony «Öz asyrynyň

iň ýiti akyly» diýip atlandyrypdyrlar. Nominalçy Rosselin Kompýenliniň okuwçysy bolan Abelýar şindi ýaş wagty özara jedelde döwrüniň belli filosofy-realisti Gilýom Şampolynyň delillerini ýoga çykarypdyr. Abelýar dini ynanç bilen akylyň arasyndaky gatnaşyklary rasionallaşdyrypdyr («ynanmak üçin düşünýärin»), ýagny akyl eleginden geçiripdir we ony dine düşünmekde hökmany şert hökmünde goýupdyr. Ol özüniň «Hawa we ýok» atly eserinde dialektikanyň usullaryny ösdüripdir we sholastikany has öňe äkidipdir.

**Giçki sholastika.** Giçki sholastikanyň döwri XIII–XIV asyrlara degişlidir. Onuň görnükli wekilleriniň biri *Ioann Duns Skott* (1266–1308) ol filosof, orta asyr sholasty, fransiskan-monahy (fransiskan – 1207–1209-njy ýyllarda Italiýada Fransisko Assiz tarapyndan döredilen ilkinji ordeniň agzasy) hökmünde hristiançylygyň taryhynda uly yz galdyrypdyr. Fransiskanlylar halkyň arasynda pukaraçylygy, terkidünýäligi, ýakynlara söýgini wagyz edipdirler. Ol Pariž we Oksford uniwersitetlerinde okap bilim alypdyr we şol ýerlerde-de talyplara sapak beripdir. Skottyň teologiýasynda hikmetlilik ruhy bejermek üçin möhüm diýip hasaplanypdyr. Onuň taglymaty orta asyr medeniýetinde döredijilik, intellektual ösüş üçin giň mümkinçilikleri açypdyr. Skott her bir zat umumylygyň we aýratynlygyň birligi görnüşinde ýüze çykýandyr diýen pikire eýeripdir.

Görnükli iňlis filosofy we sholasty *Uilýam Okkam* (1285–1349) hem giçki sholastikanyň wekilidir. Uilýam Okkam logikaçy, ýazyjy, ynanjy boýunça fransiskançy, XIV asyr giçki sholastikanyň nominalçylyk ugrunyň wekili hökmünde orta asyr filosofiýa ylmynyň ösüşine uly goşant goşupdyr. Mälim bolşy ýaly, nominalçylar aýratyn zatlary aňladýan anyk düşünjeler hakykylyk diýip pikir edipdirler.

**Uniwersitetleriň magaryfyň, ylmy bilimleriň ösmeginde ähmiýeti.** XI asyrdan başlap orta asyr bilim ulgamy kämilleşip ugraýar. Monastyr, kafedral (şäher soborlarynyň ýanynda) we buthana mekdepleri peýda bol-

ýar. Şäherleriň ulalmagy bilen buthana degişli bolmadyk dünýewi mekdepleriň sany hem artýar. Okuwlar mekdeplerde latyn dilinde alnyp barlypdyr. Emma XIV asyrdan başlap milli dillerde okadylýan mekdepler hem peýda bolýar. Bu döwürde ýewropa mekdepleri başlangyç, orta we ýokary okuw ulgamyna bölünmegi bilmeýärdi.

XII–XIII asyrlarda Günbatar Ýewropada ykdysady we medeni ýokary göteriliş başlaýar. Ýewropanyň iri şäherleriniň merkezlerinde ýerleşýän kafedral mekdepleri ählumumy mekdeplere, soňra bolsa latynça *universitas* (jemi, umumy) sözi bilen atlandyrylan uniwersitetlere öwrülip başlaýarlar. XIII asyrda şeýle ýokary okuw jaýlary Bolonýada, Monpelýede, Parižde, Oksfordda we beýleki şäherlerde döreýär. XV asyra çenli Ýewropada eýýäm 60-a golaý uniwersitetler bolupdyr.

Uniwersitetlere hökümdarlar ýa-da papa tarapyndan hukuk, dolandyryş, we maliýe taýdan içki özbaşdaklyk berlipdir. Uniwersitetleriň talyplary «*student*», ýagny «ürç edip okaýanlar» diýlip atlandyrylypdyr. Uniwersitetler fakultetlere bölünipdirler. Talyplaryň ählisi artistçilik (latynça *artes* – sungat sözünden) fakultetinde okuwlary geçipdirler we fakultetde ýedi sany erkin sungaty öwrenipdirler. Uniwersitetlerde hukuk, lukmançylyk, ylahyýet fakultetleri hem hereket edipdir. Pariž uniwersiteti iň iri ýokary okuw mekdebi hasap edilipdir. Günbatar Ýewropanyň talyplary okamak üçin Ispaniýa hem gidipdirler. Kordowanyň, Sewilýanyň, Salamankanyň, Malaganyň we Walensiýanyň uniwersitetleri we mekdepleri filosofiýadan, matematikadan, lukmançylykdan, himiýadan, astronomiýadan çuňňur bilim beripdirler.

XIV–XV asyrlarda uniwersitetleriň ýaýrawy has-da giňeýär. *Kollegiýalar* (soňra *kollejler*) giň gerime eýe bolýarlar. Kollegiýalar başda talyplaryň umumy ýaşaýyş jaýlary bolupdyrlar, soňra bolsa olar sapaklaryň, leksiýalaryň we disputlaryň (çekişme) geçirilýän merkezlerine öwrülipdir-

ler. 1257-nji ýylda fransuz korolynyň ruhy halypasy Rober de Sorbon tarapyndan esaslandyrylan kollegiýa Sorbonna diýlip atlandyrylýar we wagtyň geçmegi bilen, ol giňäp hem-de ulalyp, giň meşhurlyga eýe bolýar. Şonuň üçin hem Pariž uniwersiteti şol bir wagtyň özünde Sorbonna uniwersiteti diýlip hem atlandyrylýar. Angliýada Oksford (1209) we Kembrij, Ispaniýada Salamank, Portugaliýada Lissabon (1290), Çehiýada Praga (Karlow uniwersiteti, 1348), Polşada Krakow (1364), Awstriýada Wena (1365), Germaniýada Geýdelberg (1386), Şwesiýada Upsala (1477), Daniýada Kopengagen (1479) uniwersitetleri orta asyrlaryň meşhur ýokary okuw mekdepleri bolupdyr. Olar ylmyň we medeniýetiň merkezlerine öwrülipdirler. Uniwersitetlerde hukuk, sungat, ylahyýet, lukmançylyk we beýleki fakultetler bolupdyr.

Mekdepleriň we uniwersitetleriň sanynyň köpelmegi bilen, kitaplara bolan islegler artýar. Irki orta asyrlar döwründe kitap zynat harytlarynyň biri bolupdyr. Sebäbi ony örän gymmat çig mallaryndan edipdirler we baý bezäpdirler. XII asyrdan başlap kitaplaryň bahasy arzanlapdyr we şäherlerde kitaplary göçürýän ýörite ussahanalaryň sany köpelipdir. XIV asyrdan başlap bolsa kitap ýasalanda kagyz köpçülikleýin peýdalanylyp başlanýar. Munuň özi 1450-nji ýylda germaniýaly ussa **Iogann Gutenberg** tarapyndan daş basma usuly bilen ilkinji neşirýat kitabynyň çap edilmegine getirýär. Daş basma usulynyň oýlanylyp tapylmagy kitaby köpçülikleýin neşir etmeklige mümkinçilik berýär. Ýarym asyrdan soň Ýewropada eýýäm 1100 sany metbugat öýi – tipografiýa hereket edipdir. XV asyryň ahyryna çenli Ýewropada 40 müň sany kitap çykarylyp, olaryň sany 20 million nusga ýetipdir. XII asyra çenli kitaplar, esasan, buthanalarda saklanylypdyr. XII–XV asyrlarda kitaphanalar uniwersitetlerde, korol köşklerinde, iri feodallaryň galalarynda, baý şäherlileriň öýlerinde hem peýda bolýar. Kitap neşir etmekligiň oýlanyp tapylmagy adamzat taryhynda möhüm waka bolupdyr. Ýewropanyň kitaphanalarynyň

tekjeleri ylmyň dürli ugurlaryna degişli kitaplar bilen dolupdyr.

Uniwersitetler ylmyň ösmegine-de uly itergi beripdir. Oksfordly *Rojer Bekon* (1214–1292) teleskopy we äýnegi oýlap tapypdyr. *Uilýam Okkam* we onuň şägirtleri *Nikolaý de Otrekur* (1299–1369) we *Nikolaý Orem* (1323–1382) fizika, himiýa, mehanika ylmynda uly işleri alyp barypdyrlar. Bu döwürde ýewropalylaryň geografiýa baradaky düşünjeleri ep-esli giňeýär. XIII asyrda doganlar Wiwaldiler Genuýadan çykyp Günbatar Afrikanyň daşyndan aýlanmaga synanyşypdyrlar. Wenesiýaly **Marko Polo** (1254–1324) Hytaýa we Merkezi Aziýa köp ýyllap dowam eden syýahata gidýär. XIV–XV asyrlarda köp sanly syýahatçylaryň maglumatlaryna esaslanylyp geografiki kartalar takyklanylypdyr, täze atlaslar düzülipdir. Munuň özi soňra Beýik geografiki açyşlaryň geçirilmeginde uly ähmiýete eýe bolupdyr.

**Binagärlikde roman we got ülňüleri.** Ösen orta asyrlarda gurluşyk we gurluşyk tehnikasy ýokary derejelere ýetipdir. Gurluşygy onlarça, käte bolsa ýüzlerçe ýyla çeken soborlar şäherlileriň guwanjy we şäheriň esasy bezegi bolupdyr. X asyrda gurluşykda roman ülňüsi kemala gelýär we XI–XII asyrlarda ýokary derejelere ýetýär. Bu ülňi Fransiýada, Italiýada we Germaniýada has-da giňden ýaýraýar. Roman ülňüsiniň binalary derýalaryň kenarlarynda, baýyrlyklarda gurlup, olar tebigat bilen sazlaşykly utgaşypdyr. Buthanalar ertekilerden görnüşler, haýwanlaryň we ösümlikleriň şekilleri, ýazgylar, relýefler bilen bezelipdir. Gurluşykda metalyň, agajyň, emalyň, miniatýuranyň peýdalanylmagy giň gerime eýe bolupdyr. Daşdan gurlan küňreli roman soborlary gurluş taýdan ýönekeý, ýöne daşyndan seredeniňde örän haýbatly görünýär. Roman ülňüsi esasynda gurlan binalaryň diwarlary kuwwatly, edil gala buthanasy ýaly berk bolupdyr. Roman ülňüsinden Fransiýada Klýuniý, Oten soborlary we Karkasson galasy saklanyp galypdyr.

XIII asyrda gurluşykda täze – got ülňüsi ýüze çykýar. Fransiýadaky **Reýms**, Germaniýadaky Naumburg soborlary got ülňüsinde gurlan desgalardyr. Got ülňüsi esasynda gurlan soborlary daşdan örän nepis suratlar bilen rejeläp bezäpdirler. Üçekleriniň dikligi, ýokarlygyna çürelip gidýän penjireleri we gapylary, beýik minaralary soborlary al-asmanda howalandyryp görkezýär. Soborlaryň beýikligi kähalatlarda 150 metre çenli ýetipdir.

Reýmsdäki (Fransiýa) soboryň gurluşygy ýüz ýyldan hem köpe çekipdir (XIII–XIV asyrlar). Soboryň öň tarapynda peýkam şekilinde bina edilen üç sany çüri küňreli girelgeleri bardyr. Girelgeleriň ortakysy reňkli aýna bilen bezelip, onuň ikiýan tarapyndaky küňreleriň iki sany ullakan jübüt penjiresi bar. Şol penjireler hem peýkam şekilindäki küňreler bilen tamamlanýar. Soboryň ýokarsynda uzyn penjireler oturdylan iki sany jaňly minarasy bar; olar şäheriň gözegçilik edilýän ýeri bolup hyzmat edipdir. Jaýyň girelgeleriniň agzynda we ýokarky böleklerinde köp sanly heýkeller hem oturdylypdyr.

Şäherlerde owadan ratuşalar – şäher dolandyryş edarasynyň ýa-da meriýanyň jaýy hem gurlupdyr; olaryň minaralary, köplenç, soborlaryň jaňhanalaryndan-da beýikde ýerleşipdir. Şäher binalary özleriniň owadanlygy we çylşyrymly gurluşlary bilen geň galdyrypdyr. Soborlary we ratuşalary gurmaklyga köp senetçiler: kerpiç örüjiler, agaç ussalar, aýnaçy ussalar gatnaşypdyrlar.

**Soraglar we ýumuşlar:**

1. Gahrymançylykly eposlar diýip, nämä düşünýärsiňiz?
2. Eposlardan, poemalardan haýsylaryny bilýärsiňiz? Olaryň mazmuny näme?
3. Sagalar diýip nämä düşünýärsiňiz we olary atlandyryň.
4. Köşk edebiýatynyň ösüşi barada aýdyp beriň.
5. Sholastika näme?
6. Toparlara bölünmek esasynda irki, ösen, giçki sholastika we onuň wekillerini, pikirlerini, eserlerini tanyşdyrylyş arkaly düşündiriň.

7. Uniwersitetler haýsy ýerlerde döräpdir we olaryň nämä ähmiýetiniň bolandygyny delillendiriň.
8. Binagärligiň roman we got stillerini deňeşdiriň. Olara degişli binalary atlandyryň.
9. Dilden aýdylýan poeziýa näme we oňa degişli haýsy eserleri bilýärsiňiz?

## §25. Ýewropada Gaýtadan döreýiş (Renessans) medeniýeti

**«Gaýtadan döreýiş» (Renessans) düşünjesi.** Ýewropada Gaýtadan döreýiş medeniýeti XIV asyryň 40-njy ýyllaryndan – XVII asyryň başlaryna çenli döwri öz içine alýar. Gaýtadan döreýiş dürli ýurtlarda, dürli şertlerde we döwürlerde ýüze çykypdyr we ösüpdir. Bu hadysa orta asyr şäherleriniň, şäher medeniýetiniň we pul-haryt gatnaşyklarynyň ilkinji ýüze çykan ýeri bolan Italiýada kemala gelýär.

Italýan şäherleriniň hysyrdyly hem-de döredijilikli durmuşy Gaýtadan döreýiş adyna eýe bolan dünýewi medeniýetiň ösüşine uly itergi beripdir. «Gaýtadan döreýiş» (italýança *Rinascimento*, fransuzça nusgasynda «Renessans») adalgasy XV–XVI asyrlarda ruhy täzelenişi, orta asyrlarda medeniýetiň «müňýyllyk çökgünlikden» soň ýokary göterilişini aňladypdyr.

**Italiýada Gaýtadan döreýiş zamanasy, Ýewropanyň** beýleki ýurtlaryna garanyňda, has öň – XIV asyrda başlaýar. Gaýtadan döreýiş medeniýetiniň aňyýet esasyny ynsanperwerlik (*gumanizm*), ýagny dünýewi-rasionalistik dünýägaraýşy emele getiripdir. Onuň gözbaşynda italýan şahyry we akyldary, florensiýaly **Dante Aligýeri** (1265–1321) durupdyr. Syýasy garşydaşlary tarapyndan öz dogduk şäherinden kowlan, ömrüniň ahyryna çenli sergezdançylyk etmäge mejbur edilen Dante Italiýanyň birleşdirilmeginiň we sosial taýdan ösmeginiň hakyky janköýeri bolupdyr.

10. Sargyt № 1755.

Onuň köp gyraňly döredijiliginiň miwesi bolan «Ylahy komediýa» eseri ösen orta asyrlar zamanynyň adamlarynyň dünýägaraýşyny, adamzat dünýäsini, töwerek-daşy gurşap alan tebigaty, jemgyýetçilik durmuşyny iňňän inçelik bilen beýan edýär.

**Protorenessans döwrüniň sungaty.** Protorenessans (Gaýtadan döreýşiň deslapky döwri) italýan sungatynyň basgançagydyr. Onuň ösen döwri XIII–XIV asyrlar hasaplanylýar. Bu adalga ilkinji gezek şwed taryhçysy we filosofy Ýakob Burkhardt (1818–1897) tarapyndan ulanylypdyr. Protorenessans döwründe Gadymy Gresiýanyň we Rimiň mirasyna bolan höwes güýçlenipdir. Şol döwrüň görnükli italýan şahyrlarynyň biri *Dante Aligýeridir* (1265–1321). Ol «Täze durmuş» (1292–1293) kitabyny ýazypdyr. Onuň bu eseri 1576-njy ýylda neşir edilýär. Onuň 1304–1307-nji ýyllarda ýazylan işi 1529-njy ýylda çap edilýär. Dante Aligýeri filosofiýa we syýasata degişli eserleriň hem awtorydyr. Onuň ýazan «Ylahy komediýa» (1307–1321) eseri bolsa dünýä meşhurlygyny gazanýar. Ýewropa medeniýetiniň ösüşine uly täsir eden bu eser 1472-nji ýylda neşir edilýär.

Protorenessans döwrüniň meşhur italýan heýkeltaraşy we binagäri *Arnolfo di Kambiodyr* (1245–1310). Ol 1281-nji ýylda fontan heýkeller toplumyny, 1300-nji ýylda bolsa Florensiýa soborynyň öňünde goýlan heýkeltaraşlyk işlerini ýerine ýetiripdir. Aslynda, 1295-nji ýylda Florensiýa soborynyň gümmeziniň gurluşygyny başlan hem Arnolfo di Kambio bolup, soňra bu iş 1367-nji ýylda Jotto, Pizano we Talenti ýaly belli binagärler tarapyndan dowam etdirilipdir. XIII asyryň ahyrlarynda Florensiýadaky Santa-Kroçe we Palasso Wekko buthanasyny gurmakda italýan gotikasynyň käbir alamatlaryny ulanypdyr.

Şol döwrüň sungatynyň görnükli wekilleriniň arasynda italýan heýkeltaraşy we binagäri, protorenessansy esaslandyryjylaryň biri *Nikkolo Pizano* (1220–1278–1284) hem

aýratyn uly orun degişlidir. Ol heýkeltaraşlykda mermer daşlaryny, şeýle hem dürli relýefler ýa-da heýkeller ýasalanda bürünjiň ýüzüne gyzyl çaýmak usulyny ulanypdyr. Pizano günorta italýan, giçki rim we got heýkeltaraşlygynyň ösüşine uly goşant goşupdyr. Onuň ýerine ýetiren işleriniň arasynda 1260-njy ýylda Pizada ýerine ýetiren baptisteriýa (baptizm – protestançylygyň bir ugry) kafedrasy, 1301-nji ýylda tamamlanan Sant-Andrea buthanasyndaky Pistoýäniň kafedrasy, protorenessans ülňüsiniň çeperçilik aýratynlyklaryny özünde jemläpdir.

**Florensiýa çeper mekdebini esaslandyryjylar we ösdürijiler: Jotto.** Italiýanyň Florensiýa şäherinde kemala gelen «Florensiýa çeper mekdebi» XIII–XVI asyrlarda güýçli depginde ösüpdir. Bu mekdebiň döremeginde we kemala gelmeginde meşhur nakgaş Jotto di Bondone (1266/1267–1337) uly yz galdyrypdyr. 1327-nji ýylda Jotto öz okuwçylary bilen Florensiýa nakgaşlarynyň senetçilik guramasyna (seh) giripdir. Ol 1334-nji ýylda Florensiýa soborynyň (Santa-Mariýa del Fýore) we onuň jaňhanasynyň gurluşygynyň ýolbaşçylygyna saýlanypdyr. Onuň şägirtleri Taddeo Gaddi, Mazo di Banko we beýlekiler özakymlaýyn işläpdirler. XIV asyrda Florensiýa mekdebinde got ugry öňe saýlanypdyr. Onuň görnükli wekilleri Anolo Gaddi, Lorenso Monako bolupdyr.

Jottonyň çeken «Tagtdaky madonna» («Madonna Onisanti», Uifissi-Florensiýanyň döwlet surat galereýasy, 1310) atly suraty ajaýyp sungat eseri hasaplanypdyr.

**Gumanistik sungatyň ugurlary: binagärlik, heýkeltaraşlyk, şekillendiriş sungaty.** *Filippo Brunelleski* (1377–1446) meşhur italýan binagäri, heýkeltaraşy hem-de alymydyr. Ol Gaýtadan döreýiş döwrüniň ymaratçylyk sungatyna goşant goşan beýik binagärleriň biridir. Brunelleski 1420–1436-njy ýyllarda Florensiýanyň Santa Mariýa del Fýore buthanasynyň gümmezini, 1429-njy ýylda bolsa Passi kapellasyny (ybadathanany) gurupdyr. Bu işe

heýkeltaraşlyk sungatynyň görnükli wekili *Leon Battista Alberti* (1404–1472) hem gatnaşypdyr. Ol binagär bolmakdan ötri, irki Gaýtadan döreýiş döwrüniň sungatynyň nazaryýetçisi hem bolupdyr. Onuň 1435-nji ýylda «Heýkel barada», 1435–1436-njy ýyllarda onuň sungatyň nazaryýetinden gürrüň berýän «Nakgaşlyk barada» we «Binagärlik barada» atly eserleri çap edilýär. Brunelleski binagärlikde Gadymy Rim binagärligine mahsus ülňüleri ulanypdyr. Onuň taslamasy esasynda 1472–1494-nji ýyllarda Mantuýede Sant-Andrea buthanasy, 1446–1451-nji ýyllarda Florensiýada Ruçella köşgi bina edilipdir.

*Donatello* (Donato di Nikola Betto Bardi, 1386–1466) italýan binagärliginde uly yz galdyran heýkeltaraşdyr. Ol Italiýada Gaýtadan döreýiş döwrüniň heýkeltaraşlygyny esaslandyryjylaryň biri hasap edilýär. Donatello medeniýetiň demokratik däplerini ösdüripdir. Gadymy döwrüň sungatynyň tejribesi esasynda heýkeltaraşlygyň nusgawy we Gaýtadan döreýiş döwrüniň görnüşlerini döredipdir. Ol 1416-njy ýylda «Keramatly Georgiý», 1430-njy ýylda «Dawid», 1456–1457-nji ýyllarda «Ýudif we Olofern» heýkellerini ýasapdyr, 1446–1450-nji ýyllarda bolsa Paduýede Sent-Antonio buthanasynyň altaryna degişli nakgaşlyk işlerini ýerine ýtiripdir.

*Lorenso Giberti* (1381–1455) hem italýan heýkeltaraşlarynyň biri bolup, ol zergärçilik sungaty bilen hem meşgullanypdyr. Ol hristian dininiň keramatly wekilleri bolan Ioannyň (1412–1415), Matfeýiň (1419–1422) we Stefanyň (1425–1429) heýkellerini döredipdir. Bu heýkeller irki Gaýtadan döreýiş nakgaşlygynyň ajaýyp gözelliklerini özünde jemläpdir. 1417–1427-nji ýyllarda Siýenada çaga çokundyrylanda suwa düşürilýän bürünç gap (kupel) hem Gibertiniň döreden ajaýyp işleriniň hataryna degişlidir. Gynançly ýeri, onuň zergärçilige degişli işleri saklanyp galmandyr.

Italýan Gaýtadan döreýiş döwrüniň şekillendiriş sungatynyň ajaýyp wekilleriniň biri hem italýan nakgaşy *Ma-*

*zaççodyr* (Tommazo di Jowanni di Simone Kassai, 1401–1428). Onuň irki işleriniň hatarynda 1424-nji ýylda Mazolino da Panikale bilen bilelikde ýerine ýetirilen «Madonna keramatly Anna bilen», 1426-njy ýylda bir pikire birleşýän birnäçe suratlaryň, dürli şekilleriň kompozisiýasy (poliptih) we Pizadaky Santa-Mariýa del Karmin ybadathanasy üçin ýerine ýetirilen eserleri bellidir. Ol 1425–1428-nji ýyllarda Florensiýanyň Brankaççi kapellasynyň freskasyny hem ýerine ýetiripdir.

Görnükli italýan nakgaşlarynyň biri hem *Sandro Bottiçelli* (Alessandro Filipepi, 1445–1510) bolup, ol hem irki Gaýtadan döreýiş döwrüniň wekilidir. Onuň işleri dini we mifologiki häsiýete eýe bolupdyr. Bottiçelliniň 1477–1478-nji ýyllarda döreden «Ýaz», 1483–1484-nji ýyllardaky «Zöhre ýyldyzynyň doguşy» atly surat eserleri ajaýyp öwüşginler bilen utgaşdyrylypdyr. Onuň 1482–1483-nji ýyllarda özünde nusgawy sazlaşygy saklaýan we täsin kompozisiýa bilen işlenen «Madonna del Manifikat», 1487-nji ýyldaky «Madonna nar bilen» eserleri Florensiýanyň Ufissi surat galereýasynda goýlupdyr.

*Leonardo da Winçi* (1452–1519) Gaýtadan döreýiş döwrüniň sungatynda öçmejek yz galdyrypdyr. Ol dünýä medeniýetiniň taryhynda meşhur italýan nakgaşy, heýkeltaraşy, binagäri, alymy hem-de inženeri hökmünde tanalypdyr. Ol nakgaşlygyň ylymdygyny belläpdir. Onuň 1503-nji ýylda ýerine ýetiren işleriniň arasynda şäher zenany Mona Liza bagyşlanan «Jokonda» atly suraty meşhurdyr.

Gaýtadan döreýiş döwrüniň sungatynda uly yz galdyran ussatlaryň biri-de *Mikelanjelo Buonarrotidir* (Mikelanjelo di Lodowiko di Lionardo di Buonarroto Simoni, 1475–1564). Ol özüniň ajaýyp heýkeltaraşlyk, nakgaşlyk we binagärlik zehini bilen şöhratlanypdyr. Mikelanjelo şahyr hökmünde hem giňden tanalypdyr. Onuň 1501–1504-nji ýyllarda döreden «Dawid» (Dawut), 1515–1516-njy ýyllarda ýasalan «Moiseý» (Musa) atly heýkelleri ajaýyp eserlerdir. 1491-nji

ýylda Mikelanjelo «Merduwanyň ýanyndaky Madonna», 1492-nji ýylda «Kentawrlaryň söweşi» atly ajaýyp relýefleri hem döredipdir. 1546-njy ýylda Mikelanjelo Rimdäki keramatly Pýotryň soboryny gurmakda esasy ýolbaşçy edilip bellenilipdir.

**Wenesiýa mekdebi.** Wenesiýa mekdebi hem Italiýanyň Gaýtadan döreýiş döwrüniň esasy nakgaşçylyk mekdepleriniň biridir. Bu mekdebiň döredijiligi XV–XVI asyrlarda gülläp ösüpdir. Onuň görnükli wekilleriniň arasynda öňi bilen *Wittore Karpaççony* (1455–1526) görkezmek bolar. Onuň keramatly Ursula (1490–1495) we keramatly Georgiý bilen Ieronime (1502–1507) bagyşlan eserlerinde hakyky durmuşy wakalar şöhlelendirilipdir.

Wenesiýa mekdebiniň görnükli wekilleriniň arasynda Jorjone (Jorjo Barbelli da Kastelfranko, 1476/1477–1510) uly yz galdyrypdyr. Jorjone Gaýtadan döreýiş döwrüniň meşhur italýan sungat ussadydyr. Ol 1506–1510-njy ýyllarda «Üç filosof», «Laura» we «Oba konserti» atly ajaýyp eserleri döredipdir.

Italýan nakgaşy *Tisian* (Tisian Weçellio, 1489/90–1576) Wenesiýa mekdebiniň ösüşine uly goşant goşan görnükli suratkeşdir. Ol «Ýer we asman söýgüsi» (1515–1516), «Assunta» (1516–1518), «Riminaldi» (1548), «Pawel III Alessandro bilen Ottawio Farnaze» (1545–1546), «Ellikli ýaş ýigit» (1520) ýaly ajaýyp eserleriň awtorydyr. Tisian Rafaeliniň we Mikelanjelonyň işlerini içgin öwrenipdir we şolaryň esasynda özbaşdak çeperçilik ülňülerini döredipdir. Onuň eserlerindäki owadan keşpler asuda, şatlykly we joşgunly durmuşy wasp edipdir.

**Soraglar we ýumuşlar:**

1. «Gaýtadan döreýiş» (Renessans) düşünjesini düşündiriň. Ol haýsy asyrlary öz içine alypdyr?
2. Siziň pikiriňizçe, «Gaýtadan döreýiş» haýsy ýurtda we haçan başlanypdyr?
3. Toparlara bölünmek esasynda ýerine ýetiriň.

| Gumanistik sungatyň ugurlary | | |
|---|---|---|
| Binagärlik, onuň wekilleri we eserleri | Heýkeltaraşlyk, onuň wekilleri we eserleri | Şekillendiriş sungaty, onuň wekilleri we eserleri |
| | | |

**4.** Wenesiýa mekdebi nirede ýerleşipdir, onuň görnükli wekillerini we eserleriniň aýratynlygyny aýdyp beriň.
**5.** Toparlara bölünmek boýunça ýumşy ýerine ýetiriň.

| Protorenessans (galkynyşa taýýarlanyş döwri) | | |
|---|---|---|
| Şahyrçylyk, onuň wekilleri we eserleri | Binagärlik, onuň wekilleri we eserleri | Heýkeltaraşlyk, onuň wekilleri we eserleri |
| | | |

**6.** Metbugatdan, internetden Ýewropada Gaýtadan döreýiş medeniýetine degişli maglumatlary tapyň we pikirleriňizi synpdaşlaryňyz bilen paýlaşyň.

## §26. Germaniýada, Gollandiýada we Angliýada Gaýatadan döreýiş döwrüniň medeniýeti

**Germaniýada Gaýtadan döreýiş medeniýeti.** XV asyrda Germaniýanyň sungatynda hem Gaýtadan döreýşiň gumanistik alamatlary ýuwaş-ýuwaşdan duýlup başlaýar. Şol döwrüň görnükli nemes nakgaşy we grafikaçysy *Albreht Dyurer* (1471–1528) aýratyn tapawutlanypdyr. Ol Gaýtadan döreýiş zamanynda nemes sungatyny esaslandyryjy hasap edilýär. Onuň eserleri hem edil Leonardo da Winçiniňki ýaly juda ussatlyk bilen ýerine ýetirilipdir. Ol suratçy hökmünde grafika degişli ähli tehnikalardan başy çykypdyr. Onuň «Ýaş ýigidiň suraty» (1521), «Üç daýhan» ýaly işleri aýratyn bellärliklidir. Suratçy öz döwrüniň meşhur gumanistleri Filipp Melanhtonyň (1526), Wallibalda Pirkheýmeriň (1524) we Erazm Rotterdamskiniň (1526) suratlaryny hem çekipdir.

Şol döwrüň ýene bir meşhur nemes nakgaşy we grafikaçysy *Kiçi Gans Golbeýn* (1497/1498–1543) bolupdyr. Onuň döreden eserleri Gaýtadan döreýiş döwrüniň sungatynyň beýikligini görkezýär. Bu aýratynlyk has hem «Merhum Iisus» (1521) we «Morett» (1534–1535) eserlerinde has açyk görünýär.

*Grýunewald* (Matis Hithard, 1470/1475–1528) Gaýtadan döreýiş döwrüniň meşhur nemes nakgaşydyr. Onuň işlerinde, aýratyn hem «Izenheým altary» (1512–1515) eserindäki mistiki keşpler aýdyň dünýewilik bilen utgaşypdyr.

*Lukas Kranah Uly* (1472–1553) gürrüňi edilýän döwrüň tanymal nemes nakgaşy hem-de grafikaçysydyr. Onuň döreden ilkinji eserlerinden «Kuspinianyň suraty» (1502–1503), «Müsüre dynç alşa alyp barýan ýolda» (1504) atly suratlary görkezmek bolar. Onuň Gaýtadan döreýiş döwrüniň çeper ýörelgeleri esasynda döreden soňky eserleriniň arasynda «Ýaşlygyň gözbaşy» (1546) diýen işi got däpleri esasynda döredilip, ol özüniň çylşyrymly many-mazmuny bilen tapawutlanýar.

**Niderlandlaryň Gaýtadan döreýiş medeniýeti: ýazyjylar we suratkeşler.** Gumanistik akymyň iň sowatly hem-de zehinli wagyzçylarynyň biri-de golland ruhanysy, dilçi alymy hem-de ýazyjysy Erazm Rotterdamskiý (1469–1536) bolupdyr. XX asyryň belli ýazyjylarynyň biri ony «öz asyrynyň şöhraty we ýagtylygy» diýip atlandyrypdyr. Latyn dilini suwara bilýän Erazm Rotterdamskiý gadymy hristian ýazyjylarynyň eserlerini teswirläpdir. Şonda ol giçki döwürde olaryň mazmunynyň çuňňur ýoýulandygyna göz ýetiripdir. Ol okyja antiki döwrüniň dünýäsine düşünmäge mümkinçilik bermek üçin grek we latyn nakyllarynyň ýygyndysyny düzüpdir.

Ýaş wagtlary Erazm Rotterdamskiý güzeran görmek üçin goşmaça sapak okadypdyr we öz okuwçylary üçin pentnama düzüpdir. Pentnamada ol okuwçylaryna öz pikirini owadan hem-de gyzykly beýan etmegi öwredipdir. Onuň

pentleri soňra «Şeýlekin gürrüňler» diýlip atlandyrylypdyr. Onuň bu kitaby giň meşhurlyga eýe bolup, köp dillere terjime edilipdir.

Erazm Rotterdamskiniň esasy eseri «Akmaklygyň öwgüsi» diýlip atlandyrylýar. Eseriň baş gahrymany bolan hanym Akmaklyk egnine alymyň mantiýasyny – hyrkasyny geýip, öz adyna öwgi sözlerini aýdýar. Köpçüligiň öňünde çykyş etmek bilen, Akmaklyk özüniň bu dünýäni hereketlendirýändigini, hemmeleriň özüne boýun egýändigini diňleýjilere gürrüň berýär. Eserde ýazyjy öz döwrüniň jemgyýetiniň nogsanlyklaryny tankyt edýär we orta asyrlaryň köne däpleriniň üstünden gülýär.

Şol döwrüň meşhur suratçylarynyň, nakgaşçylarynyň we miniatýuraçylarynyň biri hökmünde *Ýan Wan Eýk* (1390–1441) tapawutlanypdyr. Ol 1422–1424-nji ýyllarda Gaagadaky grafyň köşgüniň bezeginiň üstünde işläpdir, 1425-nji ýylda bolsa burgund gersogy Filipp Hoşgylawyň köşk suratçysy bolupdyr. Onuň ilkinji işleriniň biri «Gent altary» bolup, ony ilki Hubert Wan Eýk çekip başlaýar, 1432-nji ýylda bolsa Ýan ony doly tamamlaýar. Ol şol ýyl «Timofeý», 1433-nji ýylda bolsa «Gyzyl telpekli adam» (Londonyň Milli galereýasy) atly suratlary çekipdir. Onuň döreden eserleriniň çeperçiliginiň köp bölegini daş-töweregi gurşap alýan gözel tebigat tutupdyr. Ýan Wan Eýkiň döredijiligi we ajaýyp natýurmortlary niderland nakgaşlygynyň ösmegine uly itergi beripdir.

*Piter Breýgel* (1525/1530–1569) görnükli niderland nakgaşçysy we suratçysy hökmünde flamand hem-de golland realistik sungatynyň taryhynda uly yz galdyrypdyr. Ol dürli ýyllarda Italiýada, şeýle hem Antwerpende we Brýusselde işläpdir. XVI asyr italýan nakgaşlygynyň däpleriniň esasynda niderland milli suratkeşlik sungatyny döredipdir. Onuň «Daýhan tansy» (1565) we «Pasyllar» (1568) atly eserleri niderland suratkeşliginiň ajaýyp nusgalarydyr.

*Peter Paul Rubens* (1577–1640) görnükli flamand heýkeltaraşydyr. Ol 1600–1608-nji ýyllarda Antwerpende we Italiýada işläpdir. Rubens dürli häsiýetdäki suratlary, şol sanda taryhy, dini we mifologiki many-mazmunly «Perseý we Andromeda» (1620–1621), «Mariýa Mediçiniň taryhy» (1622–1625) suratlaryny, tebigatyň gözelliklerini we daýhan durmuşyny beýan edýän «Orakçylaryň gaýdyp gelmegi» (1635–1640) diýen çuňňur demokratizme ýugrulan ajaýyp işleri ýerine ýetiripdir. Onuň ussahanasynda Antonis wan Deýk (1599–1641), Ýakob Ýordans (1593–1678), Frans Sneýders (1579–1657) ýaly ussatlar hem işläpdirler.

*Iýeronim Bosha* (1450–1516) meşhur niderland suratkeşidir. Ol Gaýtadan döreýiş zamanynyň sungatynda özboluşly suratlary bilen öçmejek yz galdyrypdyr. Onuň eserleri öz döwrüniň adamlarynyň bir toparynda gülki döretse, başga birlerinde gorky duýgularyny döredipdir. Iýeronim Boshyň döreden eserleriniň 30-dan gowragy biziň günlerimize gelip ýetipdir. Şolardan iň meşhurlary «Akmaklaryň gämisi» (1490–1500), «Gözbagçy» (1475–1480), «Bede daşalyşy» (1500), «Sergezdan» (1510) we başgalar hasap edilýär.

Meşhur golland suratkeşi *Rembrandt Harmes wan Reýniň* (1606–1669) ady diňe bir Niderlandlaryň däl, eýsem tutuş dünýa medeniýetiniň taryhynda hem öçmejek yz galdyrdy. Rembrandyň döredijiligi adamyň içki dünýäsini açyp görkezmäge gönükdirilendir. Onuň döredijiliginiň gerimi juda giňdir: ol köp sanly portretleri, natýurmortlary, peýzažlary, durmuş pursatlaryny, taryhy, dini we mifologiki temalardan suratlary çekipdir. Ol metal grawýuralaryň hem köp sanlysynyň awtorydyr. Rembrandt «Baý hakynda hekaýat» (1627), «Ýetginjegiň awtoportreti» (1629), «Doktor Týulpyň anatomiýadan sapagy» (1632), «Gijeki sakçylar» (1642), «Azaşan ogluň gaýdyp gelmegi» (1669) ýaly ençeme ajaýyp eserleriň awtorydyr.

**Angliýada edebiýatyň we teatr sungatynyň galkynmagy.** Angliýada teatr sungaty has ir ýüze çykypdyr.

XV asyrda iňlis teatrynda mazmuny wagyz-nesihat bilen baglanyşykly pýesalar esasynda goýlan sahna eserleri peýda bolupdyr. XVI asyrda iňlis gumanistleri öz garaýyşlaryny giňden wagyz edipdirler. XVI asyryň ikinji ýarymynda halk teatrynda ýörite pýesalary ýazýan dramaturglar peýda bolýar. Iňlis ýazyjysy *Tomas Mor* (1478–1535) ajaýyp bilim alypdyr, gadymy dilleri oňat bilipdir. Ol öz atasynyň ýoly bilen gidipdir we hukukçy bolup ýetişipdir. 1516-njy ýylda «Döwletiň iň oňat gurluşy hakynda» we «Utopiýa» diýen täze ada hakynda altyn kitap neşir edilipdir. Şol kitapda Mor ýeriň daşyny germemegi we ykmandalaryň hem-de gedaýlaryň garşysyna gönükdirilen zabun kanunlary berk ýazgarypdyr.

Mor özüniň toslap tapan uzakdaky «Utopiýa» (grekçeden terjime edeniňde «hiç ýerde ýok», «dünýäde ýok ýer» diýmekdir) adasyndaky bagtly ýurdy, onuň ajaýyp şäherlerini we gülzarlyga öwrülen ekin meýdanlaryny, üýtgeşik tertip-düzgünlerini hem-de kanunlaryny ýazyp beýan edipdir. Utopiýada hususy eýeçilik, adamlaryň birleriniň beýlekilerini ezmegi ýaly hadysalar bolmandyr, baýlar-da, garyplar-da bolmandyr. Adanyň ähli ilaty zähmet çekmäge borçly bolupdyr.

1548-nji ýylda ruhany J. Beýliň «Korol Jon» atly ilkinji taryhy dramasy peýda bolýar. Angliýada mazmuny ynsanperwerlige ýugrulan ilkinji drama eserleriniň birini J. Lili (1554–1606) ýazypdyr.

1561-nji ýylda Tomas Norton bilen Tomas Sekwill tarapyndan ýazylan «Küýki» tragediýasy we 1551-nji ýylda N. Ýudallanyň döreden «Ralf Roýster Doýster» komediýasy uly meşhurlyk gazanypdyr. Zehinli dramaturglar Ben Jonson (1573–1637), Tomas Heýwud (1574–1641), Tomas Dekker (1609–1666), Frensis Bemont (1584–1616) we Jon Fletçer (1579–1625) satiriki komediýalary döredipdirler.

Kristofer Marlo (1564–1593), Robert Grin (1560–1592) we Tomas Kid (1558–1594) ýaly ussatlar «uniwersitetiň akyldarlary» ady bilen belli bolupdyrlar.

**Wilýam Şekspiriň «Romeo we Julýetta», «Gamlet», «Otello», «Korol Lir» eserleri.** Beýik iňlis ýazyjysy, dramaturgy, aktýor we teatr eýeleriniň biri bolan Wilýam Şekspiriň (1564–1616) komediýalary Gaýtadan döreýiş döwründe giň meşhurlyga eýe bolýar. Ol Angliýanyň taryhyndan gürrüň berýän «Riçard III» we «Genrih IV» diýen pýesalarynda ýurtda merkezleşen korol häkimiýetini döretmäge edilýän ymtylyşy beýan edipdir.

Wilýam Şekspir «Romeo we Julýetta» (1595) tragediýasynda Romeonyň Julýetta bolan wepaly söýgüsini beýan edipdir. Onuň «Gamlet» (1601), «Otello» (1604), «Korol Lir» (1605) tragediýalarynda şol döwrüň jemgyýetçilik we syýasy wakalaryny, adamzat gymmatlyklaryny, mertebäni, ýagşylygy, adalatlylygy wasp edipdir.

Şekspir özüniň eserlerinde hoşniýetli hem-de batyrgaý adamlaryň adalatlylyk hakyndaky arzuwlarynyň nähili puç bolýandygyny görkezipdir. Ol güýçli we gaýduwsyz gahrymanlary, olaryň ýokary duýgularyny: söýgini hem-de dostlugy, wepalylygy, gaýratlylygy wasp edipdir. Ýaş juwanlar heläk bolýarlar, emma boýun bolmaýarlar. Şekspiriň gahrymanlary ykbalyň ejiz pidalary däl: olar horluk çekýärler we göreşýärler, emma dünýäni üýtgedip bilmeýärler.

### Soraglar we ýumuş:

**1.** Topar bolup ýerine ýetiriň we özara pikir alşyň.

| Germaniýada Galkynyş medeniýetiniň meşhur şahsyýetleri we olaryň bitiren işleri | | | |
|---|---|---|---|
| Albreht Dýurer | Kiçi Gans Golbeýn | Grýunewald | Uly Lukas Kranah |
| | | | |

**2.** Niderlandlaryň Galkynyş medeniýetiniň görnükli wekillerini atlandyryň. Olaryň döreden eserleri bilen siz ozaldan tanyşmy?

**3.** Angliýada teatr sungaty nähili derejede ösüpdir?

**4.** Siziň pikiriňizçe, komediýa we tragediýa näme? Olara degişli haýsy eserleri bilýärsiňiz?

**5.** Wilýam Şekspir kim? Onuň haýsy eserlerini okadyňyz? Bu eserleriň mazmuny nämeden ybarat?

## §27. Fransiýada we Ispaniýada Gaýtadan döreýiş medeniýeti. Barokko

**Gaýtadan döreýiş döwrüniň sungaty.** XVI asyryň ikinji ýarymynda binagärlikde Gaýtadan döreýiş döwrüniň fransuz ülňüsi kemala gelip başlaýar. Bu döwürde şäherleriň ýaşamak üçin oňaýly ýerlerinde korol we begzadalar üçin kaşaň köşkler gurlupdyr. Ambuaz köşgi (1492–1498), Burtuld myhmanhanasy (1501–1537), Ruandaky maliýe edarasynyň jaýy (1569) ýaly ymaratlar gurlanda binagärligiň got ülňüsi ulanylyp, olaryň gurluşygy nakgaşçylyk sungatynyň gazananlary bilen utgaşdyrylypdyr. Binalaryň gurluşygyna Rim papasy Fransisk I-niň hut özi tarapyndan italýan ussalary (olaryň arasynda Leonardo da Winçi hem bar eken) we ussat fransuz binagärleri Nikolýa Başelýe, Filiber Delorm, Pýer Lesko, Žak Andrue Dýuserso çagyrylypdyr. Bluda ýerleşýän Fransisko I-niň köşgi, Luara baýryndaky ajaýyp ymaratlar Gaýtadan döreýiş döwrüniň ajaýyp eserleriniň hataryna giripdir.

Şäher jaýlarynyň öň taraplary nepis bezelen sütünli binalar bilen haşamlanypdyr. Fonteblo köşgündäki agaç, freska bilen haşamlanan zallar dabara geçirmek üçin niýetlenilipdir. Ol ýerde ussalar Rosso Forentino we Primatiçço dagylar işläpdir. Tanymal binagär Pýer Lesko we zehinli heýkeltaraş Žan Gužon tarapyndan Parižde gurlan Luwr köşgüniň täze jaýy (häzir onda çeperçilik muzeýi ýerleşýär) Gaýtadan döreýiş döwrüniň iň ajaýyp nusgalary hasaplanylypdyr.

XV asyryň fransuz şekillendiriş sungatynda birnäçe ýerli mekdepler bolupdyr. XV asyryň ikinji ýarymynda irki fransuz Gaýtadan döreýiş medeniýetiniň esasynda korol köşgünde luar mekdebi uly ähmiýete eýe bolupdyr. Bu mekdebi görnükli sungat ussady *Žan Fuke* esaslandyrýar. XV asyryň ikinji ýarymynda Žan Fuke Simon Marmion bilen oba we şäher tebigatyny öz miniatýuralarynda ussatlyk bilen beýan edipdirler.

**Dil we edebiýat.** *Žoaşen Dýu Belle* (1522–1560) fransuz edebi diliniň esasyny goýan meşhur şahyr hem-de dil biliminiň nazaryýetçisi bolupdyr. Ol fransuz dilini goramak, ösdürmek we şöhratlandyrmak bilen baglanyşykly jarnama häsiýetli eserini (1549) ýazypdyr. Ol ajaýyp şahyr hökmünde «Zeýtun» (1549–1550), «Liriki goşgular» (1549) atly ýygyndylaryny ýazypdyr. Ž. D. Belleniň «Oba oýunlary» (1558) diýen elegiýasy çuňňur tragizme ýugrulypdyr. Onuň odalary, epigrammalary fransuz edebiýatynyň taryhynda öçmejek yz galdyrypdyr.

Fransuz ýazyjy-satiraçysy *Fransua Rableniň* (1494–1553) «Gargantýua we Pantagrýuel» diýen romanyny ulular-da, çagalar-da häzire-bu güne çenli okaýarlar. Awtor äpet adamlar hakyndaky ertekili bu kitabynda gadymy halk rowaýatlaryny peýdalanyp, ötgür sözler bilen feodalçylyk tertipleriň üstünden gülüpdir.

Rable mähriban ýurdunyň durmuşyny oňat bilipdir, köp syýahat edipdir. Italiýada telim gezek bolupdyr. Ol hemmetaraplaýyn kämil adam: ýazyjy we gadymy dilleri oňat bilýän adam, tebip hem-de mugallym bolupdyr.

Rable özüniň romanynda weýrançylykly feodalçylyk uruşlaryny ýazgarypdyr. «Ozal edermenlik diýlip belent at dakylan zada indi biz ýöne garakçylyk diýýäris» diýip, kitabyň gahrymanlaryndan biri aýdýar. Ýazyjy bütin dünýä ýüzüne öz häkimiýetini ýaýmak maksady bilen, öz raýatyndakylaryň ganyny döküän basybalyjy koroly masgaralapdyr. Romanyň awtory dworýanlara ýigrençli garapdyr, olaryň öwünjeňliginiň we açgözlüginiň üstünden gülüpdir.

Romanda papa wepaly katolikler ýaşaýan Papemaniýa diýen ýurt beýan edilipdir. «Olar bu ýere horlugyna gelse-de, derrew olaryň garnyny ýag alyp başlaýar», sebäbi olar «dünýäniň ähli künjeklerinden» girdeji baryny alýarlar. Papemanlar özleri bilen razylaşmaýanlaryň hemmesini ýok etmäge taýyn. Papefiler adasynyň adamlary papanyň portre-

tine dodak çöwrendigi üçin, olar adany weýran edipdirler. Elbetde, okyjylar şunda katolikleriň protestantlara garşy göreşini aňsat göz öňüne getiripdirler.

Katolik buthanasy batyrgaý ýazyjyny ýanapdyr. Rableniň kitabyny gadagan edipdirler, awtora tussag etmek we hatda oda ýakmak howpuny salypdyrlar. Emma ýazyjy ömrüniň ahyryna çenli mertligine hem gorkmazaklygyna galypdyr.

Görnükli fransuz ýazyjysy, filosof *Mişel Monten* (1533–1592) öz döwründe giň meşhurlyga eýe bolupdyr. Ol öýde okap, öz döwrüniň nusgawy bilimini alypdyr, kollejde hukugy öwrenipdir. Onuň «Tejribeler» (1580–1588) atly üç jiltlik esse-kitabynda belli bir anyk taryhy maglumata esaslanyp, adamyň gymmatly hazynadygyny we onuň gündelik durmuşyny, gylyk-häsiýetlerini beýan edipdir.

**Ispaniýadaky galkynyş.** Uzak ýyllara çeken Rekonkistanyň (VIII–XV asyrlar) tamamlanmagy bilen, Ispaniýanyň medeniýetinde hem täze ösüşler başlaýar. Täze ylmy merkezler, ýokary okuw mekdepleri gurlupdyr, kitap neşir etmek ýola goýlupdyr. Leridede (1300), Ueskde (1334), Walýadolidede (1346), Walensiýada (1500), Barselonada (1450) uniwersitetler açylypdyr. Kartalar düzülip, deňiz syýahatçylygy ösüpdir we möhüm geografiki açyşlar, deňizde ýüzüşler amala aşyrylypdyr. 1492-nji ýylda Hristofor Kolumb Amerikany açýar. XV–XVI asyrlarda ispan syýahatçylary Amerikanyň geografiýasyny öwrenmäge uly goşant goşupdyrlar. Ispan köşgüniň Söwda palatasynda matematika, astronomiýa, kartografiýa, gidrografiýa kafedralary açylypdyr. Mugallymlar ol ýerde ylmy-barlag işlerini alyp barypdyrlar.

**«Manýerizm»** italýan sözi bolup, ol «ülňi» (stil) diýen manyny aňladýar. Sungatyň bu ugry nämä degişli bolupdyr? Ol günbatar ýewropa sungatynyň ugurlarynyň biridir. Bu ugruň wekilleri Gaýtadan döreýiş medeniýetiniň ussatlary-

nyň ýoluna eýeripdirler. Olaryň eserleri çylşyrymlylygy, ýitiligi bilen tapawutlanypdyr.

**Ispaniýada edebiýatyň gülläp ösmegi.** Ispan edebiýaty orta asyrlar döwründe gadymy halk döredijiliginiň esasynda we arap medeniýetiniň täsirinde kemala gelipdir. Rekonkista döwründe halk lirikasy ösüpdir. Onuň aýry-aýry keşpleri ispan-arap şygryýetine mahsus bolan žanrlar esasynda döredilipdir.

XV–XVI asyrlaryň ahyrlarynda ispan edebiýaty Gaýtadan döreýiş döwrüne gadam basýar. *Migel Serwantes* (1547–1616) şol döwrüň görnükli ispan ýazyjysydyr. Onuň «Nesihat beriji nowellalar» (1613), «Täze sekiz komediýalar we intermediýalar» (1615), «Persilesiň we Sigizmundyň syýahaty» (1617) atly eserleri bellidir. Serwantesiň «Don Kihot» (1605–1615) atly romany çeper edebiýatyň realizm, gahrymançylyk we romantika žanrlary bilen utgaşyp, Gaýtadan döreýiş we dünýä medeniýetiniň ösüşine uly goşant goşupdyr. Onuň «Rehimdar aşyk», «Iňlis ispan zenany», «Iki itiň söhbetdeşligi», «Rinkonets we Kortadilýo» diýen täze ruhda ýazylan eserleri giň meşhurlyk gazanypdyr.

Şol döwrüň belli ispan ýazyjysy *Luis de Gongordyr* (1561–1627). Onuň ilkinji goşgulary 1580-nji ýylda neşir edilipdir. Ol «Polifem» (1612–1613), «Ýekelik» (1613) ýaly ajaýyp poemalary ýazypdyr. Ýazyjynyň bu eserlerinde ispan edebiýatynyň Gongorçylyk žanrynyň başlangyjy goýlupdyr. Onda mifologiki keşpler, çylşyrymly metaforalar, çuňňur söz düzümleri hem-de jümleleri agdyklyk edipdir.

Görnükli ispan dramaturgy *Lope de Wega* (1562–1635), Gaýtadan döreýiş döwrüniň ajaýyp wekilleriniň biridir. Ol 2000-den gowrak pýesalary (olardan 500 sanysy neşir edilipdir), romanlary we goşgulary ýazypdyr. Karponyň «Beýik gersog Moskowskiý» (1617) taryhy dramasy, «Günäsizleriň gany» (1623) we «Sewiliň ýyldyzy» (1623) ýaly durmuşy dramalary, «Tans mugallymy» (1593) komediýasy halkyň çuňňur söýgüsini gazanypdyr.

**Ýewropa barokkosy we onuň sungatyň dürli görnüşlerinde ýüze çykyş aýratynlyklary.** Barokko – Günbatar Ýewropanyň (giçki döwürde Amerikanyň hem) sungatynyň bir ugry bolup, ol XVI asyryň ahyrlaryndan – XVIII asyryň ortalaryna çenli aralykda ýörgünli bolupdyr. Bu ülňi sungatyň ähli ugurlaryna öz täsirini ýetiripdir. Barokko sungatyna ýaýbaňlyk, kaşaňlyk, ösüş, belentlik, ruhubelentlik, ýokary derejelilik we täsirli görnüş ýaly sypatlar mahsus bolupdyr.

Barokko ülňüsi boýunça Günbatar Ýewropanyň binagärliginde italýan ymaratçylary Jowanni Lorenso Bernini, Françesko Borromini ajaýyp binalary gurupdyrlar, flandriýaly nakgaşlar Piter Paul Rubens, Antonis Wan Deýk bolsa täsirli dekoratiw-bezeg suratlaryny çekipdirler. Binagärlikde köp reňkli heýkeltaraşlyk, nakgaşlyk, aýnalar we ýazgylar, gümmezler özboluşly aýratynlygy emele getiripdir.

Barokko ülňüsi edebiýata (Ispaniýada Pedro de la Barka Kalderonyň, Italiýada Torkwato Tassonyň, Fransiýada Teodor Agrippo d'Obinýeniň döredijiligi), teatra, aýdym-saza (Jowanni Gabrieliniň, Jirolamo Freskobaldiniň, Germaniýadan Ditrih Bukstehudeniň, Reýnhardt Kaýzeriň eserleri) hem öz täsirini ýetiripdir. Bu ülňiniň täsiri italýan aýdym-saz sungatynda, kompozitorlaryň wokal eserlerinde has aýdyň duýlupdyr. Barokko adamyň içki dünýägaraýşyna täsir etmek bilen, Ýewropa aýdym-saz sungatynyň dürli ugurlarynyň ýüze çykmagyna we ösmegine uly itergi beripdir.

**Soraglar we ýumuşlar:**

**1.** Topar boýunça ýerine ýetiriň, deňeşdiriň we özara pikir alşyň.

| Fransiýa | | | Ispaniýa | |
|---|---|---|---|---|
| Görnükli wekilleri, döwürleri | Bitiren işleri | | Görnükli wekilleri, döwürleri | Bitiren işleri |
| | | | | |

11. Sargyt № 1755.

2. Manýerizm näme?
3. Barokko näme? Ol haýsy asyrlary öz içine alypdyr?
4. Barokko stiliniň aýratynlyklary nämeden ybarat?
5. Metbugatdan, habar beriş serişdelerinden, internet maglumatlaryndan peýdalanyp, Fransiýanyň binagärligine we Ispaniýanyň edebiýatyna, Ýewropa barokkosyna degişli tanyşdyrylyşa taýýarlanyň.

## §28. Täze döwrüň Günbatar Ýewropa medeniýeti

**XVII asyryň ylmy açyşlary we medeniýetde rasionalizm.** Täze taryh döwründe Günbatar Ýewropa medeniýetiniň ösüşine ylmy açyşlar uly täsir edipdir. Olaryň arasynda nemes astronomy *Iogann Kepler* (1571–1630) özüniň möhüm açyşlary bilen tapawutlanypdyr. Ol planetalaryň hereketini we astronomiýanyň birnäçe kanunlaryny açypdyr. Ol Aýyň-Günüň tutulmagynyň sebäplerini öwrenmegiň esasyny goýupdyr we teleskopy oýlap tapypdyr.

Italýan alymy *Galileo Galileý* (1564–1642) Ýewropada tebigy we takyk ylymlary öwrenmegiň esasyny goýupdyr. Ol sholastika bilen ýiti jedellere giripdir, akyl ýetirmekde tejribäni esas hasaplapdyr. Galileý döwrebap mehanikanyň esasyny goýupdyr. Alym inersiýanyň kanunyny kesgitläpdir, maýatnigiň yrgyldylarynyň izohroplygyny açypdyr. Ol 30 essedenem ulaldyp görkezýän teleskopy gurupdyr. Galileý Ýupiteriň dört hemrasyny, Weneranyň (Zöhre ýyldyzynyň) bolsa fazalaryny açypdyr.

Iňlis himigi hem-de fizigi *Robert Boýl* (1627–1691) alymlaryň London korollyk jemgyýetini esaslandyrypdyr. Ol 1661-nji ýylda ilkinji bolup himiki elemente ylmy taýdan kesgitleme beripdir. Himiýada synag usulyny geçiripdir we himiki seljermäniň başlangyçlaryny goýupdyr. Şunuň netijesinde ol himiýanyň ylym hökmünde ýola goýulmagyna

öz goşandyny goşupdyr. Alym gazyň kanunlarynyň birini (Boýl-Mariottyň kanuny) takyklapdyr.

Tebigy hem-de takyk ylymlarynda açyş eden alymlaryň biri hem iňlis fizigi we matematigi, mehanikanyň we astronomiýanyň nazary esasyny döreden, bütindünýä dartyş kanunyny açan, differensial we integral hasaplamalary işläp düzen, aýna teleskopy oýlap tapan we optika boýunça synaglary geçiren *Isaak Nýutondyr* (1643–1727). 1687-nji ýylda Nýutonyň «Tebigy filosofiýanyň matematiki başlangyçlary» atly uly işi çap edilipdir.

Günbatar Ýewropa ýurtlarynda tebigy we takyk ylymlary öwrenmäge bolan islegler rasionalistik garaýyşlaryň ösmegine getiripdir. Rasionalizm – pikiri aňyň ýeke-täk çeşmesi hasaplaýan filosofik akymdyr. Iňlis filosofy we materialisti *Tomas Gobbs* (1588–1679) rasionalizmiň görnükli wekilidir. Onuň üçin geometriýa we mehanika ylmy pikirlenişiň ideal nusgalary bolupdyr. Alym «Filosofiýanyň esaslary» (1642–1658), «Raýat hakynda» (1642), «Adam hakynda» (1658) diýen esasy eserlerini ýazypdyr. Ol materializmiň mehanikaçylyk ulgamyny döredipdir. Ol akyl ýetirişiň iki görnüşini: rasionalistik mehanikanyň logiki deduksiýasyny (umumy netijeden hususy netijä gelme, umumy pikirlerden çykarylýan hususy logiki netije) we fizikanyň empiriki induksiýasyny (elektrik ýa-da magnit meýdanyndaky toguň ýakynyndaky jisimlere täsiri) tapawutlandyrypdyr.

Görnükli iňlis filosofy *Jon Lokk* (1632–1704) liberalizmi esaslandyryjydyr. Ol akyl ýetirmegiň empiriki nazaryýetini işläp düzüpdir. Ol adamyň biliminiň onuň tejribesinden gelip çykýandygyny tassyklapdyr. Ol akyl ýetirişiň empiriki nazaryýetini we liberalizmiň ideýa-syýasy doktrinasyny işläp düzüpdir. Jon Lokkuň 1690-njy ýylda ýazan esasy işi «Adamyň akyl ýetirişiniň tejribesi» diýlip atlandyrylyp, onda adamyň akyla, paýhasa salgylanmak esasynda mümkinçilikleri we görnüşleri beýan edilipdir.

**Magaryf eýýamynda filosofiýanyň ösmegi.** Magaryf zamanynyň fransuz ýazyjysy we filosofy *Wolter* (Mari Fransua Arue, 1694–1778) ynsanperwerlik ylymlaryň ösmegine ägirt uly goşant goşupdyr. Ol özüniň «Filosofiki hatlarynda» Angliýanyň jemgyýetçilik gurluşy barada ýazypdyr. Wolter Jon Lokkuň, Isaak Nýutonyň garaýyşlarynyň tarapdary bolupdyr. Onuň «Lýudowik XIV-niň asyry», «Beýik Pýotryň patyşalyk eden döwründe Russiýanyň taryhy» atly işlerinde ýewropa taryhnamasynyň esasy döwürleri beýan edilipdir. Alym onda esasy ünsi korollara, serkerdelere däl-de, halkyň taryhyna, onuň adatlaryna, däp-dessurlaryna, medeniýetine beripdir. Wolter özüniň estetikasynda we dramaturgiýasynda XVII asyryň nusgawyçylyk däplerini dowam etdiripdir, tragediýalaryny syýasy we filosofiki pikirlerden doldurypdyr.

Fransuz magaryfçysy, filosofy, şahyr hem-de kompozitor *Žan Žak Russonyň* (1712–1778) döredijiligi süňňi-durky bilen gumanizme ýugrulypdyr. Ol Parižde Deni Didro ýaly meşhur magaryfçylar bilen ensiklopediýalary ýazmakda ýakyndan hyzmatdaşlyk edipdir. Russo saz barada makalalary ýazypdyr. Ol pedagogiki «Emil» romanyny we «Jemgyýetçilik hakynda şertnama» atly syýasy eserini ýazypdyr. Onda ideal jemgyýet, azatlykdan şahsyýetiň däl-de, döwletiň peýdalanýandygy, ylalaşygyň esasynda adamyň döwletiň doly derejeli agzasyna öwrülýändigi görkezilipdir. Žan Žak Russo fransuz katolikleri we şweýsar protestantlary tarapyndan yzarlanypdyr. Ol ýaşaýyş-durmuş we jemgyýet hakyndaky garaýyşlaryny filosofiki traktatlarynda beýan edipdir.

Meşhur fransuz ýazyjysy hem-de filosofy *Deni Didro* (1713–1784) magaryfçylygyň taryhynda uly yz galdyrypdyr. 1751-nji ýylda Fransiýada «Ylymlaryň, sungatlaryň we senetleriň ensiklopediýasy» atly kitabyň ilkinji jiltleri çap edilýär. Bu kitaby çap etmek pikiri filosof Deni Didro bilen matematik D. Alembere degişlidi. 1772-nji ýylda bu

kitap doly ýazylyp gutarylýar. Kitap jemi 35 jiltden ybarat bolup, oňa 200-den gowrak ýazar gatnaşypdyr. Olaryň arasynda Wolter, Russo ýaly beýik akyldarlaryň işleri hem ýerleşdirilipdir. «Ensiklopediýada» matematika, astronomiýa, fizika, himiýa, geografiýa, şeýle hem senagat önümlerini işläp taýýarlamagyň, oba hojalygyny ýöretmegiň usullary beýan edilipdir. «Ensiklopediýanyň» ýazarlary akyl-paýhas, magaryf we ylym adamyň döredijilikli işiniň özeni bolmalydyr diýip tassyklaýarlar.

Bu kitapda awtorlar ylmy-tehniki ösüşiň XVII–XVIII asyrlardaky netijelerini, döwrüň täze jemgyýetçilik-syýasy taglymatlaryny, şahsyýetiň eldegrilmesiz hukuklaryny, häkimiýetde halk wekilçiliginiň zerurlygyny görkezipdirler. Onda fransuz daýhanlarynyň ýaşaýyş-durmuş şertleriniň ýaramazdygy we salgytlaryň olaryň hojalygyny çökerýändigi barada hem maglumatlar berilýärdi.

1773–1774-nji ýyllarda D. Didro Ýekaterina II-niň çakylygy bilen Russiýa gelýär. Ol Ýekaterina II-niň içeri syýasatyna täsir etmäge çalşypdyr, rus daýhanlaryna erkinligiň berilmegini, liberal özgertmeleriň geçirilmegini gazanmak isläpdir. Deni Didro «Materiýanyň we hereketiň filosofiki ýörelgeleri» we «Fiziologiýanyň elementleri» kitaplaryny ýazypdyr. Bu kitaplarda materialistik ideýalar agdyklyk edýärdi. Ol Çarlz Darwinden öň biologiki ewolýusiýa baradaky çaklamany aýdypdyr.

D.Didro adamyň kemala gelmeginde terbiýä uly baha beripdir. Ol çaganyň ösüşinde anatomiýa-fiziologik aýratynlygyň ähmiýetinininiň uludygyny belläpdir, terbiýäniň köp zady ýerine ýetirip biljekdigini aýdypdyr. Alym çaganyň tebigy ukybyny görkezmek üçin, oňa doly derejede ösüşi üpjün etmelidigini nygtapdyr. Ol halkyň bilimi barada «Uniwersitetiň meýilnamasy ýa-da jemagaty ylmy okatmakda Russiýa häkimiýeti üçin mekdepler» hakynda pikirleri orta atypdyr. Didro Peterburgda bolanda Ýekaterina II-niň haýyşy boýunça «Ýaş gyzlar üçin mekdepler», «Aýratyn ter-

biýe hakynda» diýen teklipler toplumyny beripdir. Ol halk magaryfy boýunça döwlet ulgamynyň taslamasyny düzüpdir.

Deni Didro ählumumy başlangyç bilimini mugt etmek ýörelgesini öňe sürüpdir. Maddy üpjünçiligi pes adamlaryň çagalaryny başlangyç mekdeplerde mugt kitaplar, iýmit bilen üpjün etmegi, orta we ýokary okuw mekdeplerinde pul töleglerini tölemegi guramagy zerur hasaplapdyr. Ol orta mekdeplerde ylmy bilimler ulgamyny okuw meýilnamasyna salmagy hödürläpdir. Mysal üçin, 1-nji synpda matematikany, 2-nji synpda mehanikany, 3-nji synpda astronomiýany esasy dersler hasaplapdyr.

*Şarl Lui Monteskýe* (1689–1755) tanymal fransuz magaryfçysy, hukukçy hem-de filosof bolupdyr. Ş.L. Monteskýe şahsyýetiň hukuklaryny häkimiýetleriň eden-etdiliklerinden goramaga aýratyn ähmiýet beripdir. Jon Lokkyň häkimiýetiň şahalara bölünmegi hakyndaky garaýyşlaryny ösdürmek bilen, Monteskýe döwlet häkimiýetiniň üç şahasy bolan kanunçylyk, ýerine ýetiriji we kazyýet häkimiýetleri özbaşdak bolmalydyr, olar biri-biriniň wezipesini çalyşmaly däldirler diýip belleýärdi. Çünki häkimiýetiň bir adamyň elinde ýa-da bir döwlet edarasynda jemlenmegi, gürrüňsiz, häkimiýetden hyýanatçylykly peýdalanylmagyna, çäklendirilmedik ygtyýarlykly häkimiýetiň döremegine getirjekdi.

Ş.L. Monteskýeniň öňe süren esasy garaýyşlarynyň düýp mazmuny häkimiýetiň ýerine ýetiriji, kanyn çykaryjy we kazyýet şahalaryna bölünmegi hakyndaky pikirdir. Onuň pikiriçe, korol häkimiýeti ýerine ýetiriji we gözegçilik ediji wezipeleri alyp barmalydy, kanun çykaryjy wezipe parlamente degişli bolmalydy, kazyýet bolsa koroldan we parlamentden özbaşdak hereket etmelidi.

Ş.L. Monteskýe döwlet gurluşynyň üç görnüşi barada-da aýdyp geçýär. Olar: respublika, monarhiýa we despotik döwletlerdir. Ol döwlet dolandyryşynyň respublikan gurluşyna has döwrebap usul hökmünde baha berýär.

Ş.L.Monteskýe halkara hukugynyň ylym hökmünde kemala gelmegine hem uly goşant goşdy. Ol dünýä döwletleriniň arasynda parahatçylykly gatnaşyklaryň ösdürilmegini ileri tutýar we dawaly meseleleriň uruşsyz çözülmegini wagyz edýär. Ş.L.Monteskýeniň öňe süren bu garaýyşlary halkara hukugynyň ylmy esaslaryny goýdy.

Nemes dramaturgy, sungatyň nazaryýetçisi, edebi tankytçy *Gothold Efraim Lessing* (1729–1781) nemes nusgawy edebiýatynyň düýbüni tutujydyr. Ol basnýalarynda we epigrammalarynda dar düşünjelilik hem-de ýaramaz gylyk-häsiýetleri paş edip ýazypdyr. Ýazyjy «Miss Sara Sampson» (1755) atly dramasyny, «Minna fon Barnhelm» (1767) komediýasyny, «Emiliýa Galotti» (1772) tragediýasyny ýazypdyr. Olarda ahlak häsiýetleri hakynda gürrüň edilipdir. Alym «Laokoon» (1766), «Gamburg dramaturgiýasy» (1767–1769) diýen eserlerinde magaryfçylyk realizminiň estetiki ýörelgelerini, ýokary gatlak wekilleriniň eden-etdiliklerini açyp görkezipdir.

Nemes şahyry, akyldary we tebigat hadysalaryny öwreniji *Iogann Wolfgang Gýote* (1749–1832) täze döwrüň görnükli magaryfçysy bolupdyr. Ol Germaniýada täze döwrüň nemes edebiýatynyň düýbüni tutýar, tebigy ylymlar boýunça ençeme çaklamalary öňe sürüpdir. Gýotäniň «Wenesiýa epigrammalarynda» Beýik fransuz rewolýusiýasy, «Ýoldaş general» dramasynda we «Nemes emigrantlarynyň söhbetdeşligi» (1794–1795) atly nowellasynda rewolýusion täzelenişiň gutulgysyzdygy barada ýazypdyr. Magaryfçy şol ýyllarda «Reýneks-Lis» diýen satiriki poemasyny ýazyp, onda ýokary gatlaklaryň eden-etdiliklerini paş edipdir. Gýotäniň üç jiltden ybarat «Italýan syýahaty» (1816–1829) diýen işi döwrüň ajaýyp eserleriniň biri hasaplanypdyr.

Nemes şahyry we dramaturgy *Iogann Fridrih Şiller* (1759–1805) magaryfçylyk sungatynyň görnükli nazaryýetçisi hasaplanypdyr. Ol Lessing hem-de Gýote bilen bilelikde nemes edebiýatynyň düýbüni tutujylar hasaplanypdyr.

Onuň «Talaňçylar» (1781), «Fieskonyň dildüwşigi» (1783), «Hilegärlik we söýgi» (1784) atly dramalarynda azatlyga ymtylmak, adam mertebesini goramak, dolandyryşda düzgün-tertibe eýermek baradaky ynsanperwer pikirler beýan edilipdir.

J.F. Şiller Beýik Fransuz rewolýusiýasy baradaky habary duýgudaşlyk bilen kabul edipdir, ýöne ony ýakobinçileriň diktaturasy uly howsala salypdyr. 1792-nji ýylda J.F. Şillere Konwent tarapyndan «Fransuz respublikasynyň hormatly raýaty» diýen at dakylypdyr. Ol estetiki terbiýäniň giňişleýin maksatnamasyny öňe sürüp, azatlyga tarap barýan ýoluň diňe gözelligiň üsti bilen amala aşýandygy, ýuwaş-ýuwaşdan jemgyýetçilik gurluşynyň aňly-düşünjeli adamsy edip terbiýeläp boljakdygy baradaky pikirleri aýdypdyr.

Görnükli iňlis ýazyjysy *Semýuel Riçardson* (1689–1761) öz durmuş ýoluny London çaphanasynda şägirtlikden başlaýar. Ol soňra hususy çaphananyň eýesi bolýar. Riçardsonyň eserlerinde magaryfçylyk we täzeçillik ideýalary güýçli duýlupdyr. Onuň ýedi jiltden ybarat «Klarissa» (1747–1748) romany şahyryň döredijiligini belende galdyrypdyr. S. Riçardson «Ser Çarlz Grandisonyň taryhy» diýen ýedi jiltden ybarat bolan beýleki bir eserinde položitel gahrymanlaryň keşplerini görkezmek isläpdir. Riçardsonyň döredijiligine Wolter we D.Didro uly baha beripdirler.

**Ensiklopediýalaryň döredilmeginiň ähmiýeti.** Mälim bolşy ýaly, ensiklopediýa ylmy maglumatlary we ulgamlaşdyrylan bilimleri özünde jemleýän neşirler toplumydyr. Ensiklopediýadaky maglumatlar elipbiý tertibi boýunça yzygiderlilikde ýerleşdirilip, olar bilimleriň hemme pudaklary boýunça gysgaça düşünjeler berýärler. Ensiklopedik sözlükler hem bolup, olar köp maglumatlary özünde jemläpdirler.

1751–1780-nji ýyllarda neşir edilen ensiklopediýanyň redaktorlary Deni Didro we Žan Leron D'Alamberdir. Onuň döredilmeginde Wolter, Etýen Bonno Kondilýak, Klod Adri-

an Gelwesiý, Pol Anri Golbah, Žan Žak Russo, An Rober Žak Týurgo, Giýom Toma Fransua Reýnal, Žorž Lui Leklerk de Býuffon dagylar işjeň gatnaşypdyrlar. Öňdebaryjy alymlar, şahyrlar, inženerler ysnyşykly hyzmatdaşlykda bolup, bu işe öz şahsy goşantlaryny goşupdyrlar. Ensiklopediýaçylar adamzadyň ýaşaýyş-durmuş we ylmy taýdan öňe gitmeginde uly hyzmat görkezipdirler.

**Soraglar we ýumuşlar:**

**I.**

**1.** Rasionalizm diýip nämä düşünýärsiňiz?
**2.** Ylmy açyş eden wekilleri atlandyryň we olaryň bitiren işleri barada aýdyp beriň.
**3.** Ensiklopediýa näme? Siziň pikiriňizçe, onuň nämä ähmiýeti bar? Pikiriňizi delillendiriň.

**II. Barlagnamalar. Özüňi barla.**

**1.** Planetalaryň hereketini we üç sany kanuny açan alym kim?
a) Galileo Galileý;
b) Iogann Kepler;
ç) Tomas Gobbs;
d) Žan Žak Russo.
**2.** Tomas Gobbs haýsy eseri ýazypdyr?
a) «Filosofiýanyň esaslary»;
b) «Filosofiki hatlary»;
ç) «Tebigy filosofiýanyň matematiki başlangyçlary»;
d) «Filosofiki pikirler».
**3.** Inersiýa kanunyny kesgitlän, maýatnigiň yrgyldylarynyň izohroplygyny açan alym kim?
a) Robert Boýl;
b) Isaak Nýuton;
ç) Galileo Galileý;
d) Jon Lokk.
**4.** Haýsy alym orta we ýokary okuw mekdeplerinde bilimi ösdürmekde teklipleri bilen çykyş edipdir?
a) Iogann Fridrih Şiller;
b) Semýuel Riçardson;
ç) Iogann Wolfgang Gýote;
d) Deni Didro.
**5.** Fransuz filosof-magaryfçy, şahyr, kompozitor alym kim?
a) Žan Žak Russo;
b) Şarl Lui Monteskýe;
ç) Deni Didro
d) Gothold Efraim Lessing.
**6.** Isaak Nýuton haýsy işi ýazypdyr?
a) «Adam hakynda»;
b) «Tebigy filosofiýanyň matematiki başlangyçlary»;
ç) «Fiziologiýanyň elementleri»;
d) «Ýaş gyzlar üçin mekdepler».

**7.** Iogann Wolfgang Gýote kim bolupdyr?
a) iňlis ýazyjysy;
b) fransuz magaryfçysy, hukukçy, filosof;
ç) magaryfçy, nemes şahyry, akyldary we tebigat hadysalaryny derňeýji;
d) iňlis filosofy, liberalizmi esaslandyryjy.

**8.** Iogann Fridrih Şilleriň ýaşan ýyllary haýsy?
a) 1627–1691 ý.; ç) 1571–1630 ý.;
b) 1759–1805 ý.; d) 1749–1832 ý.

**9.** Ensiklopediýanyň redaktorlary kimler bolupdyr?
a) D.Didro we Ž.L.D'Alamber;
b) Wolter we Robert Boýl;
ç) Gothold Efraim Lessing we Semýuel Riçardson;
d) Galileo Galileý we Şarl Lui Monteskýe.

**10.** Ensiklopediýa haçan çap edilipdir?
a) 1689–1761 ý.; ç) 1794–1795 ý.;
b) 1751–1780 ý.; d) 1729–1781 ý.

## §29. Çeper medeniýet

**Şekillendiriş sungatynyň ýokary göterilmegi: portret, natýurmort we peýzaž žanrlary.** Täze döwürde Günbatar Ýewropada şekillendiriş sungatynda portret, natýurmort we peýzaž çekmeklik özboluşlylyga eýe bolupdyr. Portret – haýsy hem bolsa bir ýa-da birnäçe adamlaryň keşbi şekillendirilen sungat eseridir. Günbatar Ýewropada portretiň nusgawy, romantiki, döwrebap ülňüleri giňden ýaýrapdyr.

XVIII asyrda Fransiýanyň şekillendiriş sungatynda, esasan, köşk durmuşy bilen baglanyşykly dabaraly pursatlary, mifologiki häsiýetdäki suratlary (Ž. Natýe, F.G. Drue) çekmeklik mahsus bolupdyr. Şol bir wagtyň özünde, magaryfçylygyň ynsanperwer ideýalaryna ýugrulan portret eserleri hem ýüze çykyp başlaýar. Özleriniň durmuş hakykatyny görkezýän aktual eserleri bilen nakgaş M. Latura, heýkeltaraşlar Ž.A. Gudon we Ž.B. Pigalýa, inçe duýgulary oýarýan işleri bilen A. Watto hem-de Ž.B.S. Şarden, lirizme ýugrulan işleri bilen Ž.B. Perrono

we O. Fragonar portret sungatyna uly goşant goşupdyrlar. Beýik Britaniýada J. Reýnolds we T. Geýnsboro, ABŞ-da J. Stýuart ýaly ajaýyp ussatlar öz portret eserleri bilen giň meşhurlyk gazanypdyrlar.

XVIII–XIX asyrlarda Ž.L. Dawid tarapyndan döredilen nusgawy portretlerde döwrüň taryhyny suratlandyrýan, jemgyýetiň durmuşyny açyp görkezýän işler ýerine ýetirilipdir. Ispan suratkeşi F. Goýeýiň awtoportretleri milli azat edijilik häsiýetde bolupdyr.

Suratkeşlikde romantizm ülňüsi XIX asyrda has giň gerime eýe bolupdyr. Portret žanryny ösdürmekde T. Žeriko, E. Delakrua, F. Rýuda, Ž. O. D. Engr, O. Domýe ähmiýetli işleri alyp barypdyrlar. Portret döredijiliginiň dürli ugurlary boýunça ýörite milli mekdepler döredilipdir.

XX asyrda modernizm ülňüsine uly üns berlipdir. Bu döwürde täze eserler peýda bolupdyr. Grafika sungatynda K.Kolwis, nakgaşlykda U.Open (ikisi hem Germaniýadan) we O. Jon (Angliýa), heýkeltaraşlykda A. Burdel, A. Maýol, Ş. Despo (Fransiýa) dürli temadaky eserleri döredipdirler.

Günbatar Ýewropada XX asyr ussatlarynyň arasynda P. Pikasso, A. Matiss, A. Deren, Ž. Ruo (Fransiýa), A. Modilýani, Z. Gros, O. Diks, E. Barlah, (Germaniýa), O.Kokoşa (Awstriýa) portret žanrynyň ösüşine uly goşant goşupdyrlar.

Şekillendiriş sungatynyň žanrlarynyň meşhur ugurlarynyň ýene-de biri natýurmortdyr. Natýurmort dürli zatlaryň suratlaryny çekmek arkaly ýerine ýetirilýär.

XVII asyrda nemes (G. Flegel, R. Paudis) we fransuz (L. Wožen) natýurmortçylygy ösüpdir. Şol asyryň ahyrlarynda fransuz köşk sungatynyň dekoratiw ýörelgeleri agdyklyk edipdir. XVIII asyrda fransuz sungat ussady Ž. W. Şardeniň döreden eserleri maşgala durmuşy bilen berk baglanyşykly bolupdyr. XIX asyryň görnükli fransuz nakgaşy E. Moneniň eserlerinde estetiki we çeper ideýalar açyk görnüpdir.

XX asyryň başlary natýurmort žanrynyň gülläp ösen döwri hasaplanypdyr.

Sungatyň peýzaž görnüşi barada aýdylanda, italiýaly A. Karraçiniň, niderlandly P. Briliň, nemes A. Elheýmeriň we beýlekileriň eserleri şekillendiriş sungatynyň şu ugrunyň taryhynda mynasyp orun alypdyrlar.

XVIII asyryň ikinji ýarymynda – XIX asyrda romantiki ýörelgeler agdyklyk edip, Angliýada – J. Krom, J.S. Kotmen, J.R. Kozens, J. Nýorner, Fransiýada – Ž. Mişel, Germaniýada – R.D. Fridrih ajaýyp peýzaž eserlerini döredipdirler. Bu döwürde Günbatar Ýewropada peýzažçylar ýörite mekdeplerde öndürijilikli işläpdirler.

**Opera we balet.** Fransiýada opera mekdebi (XVII asyryň II ýarymynda) döredilip, ony Ž. B. Iýulli («Alsesta» 1974 ý., «Armida», 1686) esaslandyrypdyr. Ol fransuz liriki tragediýalarynyň nusgawy görnüşlerini döredipdir. Onuň yzyny Ž.F. Ramo dowam etdiripdir.

XVIII asyryň ortalarynda öz döwrüniň estetiki talaplaryna laýyklykda, eserler döredilipdir. Fransiýada E. Duniniň («Aşyk suratçy», 1757), F.A. Filidoryň («Bagban we onuň hojaýyny», 1761), A.E. Gretri («Riçard şir ýürek», 1789) komiki eserleri peýda bolupdyr. Şeýle-de Awstriýada we Germaniýada K. Dittersdorfyň «Lukman we dermançy» (1786), I.A. Hilleriň «Lothen köşkde» (1766) işleri giň mazmunlydyr. K.W. Klýuk we W.A. Mosart öz döredijiliginde öňdebaryjy ideýalary şöhlelendiripdir. W.A. Mosart «Figaronyň toýy» (1786) komediýasyna, «Don Žuan» (1787) dramasyna, «Jadyly fleýta» (1791) filosofiki ertekilere daýanyp, uly üstünlik gazandy.

Germaniýada L. Bethoweniň «Fidileo» (1805 ý., 3-nji redaksiýa 1814 ý.) operasy nusgawy žanr bolupdyr. Komiki opera F. Bualdýonyň («Ak bedenli zenan», 1925 ý.), D.F. Oberiň («Fra-Dýawolo», 1830) döredijiliklerinde ösüpdir.

XIX asyryň II ýarymynda fransiz aýdym-saz teatry üçin liriki opera häsiýetli bolupdyr.

XVIII asyrda balet Angliýada, Awstriýada, sonar Fransiýada özbaşdak sungat hökmünde doly kemala gelipdir.

Londonda J. Uiwer we M. Salle balet spektakllary gadymy sýužetleri döredipdirler. Wenada baletmeýster F. Hilferding we G. Anjolini klassizmiň tragediýalaryna ýüzlenipdirler. Fransuz horeografy Ž.Ž. Noweriň spektakllary (Ž.Ž. Rodolf «Medeýa we Ýazon», 1763 ý.) tapawutlanypdyr.

**Kompozitorlar: K. Montewerdi (Italiýa), Persell (Angliýa), Ž. B. Lýulli (Fransiýa).** Italýan kompozitorlaryň biri *Montewerdi Klaudio Jowanni Antoniodyr* (1567–1643). Ol opera žanrynyň düýbüni tutujylaryň biridir. Onuň «Orfeý» (1607), «Ariadna» (1608) operalarynda goşandy uly bolupdyr. Ol 1590–1612-nji ýyllarda Mantuede Gonzag gersoglar kapellasynda gulluk edipdir. 1587-nji ýylda Wenesiýanyň San-Marko soborynyň kapellasyna ýolbaşçylyk edipdir. Onuň 1587–1638-nji ýyllarda 8 sany kitaby çapdan çykypdyr. 1679-njy ýyldan başlap onuň döredijiliginde opera uly orun tutupdyr. Olaryň içinde «Uillisiň Watanyna gaýdyp gelmegi» (1640 ý., Bolonýa) operasyny görkezmek bolar. Ol kompozitorlaryň wenesiýa mekdebinde aýratyn uly işler bitiripdir.

Iňlis kompozitory we sazandary *Genri Persell* (1659–1695) Londonda köşk sazandasy, karol kapellasynda aýdymçy, saz gurallaryny goraýjy we guraýjy kompozitor bolupdyr. Kompozitor ähli saz žanrlarynyň ussady hasaplanypdyr. 50 sany teatr sahnasynyň awtory bolupdyr. Onuň «Didon we Eneý» (1689) ilkinji milli iňlis operasy (M. Wirgiliýanyň «Eneida» operasynyň esasynda) hasaplanylýar. Ol bu operada iňlis teatryny, iňlis we şotland halk aýdymlaryny we tanslaryny umumylaşdyrypdyr. Onuň hor eserlerinde dini we dünýewi, bibliýa tekstleri uly orun tutupdyr. Ol italýan skripkaçy kompozitorlarynyň yzyna eýeripdir. G. Persell milli saz sungatyny ösdürmäge çalşypdyr.

*Žan Batist Lýulli* (1632–1687) fransuz kompozitory, milli iňlis opera mekdebini esaslandyryjydyr. 14 ýaşdan başlap Parižde ýaşap, fransuz sazandalarynyň ýolbaşçylygynda

skripkada köşk orkestrliginde saz çalypdyr, ariýa (esasan, bir ses üçin düzülen wokal saz eseri, saz gurallary bilen ýerine ýetirilýän aýdymly pýesa) döredipdir.

1653-nji ýyldan başlap köşk kompozitory bolupdyr. Köp sanly baletleriň awtory bolupdyr. 1672-nji ýylda Parižde opera teatryna ýolbaşçylyk edipdir. Ž.B. Lýulli liriki tragediýalaryň görnüşlerini döredipdir. Onuň döredijiliginde fransuz nusgawy uwertýura (operanyň, operettanyň, baletiň sazly başlanyşy, sonata formaly konsert üçin orkestr eseri) görnüşi esasy orun tutupdyr.

**Soraglar we ýumuşlar:**

1. Şekillendiriş sungatynyň haýsy görnüşlerini bilýärsiňiz?
2. Portret, natýurmort, peýzaž düşünjelerine düşündiriş beriň.
3. Şekillendiriş sungatynyň portret, natýurmort, peýzaž görnüşlerini döreden görnükli wekillerini we olaryň bitiren işlerini atlandyryň.
4. Ýewropada saz sungatynda nähili üstünlikler gazanylypdyr?
5. Görnükli kompozitorlary atlandyryň. Olar sungatda nähili işleri bitiripdirler?
6. Metbugat, habar beriş serişdeleri we internet maglumatlary esasynda çeper medeniýete degişli maglumatlary ýygnaň we olar barada synpdaşlaryňyz bilen pikir alşyň.

## §30. Ýewropa medeniýeti industrial döwürde

**Günbatar medeniýeti barada düşünje.** Günbatar medeniýeti Gündogar medeniýetinden köp babatda tapawut edýär. Olara kesgitli bir häsiýetnama bermek mümkin däldir. Gündogar medeniýeti esasan hytaý, hindi-budda, arap-musulman, şular bilen bir hatarda köp sanly milli medeniýetleriň gazananlaryndan kemala geldi. Gündogar medeniýetiniň kemala gelmegine konfusiançylyk, daoçylyk, buddaçylyk, indusçylyk we yslam ýaly dinler hem örän uly täsir etdi. Özi hem gündogar medeniýeti, onuň sungatynyň köp ugurlary henizler hem köp babatda öz adatylygyny saklap gelýär.

Günbatar medeniýetiniň kemala gelmegi, esasan, hristiançylyk dini bilen baglanyşykly boldy. Günbataryň sungatynda çeper görnüşler, žanrlar özara utgaşyp, sungatyň ugurlarynyň tematikasynda hem-de ideýa mazmunynda giňden şöhlelendirilýär, ülňüler we akymlar dürli-dürli bolup, olar tiz-tizden üýtgäp durýar.

Günbatar we Gündogar medeniýetleriniň mazmunynda tapawutlaryň bolşy ýaly, olaryň ikisi üçin häsiýetli bolan umumylyklar hem bardyr. Şol umumylyklar, öňi bilen, bu medeniýetleriň ikisiniň hem esasyny ynsanperwerligiň düzýändigi bilen baglanyşyklydyr. Emma geçmişde Gündogaryň we Günbataryň her birine mahsus adamzat gymmatlyklary we ynsanperwerlik ýörelgeleri bolupdyr. Ýewropada adamyň hukugy, jany we emlägi eldegrilmesiz, mukaddes zat hökmünde hasap edilipdir. Emma Aziýada esasy gymmatlyk hökmünde ruhy-ahlak ýörelgeleri emele getirýän ejize howandyrlyk etmek, mätäje kömek bermek, ýetim-ýesire hossar çykmak, ahlak taýdan päklik ýaly gymmatlyklar jemgyýetçilik ýaşaýşynda ähli zatlardan ileri tutulypdyr. Häzirki döwürde medeniýetleriň arasyndaky ýygjam gatnaşyklaryň netijesinde kem-kemden ähli adamzada mahsus medeni umumylyklar hem-de gymmatlyklar kemala gelýär. Netijede, Gündogar we Günbatar medeniýetleri üçin häsiýetli bolan bu alamatlar şertli häsiýetdedir. Sebäbi Ýewropa medeniýetiniň gazananlary Gündogar ýurtlarynda çuňňur kök urýar, öz gezeginde Ýewropa we Amerika ýurtlaryna hem gündogar medeniýetiniň täsiri güýçlenýär. Häzirki döwürde Aziýada (Hytaýda, Hindistanda, Koreýada, Ýaponiýada we başga ýerlerde) we Afrika ýurtlarynda hristiançylyk, öz gezeginde, Ýewropa we Amerika ýurtlarynda hem musulmançylyk, buddaçylyk, konfusiançylyk, indusçylyk ýaly gymmatlyklar uly ähmiýete eýe bolýar.

**Köpçülikleýin sarp edijiniň medeniýeti.** Önümçiligi artdyrmak we harytlary öndürmek, ýerleşdirmek, sarp etmek industrial-kommersiýa häsiýetine eýe bolýar.

Jemgyýetde diňe bir sosial häsiýet (ýaş, işlilik, etnos) uly ähmiýete eýe bolmak bilen çäklenmän, eýsem sosial gymmatlyklar, şeýle-de sarp edijiniň ýaşaýyş durmuşy, medeniýeti hem aýratyn orny tutýar. Köp jemgyýetlerde sarp edijilik giňeldilýär we zähmete bolan höwes artdyrylýar. Köpçülikleýin sarp edijilikde medeniýet baradaky meseleler ilkinji orunda durýar. Bu bolsa durmuşda üstünlik gazanmaga uly mümkinçilikleri döredýär.

XIX asyrda köpçülikleýin medeniýet köp halklaryň medeniýetinde bolup geçen hadysalary öz içine alyp, ol ylmyň hem-de tehnikanyň ösüşi, köpçülikleýin habar beriş we aragatnaşyk serişdeleriniň ulanylmagy bilen berk baglanyşykda ösdi. Köpçülikleýin medeniýet giň gerimlidir. Adamlar açyşlary edýärler, döredijilik bilen meşgullanýarlar. Olar ýönekeý, baý many-mazmunly we çylşyrymly eserleri döredýärler. Täze tehnologiýalaryň peýda bolmagy hem-de ösmegi medeni gymmatlyklaryň döredilmegine we olaryň ýaýradylmagyna öz täsirini ýetirýär.

Köpçülikleýin medeniýet bilen bir hatarda elitar medeniýet hem bardyr. Elitar medeniýetden başga saýlantgy medeniýet hem bolup biler. Ol saýlanan adamlaryň medeniýeti hökmünde göz öňüne getirilýär. Elitarlyk jemgyýetde adamzat taryhynyň ähli döwürlerinde-de bolupdyr. Elitar, ýokary medeniýetiň subýekti şahsyýetdir, ýagny erkin ýaşamaga, pikirlenmäge we döretmäge ukyply adamdyr. Beýik alymlaryň hem-de akyldarlaryň eserleriniň halk köpçüligine ýetirilip durulmagy ruhy gymmatlyklaryň giňden ýaýradylmagyna öz täsirini ýetirýär.

**Köpçülikleýin habar beriş hem-de aragatnaşyk serişdeleri we olaryň medeniýete täsiri.** Köpçülikleýin habar beriş we aragatnaşyk serişdeleri döwletiň jemgyýetçilik-syýasy we adamlaryň ýaşaýyş durmuşyna, aňyna, şonuň bilen birlikde, syýasy medeniýetiniň hem ýokarlanmagyna öz täsirini ýetirýär. Bu serişdeler daş-töwerekde bolup geçýän wakalar baradaky maglumatlary döwlete we adamlara,

adamdan adama ýetirmäge mümkinçilik berýär. Agzalan serişdeler medeni durmuşyň ýokarlanmagynda, nesilleriň ýaşaýyş durmuşynyň kemala gelmeginde uly orun tutýar.

**Medeniýetdäki akymlar.** Ýewropa medeniýetinde täze döwürde ýüze çykan we häzirki zamanda giňden ýaýran ugurlaryň biri-de moderndçilikdir (modernizm). «Modernizm» adalga hem-de düşünje hökmünde fransuz dilinden gelip çykyp, «täze», «döwrebap» diýen manylary aňladýar. Ol günbatar ylmy edebiýatynda «modern» görnüşinde ulanylýar. Modern XIX asyryň ikinji ýarymynda we XX asyryň ortalarynda ýüze çykan sungatyň çeper ugurlarynyň jemidir. «Modern» adalgasy dürli döwürlerde Belgiýada, Beýik Britaniýada «täze sungat», Awstriýada «Sesseionyň stili», Italiýada bolsa «Libertiniň stili» görnüşlerinde ulanylypdyr.

Modernçilik ähli zada, şonuň bilen birlikde medeniýete we sungata hem öz täsirini ýetirýär. Bu ugur bilen bir hatarda, Ýewropa medeniýetinde impressionizm, ekspressionizm, postimpressionizm, fowizm, kubizm, futurizm diýen ýaly dürli akymlar hem ýüze çykypdyr. Bularyň ählisi XX



Modernizm döwrüniň binagärligi

12. Sargyt № 1755.



Modernizm döwrüniň binagärligi

asyryň birinji ýarymynda Günbatar Ýewropa sungatynda dörän ugurlardyr.

Impressionizm fransuz sözünden gelip çykyp, «yz», «täsir» diýen manylary aňladýar. Ol XIX asyryň ahyrlarynda – XX asyryň başlarynda ýüze çykypdyr. Impressionizm ülňüsi fransuz nakgaşçylygynda XIX asyryň 60–70-nji ýyllarynda ýüze çykypdyr. Şol döwrüň belli suratçylarynyň hatarynda R. Mone, O. Renuar, E. Dega, R. Pissarro, A. Sisleý, B. Morizo ýaly sungat ussatlarynyň atlaryny görkezmek bolar.

«Ekspressionizm» düşünjesiniň aslynda latyn sözi durup, ol «görnüş», «şöhlelendirme» diýen manylary aňladýar. Bu ugur ýewropa sungatynda we edebiýatynda 1905–1920-nji ýyllarda has ösüpdir.

Postimpressionizm XIX–XX asyrlaryň sepgidinde ösen çeper akymlaryň biri bolupdyr. Bu döwürde suratçylar şekillendiriş sungatynda döwre laýyk eserleri tapmaga ymtylypdyrlar. Olarda Günbatar Ýewropa ýurtlarynyň durmuşynyň kyn pursatlary has köp janlandyrylypdyr.

Fowizm fransuz nakgaşlygyndaky akym bolup, 1905–1907-njy ýyllarda ösüpdir. Nakgaşlardan A. Matiss, A. Mar-

ke, Ž. Ruo, A. Deren, R. Dýufi, M. Wlamink dagylar ençeme çeper eserleri döredipdirler. Olar natýurmort, peýzaž, aýyň içki giňişligini şekillendirýän suratlary çekipdirler.

Kubizm hem fransuz sözi bolup, «kub» sözünden ýüze çykypdyr. Bu ugur XX asyryň birinji çärýeginde Fransiýanyň şekillendiriş sungatynda ösüpdir. Onuň görnükli wekillerine P. Pikasso, Ž. Brak, H. Gris ýaly ussatlar degişlidir. Bu ugruň wekilleri eser döredenlerinde öňi bilen kub, konus, silindr ýaly geometrik görnüşlere ýüzlenipdirler.

«Futurizm» sözi latynçadan terjime edilende «geljek» diýen manyny aňladýar. Ol Italiýanyň we Russiýanyň sungatynda dörän ugurdyr. Bu ugur 1910–1920-nji ýyllary öz içine alypdyr. Italiýaly nakgaş U. Boççoni we Ž. Sewereni bu ugurda has öndürijilikli işläpdirler. Edebiýatda futurizm žanrynyň ösmegine W. Hlebnikow, W. Maýakowskiý, A. Kruçenyh, I. Seweryanin ýaly rus ýazyjy-şahyrlary uly goşant goşupdyrlar.

Binagärlikde «moderniçilik» diýen adalga, başgaça «döwrebap binagärlik» görnüşinde-de ulanylýar. Bu döwrüň binagärligine Frenk Lloýd Raýt, Walter Gropius, Ruhard Noýtra, Lýudwig Mis wan Der Roe, Le Korbýuze, Alwar Aalto, Oskar Nimeýer ýaly ussatlar wekilçilik edipdirler.

Moderniçilik ähli zada, şonuň bilen bir hatarda adamlaryň, ösüp gelýän ýaş nesliň dünýägaraýşyna, durmuşyna, şeýle hem edebiýata we medeniýetiň beýleki ugurlaryna öz öwüşginini çaýyp, täze döwrebaplyklary ýüze çykarýar.

**Medeniýetde globallaşmak** halklaryň arasyndaky gatnaşyklaryň giňelmegine öz täsirini ýetirýär. Öňki we häzirkizaman medeniýeti öwrenijiler globallaşmak döwrüne uly üns beripdirler. R. Robertsonyň, P. Bergeriň, E. D. Smitiň, A. Appaduraýyň işlerinde global medeniýet we medeni globallaşmak baradaky konsepsiýalara seredilýär.

**Kommersiýa medeniýeti** adamyň iş gurşawynyň we onuň ýaşaýyş şertleriniň ýokary ösüş derejesidir. Medeniýet

terbiýeliligi, bilimliligi, adamlaryň arasyndaky gatnaşygy we olaryň ruhy dünýäsini häsiýetlendirýär. Kommersiýa medeniýetini alyp barmagyň öz kada-kanunlary bolýar. Kommersiýa medeniýeti içki we daşky medeniýetlerden ybaratdyr. Içki medeniýet kommersiýa degişli hususy edaranyň işgärleriniň arasyndaky gatnaşyklardyr. Sarp edijileriň, alyjylaryň, telekeçileriň we beýlekileriň kommersiýa medeniýetiniň kadalaryny saklamaklary şertdir. Daşky medeniýet diýlende, kommersiýa goşulýan taraplaryň medeniýeti göz öňünde tutulýar.

Kommersiýa boýunça resminamalary ýöretmek, gepleşikleri guramak we alyp barmak üçin ýörite endikler hem-de edep kadalary zerurdyr. Gepleşikleriň netijeli geçmegi üçin halklar ony alyp barmagyň ýerini saýlap alýarlar. Ýurtlaryň käbiri gepleşigi basgançaklar boýunça geçirýärler. Mysal üçin, hytaýlylar gepleşigi basgançaklar boýunça we öýde geçirmegi makul hasaplaýarlar. Fransuzlar meseleli gepleşiklerden gaça durýarlar. Olar mylaýymlygy, salyhatlylygy elden bermeýärler. Ýaponlar dawaly meselelere goşulmaýarlar we anyklygy, takyklygy bilen tapawutlanýarlar. Araplar öz geçmişine, däp-dessurlaryna üns berip, ikitaraplaýyn ynamlylygy berkitmäge çalyşýarlar. Görnüşi ýaly, kommersiýa medeniýeti her bir halkda dürli-dürlüdir.

**Soraglar we ýumuşlar:**

1. Günbatar medeniýeti düşünjesine kesgitleme beriň.
2. Günbatar medeniýeti Gündogar medeniýetinden nähili tapawutlanýar?
3. Siziň pikiriňizçe, köpçülikleýin sarp edijiniň medeniýeti nähili bolmaly?
4. Köpçülikleýin medeniýet näme?
5. Elitar medeniýet näme?
6. Siziň pikiriňizçe, köpçülikleýin habar beriş we kommunikasion serişdeleriniň nähili ähmiýeti bar? Onuň medeniýete täsiri barada aýdyp beriň.
7. Medeniýetdäki akymlary atlandyryň we olara düşündiriş beriň.
8. Globallaşmak medeniýete nähili täsirini ýetirýär?
9. Kommersiýa medeniýetiniň şertleri barada aýdyp beriň.

# 5-nji bap. TÜRKMEN HALKYNYŇ DÜNÝÄ MEDENIÝETINE GOŞAN GOŞANDY

## §31. Türkmenistanyň gadymy we orta asyr döwürleriniň medeniýeti

**Türkmenistanda dörän gadymy siwilizasiýalar.** Türkmen halkynyň döreden medeniýeti Gündogaryň beýik medeniýetleriniň biridir. Bu medeniýet dünýä ak bugdaýy, arabany, halyny, meşhur bedewleri, «Oguznama», «Görogly» ýaly eserleri, Oguz han elipbisini, algebra ylmyny we başgalary beripdir. Iň gadymy döwürlerde ýüze çykan paleolit we mezolit medeniýetleriniň esasynda dörän neolit rewolýusiýasy türkmen topragynda medeni ösüşlere uly itergi berýär, siwilizasiýanyň ilkinji merkezleriniň ýüze çykmagy üçin zerur şertleri döredýär. Türkmenistanyň çäginde şeýle siwilizasiýalaryň ençemesi döräp, olaryň ilkinjisi Altyndepe siwilizasiýasydyr.

Türkmenistanyň häzirki Altyn asyr etrabynyň çäginde ýerleşýän Altyndepe medeniýeti siwilizasiýa bildirilýän ähli talaplara doly gabat gelýär. Bu ýerde siwilizasiýanyň esasy alamatlary hasap edilýän döwlet guramasy, hökümdar, döwlet işgärleri, sosial gatlaklar, dini taglymat, din wekilleri, hat-ýazuwyň alamatlary bolupdyr.

Altyndepe siwilizasiýasynyň möhüm maddy gazananlary düýpli binagärlik sungatynda öz beýanyny tapypdyr. Täsin binalaryň biri-de ybadathanalar toplumyndaky minara – zikkuratdyr. Onuň beýikligi 12 metre, diameri bolsa 28 metre barabar bolupdyr.

Altyndepede amaly-haşam sungaty ösüpdir. Bize gelip ýeten sungat önümi gözellik we täzeçillik garaýyşlarynyň gymmatlyklarydyr. Biziň günlerimize gelip ýeten altyndan, kümüşden, bürünçden, daşdan sünnälenip ýasalan senetçilik we hünärmentçilik önümleri, daşy-içi nagyşlar we suratlar bilen baý bezelen gap-gaçlar, adamlaryň we haýwanlaryň şekilleri, çekilen suratlar, aýratyn hem altyndan ýasalan kiçi göwrümli, kinniwanja öküziň hem-de möjegiň heýkelçeleri görenleri haýran galdyrýar.

Altyndepede hat-ýazuwyň ilkinji alamatlary-da ýüze çykýar. Ilatyň dini garaýyşlarynda köphudaýlylyga uýmak, tebigatyň güýçlerine, Asmana, Aýa, Güne we akar suwa çokunmaklyk däpleri bolupdyr.

**Goňurdepe.** Miladydan öňki III müňýyllykda Murgap derýasynyň aşak akymlarynda özboluşly hem-de ösen Marguş siwilizasiýasy emele gelipdir. Bu döwletiň paýtagty Goňurdepe şäheri bolupdyr. Goňurdepäniň daşyna kuwwatly gala diwarlary aýlanylypdyr. Galanyň içinde merkezi dolandyryş edarasynyň ýerleşen ýeri bolan köşk toplumy, ybadathana we köp otagly ýaşaýyş jaýlary bolupdyr. Goňurdepäniň merkezinde ýerleşen patyşa köşgi ýaly ymarat entek Orta Aziýanyň hiç ýerinde bolmandyr.

Goňurdepelileriň özboluşly çeper medeniýeti bolupdyr. Marguş ýurdunyň ýaşaýjylary şadyýan durmuşy, gözelligi söýüpdirler, owadan hem-de sypaýy geýinmegi halapdyrlar. Olar nepis edilip dokalan matalardan tikilen gelşikli geýimleri geýipdirler. Gyz-gelinler dürli şaý-sepleri dakynypdyrlar.

Bu ýerde senetçilik we hünärmentçilik hem ösüpdir. Zergärler, külallar, demirçi ussalar gymmat bahaly nepis önümleri öndüripdirler, dürli görnüşli möhürleri ýasapdyrlar.

Goňuryň ilaty zoroastrizm, ýagny otparazçylyk dinine uýup, ot hudaýy Ahuramazda sygynypdyrlar.

**Parfiýa medeniýeti.** Antik döwründe Türkmenistanyň çäginde gülläp ösen Parfiýa medeniýeti kemala gelýär. Bu medeniýetiň ýüze çykmagy Parfiýa döwletiniň döremegi bilen baglanyşyklydyr. Miladydan öňki 250-nji ýylda doganlar Ärsak bilen Tridat Parfiýa döwletini esaslandyrýarlar we Parfiýa medeniýetiniň düýbüni tutýarlar. Aşgabadyň golaýyndaky Nusaý şäheri döwletiň paýtagty diýlip yglan edilýär.



Külteginiň şanyna gurlan sütün. VIII asyr

Ösen medeniýetiň merkezi bolan Nusaýda binagärlik, heýkeltaraşlyk, amaly-haşam sungaty ýaly ugurlar uly ösüşlere eýe bolupdyr. Parfiýanyň medeniýeti we sungaty ellinistik hem-de ýerli medeniýetleriň özara sazlaşykly utgaşmagynda kemala gelipdir.

Parfiýada binagärlik sungaty ýokary derejä ýetipdir. Nusaý iki şäherden ybarat bolup, birine Köne Nusaý, beýlekisine bolsa Täze Nusaý diýlipdir. 15 ga meýdany tutýan baýryň üstünde gurlan Köne Nusaýda inedördül köşk ýerleşip, onuň üçegini dört sany kuwwatly sütünler saklap durupdyr. Bu ýerde patyşa köşgi, ybadathana, döwlet diwany, hökümdaryň hazynasy ýerleşipdir. Täze Nusaýda şäher ilaty, senetçiler we söwdagärler ýaşapdyrlar.

Nusaýyň ösen heýkeltaraşlyk sungaty bolupdyr. Beýleki siwilizasiýalardan tapawutlylykda, bu ýerde uly göwrümli heýkeltaraşlyk sungaty ýaýbaňlanypdyr. Olar, esasan, bişirilen toýundan we mermerden ýasalan gözel önümler bolupdyr. Patyşa gyzy Rodogunanyň we ýene bir zenan heýkelleri, köşkleriň diwarlarynyň tekjelerinde goýlan mer-

mer heýkeller, Nusaýyň özüniň ajaýyp sungat eserleri bilen şöhratlanandygyna şaýatlyk edýär.

Bu ýerde nakgaşçylyk sungaty hem ýokary derejejä ýetipdir. Suratçylar görenleri haýran edýän şekilleri döredipdirler. Köşkleriň hem-de ybadathanalaryň içiniň we daşynyň diwar bezegleri keramikadan, çüýşeden, metaldan, toýundan ýasalan önümler bilen bezelipdir. Şirmaýydan edilen ritonlaryň we teňňeleriň ýüzüne çekilen dürli görnüşdäki we mazmundaky suratlar saklanyp galypdyr. Munuň özi şol döwrüň adamlarynyň gözellik dünýäsiniň we dünýägaraýyşlarynyň juda baý bolandygyna şaýatlyk edýär.

Parfiýanyň özüniň ýerli hat-ýazuwy hem bolupdyr. Nusaýlylaryň dini ynançlary otparazlyk bilen baglanyşykly bolup, olar hem edil Altyndepe döwründäki ýaly Güne, Aýa, suwa we ata-babalaryň ruhuna sežde edipdirler.

Türkmen halkynyň gadymy heýkeltaraşlyk, binagärlik sungatlary barada aýdylanda, Bilge Kaganyň we Kültegininiň ruhuna bagyşlanan mazar daşlary, sütünler we ymaratçylyk ýadygärlikleri şu wagta çenli saklanyp galypdyr.


Bilge Kaganyň şanyna gurlan sütün. VIII asyr

**Edebiýat.** Türkmen halkynyň gadymy zamanlarda döreden kyssa eserleri – şadessanlary we dessanlary bolupdyr. Şolardan esasylary «Oguznama» we «Gorkut ata» eserleridir.

«Oguznamada» türkmenleriň gelip çykyşy, türkmen halky bilen dünýä halklarynyň taryhy aýrylmaz baglanyşykda bolandygy, türkmenleriň döreden medeni gymmatlyklary, dünýäniň dürli ýurtlary bilen syýasy, ykdysady, medeni we diplomatik gatnaşyklary alyp barandygy beýan edilýär.

Ata-babalarymyzyň çeper döredijiliginiň miwesi bolan «Gorkut ata» kitaby häzirki wagtda-da öz gadyr-gymmatyny ýitirenok. Onda ahlak medeniýetiniň esaslary bolan ýagşylyk-ýamanlyk, adalatlylyk-adalatsyzlyk, utanç-haýa, borç ýaly düşünjeler açylyp görkezilýär.

«Awesta» kitaby gadymy türkmen edebiýatynyň dünýä belli nusgalarynyň biridir. Bu kitap Gadymy Marguşda Zaratuştra tarapyndan ýazylyp, onda täze dörän zoroastrizm dininiň kada-kanunlary, ynanç esaslary beýan edilipdir. Kitabyň mazmuny dualistik ynançlara, ýagny ýagşylyk bilen ýamanlygyň, ýagtylyk bilen tümlügiň özara göreşine daýanýar. Ýagşylygyň başynda Ahuramazda pygamber, ýamanlygyň başynda bolsa Ahriman durýar. Netijede, adamyň durmuşy hem-de adamy gurşap alan dünýä ýagşylyk bilen ýamanlygyň arasyndaky göreş hökmünde janlandyrylýar. Awestanyň ahlak medeniýetiniň kadalary adamlary ýagşy işlere, ýagşy niýetlere we sagdyn durmuşa çagyrýar.

«Ergenokon» dessany türkmen halkynyň gadymyýetde döreden ajaýyp edebi eserleriniň biridir. Onda türkmen halkynyň gadymy ýaşaýyş-durmuşy we geçmiş taryhy beýan edilýär.

**Saz sungaty.** Türkmen halkynyň juda baý aýdym-saz sungaty bardyr. Bu sungatyň wekilleri gadymy döwürlerden bäri adamy gurşap alan dünýä, adamlaryň içki dünýäsini, begenç-gynanç, söýgi-ýigrenç we mertlik-namartlyk duýgularyny ses, owaz, saz arkaly şöhlelendiripdirler.

Gadymy we orta asyrlarda türkmen aýdym-saz medeniýetiniň gazananlary beýik sazandalar hem-de bagşylar bolan Barbutyň, Baba Gammaryň we Aşyk Aýdyň piriň ady we döredijiligi bilen baglydyr. Barbut meşhur sazanda, kompozitor, şahyr, saz nazaryýetçisi we taryhçysy bolupdyr. Bar bolan maglumatlara görä, ol her gün bir, bir ýylda bolsa 360 mukamdyr aýdymlary döredipdir.

Türkmeniň ady belli bagşylarynyň biri Aşyk Aýdyň pirdir, beýlekisi bolsa Baba Gammardyr. Olaryň durmuş ýol-

lary barada halk gürrüňlerinde, edebi eserlerde baý maglumatlar berilýär. Aşyk Aýdyň piriň durmuş ýoly hakynda «Nejeboglan» dessanynda gürrüň berilýär. Piriň özüniň sazçylyk mekdebi bolup, onda ýaş bagşylar okadylyp terbiýelenipdir. Mekdebe kabul edilende, dalaşgärler kyn synaglardan geçirilipdir.

**Beýik Seljuklar döwletiniň medeniýeti.** Seljuk hökümdarlarynyň alyp baran beýik işleri yslam dininiň we dünýä medeniýetiniň ösmegine, türkmen medeniýetiniň dünýä ýaýramagyna uly täsir edipdir. Seljuklar diňe bir yslam medeniýetini kabul etmek bilen çäklenmän, yslamy gorap saklamagy we musulman medeniýetini ýaýratmagy özleriniň esasy wezipesi edip goýupdyrlar. Bu işde seljukly hökümdarlaryň özleri şu wezipäni amala aşyrmagyň söweşjeň esgerleri hökmünde şahsy görelde görkezipdirler. Şöhratly hökümdar we serkerde Alp Arslan Rumystana we Kawkaz sebitlerine ýörişleri geçirip, şol ýerleri kuwwatly türkmen şadöwletiniň düzümine goşýar. Bu ýerlerde türkmenler ýurt tutunanlaryndan soň, Ýakyn Gündogar ýurtlaryna türkmen we yslam medeniýeti ymykly ýaýraýar.

Seljuklar döwründe dörän gymmatlyklar dünýä medeniýetine goşulan uly goşantdyr. Şol döwürde baý many-mazmunly medeni durmuş emele gelýär, şol durmuş bolsa XII–XIII asyrlarda Wizantiýanyň üsti bilen Ýewropa ýurtlaryna-da aralaşýar.

**Edebiýat, ylym we kitaphanalar.** Asyrlaryň dowamynda türkmen halky baý edebi mirasy kemala getiripdir. Bu edebiýat türkmen diliniň esasynda kemala gelip, onuň ösüşine arap we pars edebiýaty uly täsir edipdir. Çeper edebiýatyň, ösen şygryýetiň mekany soltanlaryň köşklerinde ýerleşipdir. Köşklerde soltanlaryň hemaýatynda atly söz ussatlary işläpdirler. Soltanlaryň özleri-de şahyrçylyk edip, ençeme goşgy-gazallary döredipdirler.

Edebiýat musulman Gündogarynyň ähli ýerlerinde bolşy ýaly, dünýewi we sopuçylyk şygryýetlerine bölünip-

dir. Reşideddin Watwat, Muezzi, Enweri, Mähesti ýaly söz ussatlary köşk şygryýetiniň meşhur wekilleri bolupdyrlar. Jelaleddin Rumy, Nyzamy Genjewi, Hoja Ahmet Ýasawy, Şyh Attar, Mäne Baba – sopuçylyk edebiýatynyň beýik söz ussatlarydyr.

Bu döwürde türki dilli edebiýat hem rowaç alypdyr. Ýusup Balasagunly «Kutadgy bilik» we Mahmyt Kaşgarly «Diwany lugat at-türk» atly ajaýyp eserlerini döredipdirler.

Türkmen edebiýaty XVII–XVIII asyrlarda uly ösüşlere eýe bolýar. Bu döwürde jemgyýetçilik-syýasy pikirler ösüp kämilleşýär. Bu pikirleriň ýokary derejesi beýik türkmen akyldarlary Nurmuhammet Andalybyň, Döwletmämmet Azadynyň, Magtymguly Pyragynyň, Seýdiniň, Mollanepesiň döredijiliginde öz beýanyny tapypdyr.

Andalybyň jemgyýetçilik syýasy pikirlerinde esasy üns medeniýetiň taryhy hakydasyna çekilýär. Şahyryň eserlerinde hakyda bilen unudylyş düşünjeleri açylyp görkezilip, unudylma medeniýetiň ýitirilmegi hökmünde baha berilýär. Andalybyň öňe sürýän pikirine görä, her halk, her bir adam özüniň aslynyň, nesilbaşysynyň kimdigini, aslynyň niredendigini, öz halkynyň adamzat medeniýetine nämeleri berendigini, dünýä medeniýetinden nämeleri alandygyny bilmeli. Aslyny unudan adam medeniýetini ýetiren, hakydasyny saklap galan bolsa, ata-babalarynyň döreden gymmatlyklaryny dowam etdirip ýören hasaplanýar. Şu pikir Andalybyň döreden «Oguznamasynyň» içinden eriş-argaç bolup geçýär.

Andalyp medeniýetiň gelip çykyşy barada gymmatly pikirleri öňe sürüpdir. Onuň pikirine görä, medeniýet diňe aňly-düşünjeli adam peýda bolandan soň, uzak taryhy ýoluň geçilmeginiň dowamynda emele gelipdir. Şahyr medeniýetiň, sungatyň ösmegine tehnikanyň uly täsiriniň bardygyny hem belleýär.

Milli ruhy medeniýeti, aň-düşünjäni ösdürmekde Döwletmämmet Azadynyň hem uly hyzmatlary bardyr.

Akyldaryň «Wagzy–Azat» eserinde ruhy medeniýetiň ähli ugurlaryna degişli düşünjeleriň adamlaryň ruhy-ahlak taýdan kämilleşmegine edýän täsiri dogrusynda giňişleýin durlup geçilýär. Şahyryň: «Salsa ol göwher içige her pakyr, Ýagtylar jümle beden birle damar» diýen setirlerinde ylmyň kämilleşdiriji güýji görkezilýär. Azady terbiýäni ahlak hem-de gözellik medeniýetlerini özleşdirmegiň möhüm serişdesi hasaplaýar. Ol «Ata–ogul» gatnaşyklarynyň esasynda «40 borç» kadasyny işläp düzüpdir.

Magtymguly Pyragynyň dünýä pelsepesiniň genji-hazynasyna öwrülen baý döredijilik mirasy adamzat medeniýetiniň ösüşinde mynasyp orun eýeleýär. Onuň eserleri ensiklopedik häsiýetli bolup, bilimleriň ähli görnüşlerini özünde jemleýär. Magtymgulynyň döwründe türkmen jemgyýetiniň öňünde biri-biri bilen aýrylmaz baglanyşykda bolan üç mesele örboýuna galypdyr: dagynyk halky birleşdirmek, özbaşdak döwlet edinmek hem-de halkyň hal-ýagdaýyny gowulandyrmak.

Bu meseleler döwrüň medeni mazmunyny we ösüş ýoluny kesgitläpdir. Magtymguly şu meseleleri çözmek üçin halkyň asyrlarboýy arzuw edip gelen gymmatlyklaryndan ugur alypdyr we halky bir maksada gönükdirmegiň hereketlendiriji güýji hökmünde täze bir milli ideýany öňe sürüpdir. Bu milli ideýany durmuşa geçirmek maksady bilen, Magtymguly türkmenleriň agzyny birikdirmek, halkyň ykbalyny oýarmak, milli guwanjy döretmek we milleti ýagty geljege ugrukdyrmak üçin öz nazaryýetini işläp düzüpdir.

Akyldaryň eserlerinde şahsyýetiň mazmunlaýyn medeniýeti barada aýdylyp, içki-daşky medeniýetiň manysy düşündirilýär we içki medeniýetiň ilkinjidigi bellenýär. Şahyr şahsy medeniýeti ösdürmekde edebiýata we sungata uly ähmiýet berýär. Mysal üçin, ol kitabyň gudrata ýugrulan güýjüni belläp: «Kitap okan gullar manydan dokdur» diýýär. Bu meselede özara gatnaşygyň, gürrüňdeşligiň we bileleşip işleşmegiň ruhy ösüşe edýän täsiri görkezilýär. Şahyryň

«Kämil tapsaň goý ýolunda başyňny, är ýanynda gezseň är dek bolar sen» diýýän setirleri aýdylanlaryň aýdyň mysalydyr.

XIX asyrda türkmenleriň watanperwerlik medeniýeti serkerde şahyr Seýitnazar Seýdi tarapyndan ösdürilipdir. Şahyr «watanperwerlik» diýip Watany, il-güni, ýurduň geçmişini, gözel tebigaty jan-tenden söýmeklige, merdi-merdanalyga, eziz Watany gözüň göreji deýin gorap saklamaga, gerek bolsa onuň üçin şirin jandan geçilmegine düşünipdir.

Mollanepesiň ýokary ahlaklylyga we gözellige ýugrulan eserleri, türkmenleriň ruhy durmuşynda söýgi medeniýetini ösdürmäge we kämilleşdirmäge bagyşlanypdyr. «Zöhre–Tahyr» dessanynyň mazmunyndan gelip çykýan pikirlere görä, söýgi aşyk-magşuklara ganat berýän kuwwatly güýç, bagt, päk hem-de belent duýgy. Söýgi ajyly-süýjüli zat, onuň gymmaty şundadyr. «Yşk mülküniň şasy» aýdypdyr: «Gözleme jan gözleme, öldürdi eý jan gözleriň, ýok-ýok ýalgan diýdim, müň derde derman gözleriň».

**Tebigy ylymlaryň, bilimleriň we sungatyň ösmegi.** Seljuklar döwründe, ýurtda ylym we bilim ösüp, ýokary derejä ýetipdir. Ylmyň ösmeginde Merw we Köneürgenç şäherleri uly ähmiýete eýe bolupdyrlar. Bu ýerlerde ylmy ojaklar we akademiýalar açylypdyr, olarda dünýä belli alymlar talyplara sapak beripdirler we ylmyň dürli ugurlary boýunça ylmy-barlag işleri alnyp barlypdyr. Döwletiň hökümdarlary ylmyň jemgyýetçilik durmuşyndaky we jemgyýetiň mundan beýläk ösmegindäki, adamlaryň ruhy dünýäsiniň kämilleşmegindäki ähmiýetine göz ýetirip mekdepleri, medreseleri we kitaphanalary gurdurypdyrlar. Ylym-bilim öýlerine zamananyň meşhur alymlary çagyrylyp getirilipdir. Alymlar tebigat, takyk, ynsanperwerlik, filosofiýa, älemşynaslyk we lukmançylyk ylymlary bilen içgin meşgullanypdyrlar. Abu Reýhan al-Biruny (973–1048) şeýle alymlaryň biri bolupdyr. Ol ylymlaryň dürli ugurlary – matematika, astronomiýa, mineralogiýa, geografiýa, filosofiýa

ýaly ylymlary öwrenmek bilen meşgullanypdyr. Ol «Hindistan» atly meşhur kitabynda Hindistanyň haýwanat we ösümlikler dünýäsi, hindileriň taryhy we etnografiýasy, «Mineralogiýada» bolsa metallaryň hem-de minerallaryň görnüşleri, olaryň halk hojalygynda peýdalanyşy barada gymmatly maglumatlar berilýär.

Beýik akyldar Abu Nasr al-Faraby (870–950) adamzadyň ruhy medeniýetiniň ösmeginde uly işleri bitiripdir. Ol tebigat we takyk ylymlarynyň ähli ugurlary we grek filosofiýasy bilen gyzyklanypdyr. Filosofiýada beýik grek akyldary Aristoteliň çylşyrymly, düşünmesi juda kyn işlerine teswir ýazyp, olary jemgyýet üçin elýeterli edipdir. Al-Faraby ynsanperwerlik ylymlaryna degişli eserlerinde döwlet, onuň gelip çykyşy, hökümdarlygyň ahlagy, aýdym-saz medeniýeti, esasan hem, ahlak medeniýeti meselelerine uly üns beripdir.

Beýik lukman, akyldar hem-de filosof Abu Aly Ibn Sina (980–1037) dünýä medeniýetiniň taryhynda uly yz galdyrypdyr. Onuň döreden 50-den gowrak kitaplarynyň iň meşhury «Tebipçilik ylmynyň kanuny» kitabydyr. Meşhur alymyň logika, matematika, fizika degişli meseleleri içine alýan «Gutulyş kitaby» ähmiýetli eserleriň biridir. Alymyň ençeme işleri nazary meselelere degişlidir.

**Kitap we kitaphanalar işi.** Asyrlaryň dowamynda döredilýän medeni gymmatlyklar saklanylmaga we ýaýradylmaga degişlidir. Şu wezipe bilen gadymy hem-de orta asyrlarda kitaphanalar meşgullanypdyrlar. Şonuň üçin ylmyň, magaryfyň ösmeginde we alyş-çalyş edilmeginde medeniýetiň gazananlaryny özünde saklaýan hem-de ýaýradýan kitaphanalaryň ähmiýeti örän uly bolupdyr. Hökümdarlar medeni edaralaryň şu pudagyna aýratyn uly üns beripdirler. Bu işde soltanlaryň, wezirleriň we barjamly begzadalaryň özleri şahsy görelde görkezip, öz hasaplaryna döwletiň dürli şäherlerinde köp sanly kitaphanalary açypdyrlar. Türkmenistanyň Merw, Köneürgenç, Sarahs,

Nusaý, Abiwerd ýaly iri şäherlerinde ýany kitaphanaly metjitler, medreseler salnyp, olar kitaplar, golýazmalar bilen üpjün edilipdir. Emma bu şäherleriň hiç birinde-de Merwiňki ýaly, taýsyz kitaphanasy bolmandyr. Merwde 10-dan hem gowrak kitaphanalar bolup, olar halkara ähmiýete eýe bolupdyrlar. Bu kitaphanalara dünýäniň iň meşhur alymlary gelip, özleriniň ýazýan ylmy işleri üçin maglumatlary toplapdyrlar. Türkmenistanyň möhüm ylym-bilim we medeniýet merkezleriniň biri bolan Köneürgençde hem köp sanly kitaphanalar işläpdirler.

**Beýik Ýüpek ýolunyň esasy söwda we medeni merkezleri.** Medeniýetiň ösmeginde we kämilleşmeginde özara medeni alyş-çalşyň örän uly ähmiýeti bolupdyr. Medeni alyş-çalyş halkara gatnawynyň we söwda ýollarynyň ýüze çykmagy bilen has-da güýçlenýär. Beýik Ýüpek ýolunyň ýüze çykmagy, onuň orta asyrlarda has uly ähmiýete eýe bolmagy bilen, Gündogar bilen Günbataryň arasyndaky medeni gatnaşyklar ýygjamlaşýar. Gadymdan gelýän bu ýol Hytaýy Alynky Aziýa we Ýewropa ýurtlary bilen birleşdiripdir. Türkmenistanyň çäginde Ýüpek ýoly Merw, Köneürgenç, Sarahs, Amul, Abywerd, Nusaý ýaly merkezi şäherleriň üstünden geçipdir. Bezirgenlerdir täjirleriň gidip-gelip duran bu halkara ýoly syýasy, ykdysady, diplomatik, medeni gatnaşyklar üçin giň mümkinçilikleri döredipdir, halklary biri-birine ýakynlaşdyrypdyr we ysnyşdyrypdyr.

Beýik Ýüpek ýolunyň ykdysady ähmiýetiniň bolşy ýaly, ol medeni taýdan hem juda wajyp bolupdyr. Ýoluň ugrundaky şäherleriň kerwensaraýlarynda düşläp geçýän sowdagärler diňe bir öz harytlaryny satmak ýa-da ýerli harytlary satyn almak bilen çäklenmän, medeniýeti hem ýaýradypdyrlar. Hut täjirleriň, gezende syýahatçylaryň, zyýaratçylaryň hyzmaty bilen adamzadyň gazananlary dünýäniň ähli sebitlerine diýen ýaly ýaýrapdyr.

**Orta asyrlarda Merwiň, Köneürgenjiň we Dehistanyň binagärlik sungatynyň aýratynlyklary.** Seljuklar

döwrüniň maddy medeniýetiniň esasy daýanjy düýpli binagärlik sungaty bolupdyr. Esasy üns şäher binagärligine berlip, galalar, patyşalaryň köşkleri, metjitler, medreseler, kümmetler, hammamlar, kerwensaraýlar we dürli görnüşdäki ýaşaýyş jaýlary salnypdyr, kerwen ýollary çekilipdir. Şeýle binalaryň hatarynda Ýolötendäki Talhatanbaba, Dehistandaky Maşatbaba metjitlerini, Kaka etrabyndaky Mänebaba hem-de Sarahs etrabyndaky Sarahsbaba kümmetlerini görkezmek bolar. Şol döwürler Sarahsda ýerli binagärlik mekdebi hereket edipdir.

Binagärlik sungatynyň has ösen ýeri Merw topragydyr. Merw diňe bir medeniýetiň, ylymdyr magaryfyň ösen ýeri bolman, eýsem binagärlik sungatynyň, onuň nazary bilimleriniň hem ösen ýeri bolupdyr. Merwde Sarahsly binagärleriň uly topary işläp, olar dürli ýyllarda ençeme ymaratlary gurupdyrlar. Gurluşyk işleri binagärligiň nazaryýeti bilen utgaşykly alnyp barlypdyr. Merwiň iň görnükli binalarynyň biri sarahsly meşhur binagär Muhammet Atsyzyň guran Soltan Sanjaryň mawzoleýidir. Merwiň nyşanyna öwrülen bu binanyň mawy gümmezi alyslardan görnüp durupdyr.

Horezmşalar döwründe şäher gurluşygyna, binagärlik estetikasyna uly üns berlipdir. Binalar nagyşlanan bişen kerpiçlerden gurlupdyr, metjitleriň medreseleriň, kümmetleriň gümmezleri mawy syrça bilen bezelipdir. Şeýle ajap desgalaryň hatarynda Tekeşiň, Il Arslanyň, Törebeg hanymyň kümmetlerini mysal hökmünde görkezmek bolar.

Maşat-Misseriandaky Dehistan şäherinde hem giň gerimli gurluşyk işleri alnyp barlypdyr. Dehistanda gözel minaralar, metjitler we kümmetler salnypdyr. Dehistanda amaly-haşam sungaty gülläp ösüpdir. Ýüzüne suratlar we owadan nagyşlar çekilen kümüş tabaklar bu ýerde amaly-haşam sungatynyň ýokary derejede ösendigine şaýatlyk edýär.

Türkmenistanyň orta asyr binagärçilik sungatynda musulman ymaratçylygy üçin ýoň bolan gurluşyk tilsimleri we

ülňüleri aýdyň duýulýar. Muňa Änewdäki Seýit Jemaleddin metjidiniň gurluşy bilen tanşylanda göz ýetirmek bolýar. Binanyň gurluşygynda bişen kerpiç we syrça köpçülikleýin ulanylypdyr. Metjidiň özboluşly çeperçilik bilen bezelen baş girelgesi bolan peştak demirgazyk tarapa bakdyrylyp gurlupdyr. Peştagyň ýüzünde iki sany äpet aždarhanyň şekili ýerleşdirilipdir. Metjidiň mähraby günorta diwarda ýerleşip, onuň diwarlarynyň ýüzüne insizje tagçalar salnypdyr.

**Soraglar we ýumuşlar:**

1. Türkmenistanda haýsy gadymy siwilizasiýalar döräpdir?
2. Edebiýatda haýsy eserler haýsy medeniýetleriň ösmeginde uly orun tutupdyr?
3. Saz sungatynyň meşhur wekillerini atlandyryň we olar nähili işleri bitiripdirler?
4. Beýik Seljuklar döwrüniň edebiýatynyň, ylmynyň ösüşi barada aýdyp beriň. Meşhur şahyrlary we olaryň eserlerini atlandyryň.
5. Kitaphanalaryň ylmyň ösmeginde nähili ähmiýeti bolupdyr?
6. Orta asyr döwrüniň beýik alymlary kimler we olar nähili işleri bitiripdirler?
7. Orta asyr döwrüniň binagärlik sungaty we olaryň özboluşlylygy barada pikirleriňizi beýan ediň.
8. Beýik Ýüpek ýoly dünýä medeniýetiniň ösmegine nähili täsir edipdir?
9. Seýit Jemaleddin metjidi barada nähili maglumatlary bilýärsiňiz?

## §32. Garaşsyz Türkmenistanyň medeniýeti

**«Medeniýet hakynda» Türkmenistanyň Kanunynyň kabul edilmegi.** Türkmenistanda ynsanperwerlik ylymlarynyň arasynda medeniýeti öwreniş ylmyna – medeniýetiň nazaryýetine, taryhyna, esasan-da Garaşsyzlyk döwrüniň medeniýetine aýratyn orun degişlidir. Berkarar döwletiň bagtyýarlyk döwründe türkmen ylmynyň öňünde halkymyzyň milli ruhuny gaýtadan dikeltmek, Garaşsyz Türkmenistanyň halkynyň milli medeniýetini dünýä medeniýeti bilen baglanyşdyryp öwrenmek we-

13. Sargyt № 1755.

zipeleri durýar. Garaşsyz döwletimiziň medeniýeti halkara gatnaşyklarynda hem uly orun tutýar. Halkara gatnaşyklary taryhy-medeni mirasyň baýlaşmagyna, sungat önümleriniň alyş-çalyş edilmegine, milli sungatyň ösmegine ýardam berýär. Türkmenistanyň Prezidenti Gurbanguly Berdimuhamedowyň tagallasy bilen 2010-njy ýylyň 12-nji martynda «Medeniýet hakynda» Türkmenistanyň Kanuny kabul edildi. Garaşsyzlyk medeniýetini ösdürmekde döwlet şol Kanuna esaslanýar. Galyberse-de, her bir gözellik taglymaty ýaly, Garaşsyzlyk, Galkynyş medeniýeti hem akyl ýetirijilik, çelgi berijilik, terbiýeçilik wezipelerini ýerine ýetirýär. Akyl ýetirijilik wezipesi gözellik bilimini baýlaşdyryp, gözelligi saýgarmagy, adamlarda watanperwerlik, ynsanperwerlik duýgularyny gözelleşdirmegi, sungatyň kyn we çylşyrymly meselelerinden baş alyp çykmagy öwredýär.

**Taryhy-medeni ýadygärlikleriň, medeni mirasyň goralmagy we dikeldilmegi.** Taryhy gymmatlyklarymyz bolan medeni ýadygärliklerimizi, medeni mirasymyzy gorap saklamak we dikeltmek boýunça ýurdumyzda köp işler alnyp barylýar. Bu babatda 2012-nji ýylyň 19-njy oktýabrynda «Milli taryhy-medeni mirasyň obýektlerini goramak hakynda» Türkmenistanyň Kanuny kabul edildi. Türkmenistan döwletimiz taryhy-medeni mirasa baý ýurt bolup durýar. Ony Jeýtundan, Altyndepeden, Marguşdan, Merwden, Köneürgençden, Nusaýdan arheologiki gazuw-agtaryş işleriniň gidişinde ýüze çykarylan artefaktlar – owadan nagyşlar bilen bezelen gap-çanaklar, täsin wazalar, gipsiň, diwarlaryň ýüzüne çekilen adam portretleri, haýwanlaryň keşpleri, uly we kiçi göwrümli monumental heýkeller we heýkelçeler hem tassyklaýar.

Türkmen taryhçylarynyň öňünde türkmen halkynyň hakyky taryhyny düýpli öwrenmek, dünýä belli taryhy-medeni ýadygärliklerimizi dünýä ýaýmak, arheologiýa we etnografiýa ylymlaryna üns bermek, taryhy ýadygärliklerimizi dikeltmek meselesi durýar we bu babatda alymlarymyz uly

işleri bitirýärler. Türkmenistanyň Ylymlar akademiýasynyň Arheologiýa we etnografiýa instituty hem-de Taryh instituty, döwlet taryhy-medeni goraghanalar ýadygärlikleri gorap saklamak we dikeltmek işleri bilen meşgul bolýarlar. Merwiň, Köneürgenjiň, Nusaýyň ýadygärlikler toplumlary ÝUNESKO-nyň Bütindünýä mirasynyň sanawyna girizildi, häzir olar halkara Konwensiýasy esasynda gorap saklanylýar.

Garaşsyz Türkmenistanyň dünýä ýurtlary bien diplomatik gatnaşyklary ýola goýmagynyň medeni mirasymyzyň dikeldilmeginde has-da uly ähmiýeti bardyr. Häzirki döwürde döwlet tarapyndan türkmen edebiýatçylaryny, taryhçylaryny, alymlaryny türkmen medeniýetine degişli kitaplary, golýazmalary, maglumatlary gözlemäge, toplamaga we almaga ibermek ýola goýuldy. Döwletimiziň aladalary özüniň oňyn netijesini berdi. Günbatar Ýewropa ýurtlaryndan, Hytaýdan, Hindistandan, Türkiýeden, Eýrandan we beýleki ýurtlardan türkmen medeniýetine degişli tapylyp alynýan kitaplar, golýazmalar, eserler, maglumatlar Türkmenistanda çap edilip çykaryldy, halk köpçüligine ýetirildi, ylmy-barlag işlerini alyp barmakda peýdalanyldy. Bularyň hemmesi medeni mirasymyzyň dikeldilmeginde aýratyn orun tutýar.

Türkmen milletiniň we tutuş adamzadyň guwanjyna öwrülen Magtymguly Pyragynyň baý döredijilik mirasy türkmen halkynyň ruhy gymmatlygynyň, asyrlaryň jümmüşinden gözbaş alýan medeniýetiniň bir bölegidir.

**Monumental binagärlik we heýkeltaraşlyk sungaty.** Geçmişde bolşy ýaly, Garaşsyzlyk sungatynda hem ösüp, arşa çykan pudak binagärlik sungatydyr. Garaşsyzlyk döwrüniň binägärlik sungaty düzümi boýunça raýatlyk, jemgyýetçilik, önümçilik-tehniki we dini-ymaratçylyk gurluşygy görnüşlerine bölünip, ol milli binagärlik mekdebiniň esasynda ösýär. Garaşsyzlyk binagärliginiň aýratynlygy – ozalky lenç edilen nusga boýunça salnan göýdük, görnüksiz gapyrjaklardan, köçeleri biri-birinden

tapawutlandyrylyp bolmaýan gurluşyklardan el çekilip, milli binagärlige esaslanyp köşgi-eýwanly, çar bagly, üsti gümmezli, biri-birinden tapawutly owadan ymaratçylyk sungatyna geçirilmegidir. Şundan ugur alnyp, dünýä derejesindäki desgalar, seýilgähler, çüwdürimler gurulýar. Baş arhitektor – hormatly Prezidentimiziň başda durmagy bilen, binagärligi taýdan görenleri aňk edýän döwrebap, hemmetaraplaýyn oňaýly ymaratlar gurulýar. Şol täsinlige Maslahatlar köşgi, Döwlet muzeýi, «Oguz han» köşkler toplumy, «Bagt köşgi», Bäş ýyldyzly gözel myhmanhanalar, edaralardyr kärhanalar, banklar, söwda merkezleri we beýleki binalar girýärler.

Hormatly Prezidentimiziň paýtagt şäher Aşgabady Gündogaryň iň owadan şäherine öwürmek tagallasy üstünlikli amala aşýar. Çägi boýunça ozalky paýtagtymyzdan ençeme esse giňelen Aşgabat indi tebigy-howa we seýsmiki şertleriň talabyna laýyk edilip gurulýar.

Berkarar döwletiň bagtyýarlyk döwründe çeper medeniýetiň pajarlap ösen beýleki bir pudagy heýkeltaraşlyk sungatydyr. Döwletimizde şäherimizi, obalarymyzy gözelleşdirmek üçin giň gerimli maksatnamalar işlenilip düzüldi. Maksatnamalarda bellenen çäreleri amala aşyrmakda şekillendiriş sungatymyzyň wekilleriniň, esasan-da, heýkelçi ussalarymyzyň paýyna ýokary jogapkärçilikli wezipe düşdi.

Türkmenistanyň Prezidentiniň Watanymyzyň, halkymyzyň abadançylygyny artdyrjak, ýokary aň-düşünjeli, sagdyn bedenli, ahlak taýdan durnukly raýatlary, esasan-da ýaş ösdürimleri kemala getirip biljek eserleri döretmäge gönükdirilen çagyryşyna seslenip, türkmen heýkeltaraşlary özboluşly, milli äheňli ajap heýkelleri döretdiler. Meşhur heýkeltaraşlar B. Annamyradowyň, M. Ataýewanyň, J. Jumadurdynyň, M. Seýitmyradowyň, D. Annamämmedowyň, S. Babaýewiň, H. Annaýewiň, G. Ýarlyýewiň we ençeme beýleki heýkeltaraşlaryň ýasan

täsin heýkelleriniň ençemesi obalarymyzda, şäherlerimizde, ylaýta-da, paýtagtymyz Aşgabatda oturdyldy. Sungatda millilikden ugur alýan heýkeltaraşlarymyzy medeni miras meselesi has ýakyndan gyzyklandyrýar. Olaryň tagallasy bilen, geçmişdäki beýik taryhy şahslarymyzyň hemmesiniň keşpleri monumental ýadygärliklerde beýanyny tapdy.

**Landşaft sungaty (bag seýilgähi).** Adam özüniň gündelik zähmeti, aňly-düşünjeli we döredijilikli hereketi bilen tebigata uly täsir ýetirýär. Şol täsirleriň biri medeni landşaftdyr – özgerdilen tebigatdyr. Medeni landşaft iki agrosfera we tehnosfera görnüşlerine bölünip, olaryň birinjisi janly tebigatyň (ekin meýdanlary, bagy-bossanlyklar, öri meýdanlar, mal bakylýan ýerler, balyk hojalyklary) özgermegine täsir edýän bolsa, ikinjisi jansyz tebigatyň (şäherleriň, obalaryň, binalaryň, köprüleriň, mehanizmleriň we başgalaryň) döremegine ýardam edýär.

Garaşsyzlyk aňyýeti landşaft binagärliginde özüniň ajaýyp beýanyny tapdy. Türkmenistanda diňe soňky ýigrimi ýyldan gowrak wagtyň dowamynda tebigaty özleşdirmekde görlüp-eşidilmedik üstünliklere eýe bolundy. Aşgabat bütin Orta Aziýanyň iň gözel şäherine öwrüldi, ýurtda ençeme täze şäherçeler guruldy, ozalkylaryň durky tanalmaz ýaly özgerdildi, dürli senagat kärhanalary peýda boldy, ekin ýerleri açyldy we özleşdirildi, suw howdanlary guruldy, oba hojalygy gülläp ösdi. Şunuň netijesinde emele gelen medeni landşaft Türkmenistanyň ähli ýerlerini gurşap aldy. Şäherleriň merkezini äpet gök köşgi ýada salýan bag-bakjaly seýilgähler tutýar. Aýratyn hem Aşgabadyň seýilgähleri täsindir. Şäheriň seýilgählerindäki gül aýmançalary, täsin daragtlar, pyýada ýodajyklar, «gök halylar» çemenlikleri, ýokardan aşak inýän, aşakdan asmana pürkýän onlarça reňkli suw çüwdürimleri, täsin serhowuzlar, mermer güldanlar, dynç alyş ýerleri, dürli ýerlerde oturdylan heýkeller toplumy görenleri haýran edýär. Oguz hanyň, Gorkut atanyň, Alp Arslanyň, Baýram hanyň, Magtymgulynyň we

beýleki şahsyýetlerimiziň şanyna döredilen heýkeller öz dabaralylygy bilen tapawutlanýar.

**Milli sazly-drama teatr sungatynyň we beýleki sungatlaryň görnüşleriniň ösmegi.** Durmuşyň gözelliklerini inçelik bilen wasp edýän milli sazly-drama teatr sungatymyz gülläp ösýär. Teatrlarymyzda adamlaryň häsiýetleri, durmuş ýagdaýlary, gözelligi, beýikligi ussat artistlerimiz tarapyndan janlandyrylyp, çeper söz, aýdym-saz, tans bezegleri bilen halka ýetirilýär. Teatrlar türkmeniň gahrymançylykly geçmişini, häzirki döredijilik durmuşyny görkezýän ençeme täze eserleri döredýärler we sahnalaşdyrýarlar. Türkmen režissýorlarynyň «Jan», «Däli Domrul», «Oguz han», «Gala», «Jelaleddin», «Türkmenname» spektakllary Garaşsyzlyk ýyllarynyň naýbaşy eserleri bolup, türkmen teatryny dünýä meşhur etdi.

Häzirki zaman çeper höwesjeňler sungaty özüniň görnüşleri, žanrlary, mazmuny bilen tapawutlanyp, hakyky demokratik häsiýete eýe boldy. Indi halk sungaty, folklor eserleri diňe bir ýurduň içinde däl-de, dürli ýurtlaryň sahnalarynda ajaýyp çykyşlary görkezip, ýurduň daşynda-da şan-şöhrata eýe boldy.

Halk döredijiliginiň ösüp, iň ýokary derejä çykan görnüşi halk teatrlarydyr. Halk teatrlary professional teatrlaryň entek ýok ýerleri bolan obalarda, şäherlerde döredilýär. Halk teatrlary, esasan, halk drama teatry, gurjak teatry we sirk toparlary görnüşinde işleýärler. Medeniýet öýlerinde halk teatrlarynyň aktýorlary tarapyndan sahna ussatlygynyň esaslarynda sahna dilinden, hereket we grim boýunça okuw sapaklary geçirilýär.

Halk teatrlary öz spektakllary we konsert toparlary bilen ýerlerdäki tomaşaçylary teatr sungaty bilen tanyşdyrýarlar, olaryň gözýetimini giňeldýärler, jemgyýetçilik işjeňligini ösdürýärler. Halk teatrlary tomaşaçylaryň ruhy medeniýetini, etiki, estetiki, syýasy garaýyşlaryny

baýlaşdyrmak üçin özleriniň professional ussatlyklaryny gaýgyrmaýarlar.

Halk teatrlarynyň işiniň has-da gowulanmagyna, artistleriň tejribeleriniň artmagyna, ussatlyklarynyň kämilleşmegine ýerlerde we ýurt boýunça geçirilýän dürli görnüşdäki hem-de mazmundaky bäsleşikleriň uly ähmiýeti bardyr.

2014-nji ýylyň aprel aýynda ýurdumyzda «Bagtyýarlyk döwrüniň teatr sungaty» atly II halkara festiwaly geçirilip, oňa dünýäniň dürli ýerlerinden teatr ugruna degişli adamlar gatnaşdylar. «Bu möhüm çäre sungat ulgamynyň teatr ugruny kämilleşdirmekde, özara tejribe alyşmakda, döredijilik işgärlerini dostlaşdyrmakda uly hyzmatlary bilen teatr dünýäsinde täze sahypany açdy» diýip, medeniýeti öwrenijiler uly baha berdiler.

Berkarar döwletiň bagtyýarlyk döwründe milli sungatlarymyz bolan halyçylygyň, zergärligiň ösmegine hem uly mümkinçilikler döredilýär.

**Soraglar we ýumuşlar:**

1. «Medeniýet hakynda» Türkmenistanyň Kanuny haçan kabul edildi we onuň medeniýeti ösdürmekde nähili ähmiýeti bar?
2. «Milli taryhy-medeni mirasyň obýektlerini goramak hakynda» Türkmenistanyň Kanuny haçan kabul edildi?
3. Ýurdumyzyň monumental binagärlik ýadygärliklerini atlandyryň.
4. Heýkeltaraşlyk sungatynyň wekillerini atlandyryň.
5. Landşaft sungatynyň ösmegine döwletimiz nähili ähmiýet berýär?
6. Häzirki döwürde teatr sungaty nähili ösdürilýär?
7. «Berkarar döwletiň bagtyýarlyk döwründe teatr sungatynyň ösüşi» diýen tema boýunça çykyş taýýarlaň.

# MAZMUNY


Giriş ... 7

**1-nji bap. Medeniýet**

§1. Medeniýet ... 11
§2. Medeniýet (dowamy) ... 15
§3. Maddy we ruhy medeniýet ... 20
§4. Medeni gymmatlyklar we kadalar ... 24
§5. Medeni gymmatlyklar we kadalar (dowamy) ... 29
§6. Medeniýetiň sosial wezipeleri ... 32

**2-nji bap. Dünýä halklarynyň gadymy medeniýeti**

§7. Medeniýetiň çeşmeleri ... 37
§8. Sungat ... 41
§9. Gadymy Müsür medeniýeti ... 49
§10. Gadymy Müsür sungatynyň we medeniýetiniň gülläp ösmegi ... 54
§11. Mesopotamiýa medeniýeti ... 60
§12. Mesopotamiýa medeniýeti (dowamy) ... 66
§13. Gadymy Eýran medeniýeti ... 72
§14. Zoroastrizm dünýägaraýyş hökmünde ... 76
§15. Hytaý medeniýeti ... 78
§16. Hytaýyň binagärligi we şekillendiriş sungaty ... 84
§17. Gadymy Hindistanyň medeniýeti ... 90
§18. Gadymy Hindistanyň medeniýeti (dowamy) ... 93
§19. Gadymy grek medeniýeti ... 99
§20. Gadymy grek medeniýeti (dowamy) ... 105
§21. Gadymy rimlileriň medeniýeti ... 111
§22. Gadymy rimlileriň medeniýeti (dowamy) ... 115

**3-nji bap. Musulman medeniýeti**

§23. Musulman medeniýetiniň kemala gelmegi ... 123

**4-nji bap. Ýewropa medeniýeti**

§24. Orta asyrlar Ýewropa medeniýeti ... 134
§25. Ýewropada Gaýtadan döreýiş (Renessans) medeniýeti ... 145
§26. Germaniýada, Gollandiýada we Angliýada Gaýatadan döreýiş döwrüniň medeniýeti ... 151
§27. Fransiýada we Ispaniýada Gaýtadan döreýiş medeniýeti. Barokko ... 157
§28. Täze döwrüň Günbatar Ýewropa medeniýeti ... 162
§29. Çeper medeniýet ... 170
§30. Ýewropa medeniýeti industrial döwürde ... 174

**5-nji bap. Türkmen halkynyň dünýä medeniýetine goşan goşandy**

§31. Türkmenistanyň gadymy we orta asyr döwürleriniň medeniýeti ... 181
§32. Garaşsyz Türkmenistanyň medeniýeti ... 193